**Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasy**

# Modul 2

# Ösüş maksatlary üçin IKT syýasaty, prosesleri we dolandyryş

Emmanuel S.Lallana

*APCICT* ÖSÜŞ ÜÇIN INFORMASIÝA WE KOMMUNIKASIÝA TEHNOLOGIÝALARY BOÝUNÇA AZIÝA–ÝUWAŞ OKEAN OKUW MERKEZI

IKT Akademiýasynyň döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin modullarynyň tapgyry

## Modul2: Ösüş maksatlary üçin IKT syýasaty, prosesleri we dolandyryş

Bu iş Creative Commons Attribution 3.0. ygtyýarnamasy boýunça goýberildi. Ygtyýarnamanyň nusgasy http://creativecommons.org.icenses/by/3.0/ salgy boýunça elýeterlidir.

Bu çap edilişde beýan edilen pikirler, suratlar we bahalandyrmalar boýunça jogapkärçilik awtorlardadyr, hem-de olar hökmany ýagdaýda Birleşen Milletler Guramasynyň makullan nukdaýnazary ýa-da materiallary hökmünde seredilmeli däldir.

Bu çap edilişdäki ulanylýan belgilemeler we materialy beýan ediş ol ýa-da beýleki ýurduň, territoriýalaryň, şäheriň ýa-da etrabyň, ýa-da olaryň administrasiýasynyň, ýa-da olaryň serhetleriniň delimitasiýasynyň hukuk statusy barada Birleşen Milletler Guramasynyň Sekretariatynyň adyndan haýsy hem bolsa bir pikiri aňlatmagy göz öňünde tutmaýarlar.

Firmalaryň ýa-da kommersiýa önümleriniň atlarynyň ýatlanylmagy olaryň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan makullanylmagyny aňlatmaýar.

Ösüş üçin Informasiýa we Kommunikasiýa Tehnologiýalary boýunça
Aziýa-Yuwaş okean okuw Merkezi (UN–APCICT)
Bonbudong, 3-nji gat, Songdo Tehniki Parky,
7-50 Songdo-dong, Yeonsu-gu, Inçeon şäheri,
Koreýa Respublikasy

Telefon: +82 32 245 1799-02
Faks: +82 32 245 7712
Elektron poçta: info@unapcict.org
http://www.unapcict.org

Copyright © UN –APCICT 2009

ISBN:

Dizaýn we sahaplama:
Çap edildi:

# DÖWLET DOLANDYRYŞYNYŇ LIDERLERI ÜÇIN IKT AKADEMIÝASYNYŇ MODULLARYNYŇ TAPGYRYNA SÖZBAŞY

21-nji asyr globallaşýan dünýäde adamlaryň artýan özara baglanyşygy bilen häsiýetlenýär. Bu adamlaryň durmuşyny ymykly gowulandyryp we garyplygy azaltmaga hemaýat berip biljek täze tehnologiýalaryň, zerur maglumatlara we bilimlere elýeterliligiň giňeldilmeginiň kömegi bilen adamlaryň millionlary üçin mümkinçilikler açylýan dünýädir. Emma bu diňe eger-de ösýän özara baglanyşyk gymmatlyklaryň alyş-çalşygy, progresiň ähli halklara gulluk edýän ähIumumy we durnukly ösüş üçin eýerjeňlik we raýdaşlygy bilen ugurdaş alnyp barlan ýagdaýynda mümkindir.

Informasion–kommunikasion tehnologiýalaryň (IKT) ösüşi babatynda soňky ýyllarda Aziýa we Ýuwaş okean "üýtgeşik ýokary derejede sebit" boldular. Halkara elektriki aragatnaşyk Birleşiginiň maglumatlaryna görä sebitde fiksirlenen aragatnaşygyň müşderileriniň 2 milliarddan köprägi we mobil aragatnaşygyna ýazylanlaryň 1,4 milliarddan köprägi ýaşaýar. 2008-nji ýylyň ortasynda diňe Hytaýda we Hindistanda dünýäniň mobil telefonlarynyň dörtden biri bar diýlip hasaplanyldy. Aziýa – Ýuwaş okean sebitine dünýäniň Internet ulanyjylarynyň 40 göterimi düşýär we dünýäniň möçberinde 39 göterim paý bilen giň zolakly Internediň dünýäde iň uly bazary bardyr.

Çalt tehniki progresiň fonunda köpler sifrleýin deňsizligi aradan aýyrmagyň mümkinçiligi barada soragy özlerine berdiler. Gynansak hem, bu soraga jogap – häzire çenli "entek ýok". Hat-da Ženewada 2003-nji ýylda bolup geçen informasion jemgyýetiň soraglary boýunça ýokary derejedäki Bütindünýä duşuşygyndan (IJSÝDBD) bäş ýyl geçeninden soňra hem-de ähli täsir galdyryjy tehnologiki üstünliklere we sebitdäki esasy oýunçylaryň borçnamalaryna garamazdan, aragatnaşygyň esasy serişdeleri entek hem adamlaryň agdyklyk ediji, aýratyn hem garyplaryň elýeterliliginden daşda bolmagyna galýarlar.

Sebitiň 25 ýurdundan gowuragynda, esasan hem, adalarda ýerleşýän uly bolmadyk döwletlerde we deňze çykalgasy bolmadyk ösýän ýurtlarda 100 adama Internedi ulanyjylardan 10-dan azy düşýär, hem-de bu ulanyjylar, esasan, uly şäherlerde toplanandyrlar, şol bir wagtda bolsa sebitdäki käbir ösen ýurtlar 100 adama Internedi ulanyjylaryň 80-den gowragyna eýedirler. Giň zolakly Internet bilen üpjün edilişde ösen we ösýän ýurtlar bilen aradaky tapawut has-da täsir galdyryjydyr.

Sifrleýin deňsizligi ýeňip geçmek maksatlary bilen we sebitde ähIumumy sosial-ykdysady ösüş üçin IKT-iň potensialyny durmuşa geçirmek boýunça ösýän

ýurtlarda syýasaty işläp düzüjilere öňe sürülýän meseleleri kesgitlemek, syýasaty kabul etmek, kadalaşdyryjy-hukuk esaslary işläp düzmek, maliýe serişdelerini bölüp bermek, hem-de bolsa IKT-senagatynyň pudagynyň we öz raýatlarynyň arasynda IKT ugrunda endikleriň ösüşine hemaýat berýän hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna ýardam bermek gerekdir.

Hereketleriň IJSÝDBD meýilnamasynda "... her adam informasion jemgyýetiň we bilimler ykdysadyýetiniň artykmaçlyklaryna düşünmek, gatnaşmak we ulanmak üçin gerekli endikleri we bilimleri gazanmaga mümkinçilige eýe bolmalydyr" diýlip aýdylýar. Bu maksat üçin hereketleriň Meýilnamasynyň çäklerinde IKT oblastynda ýokary kär derejeli (kwalifikasiýaly) hünärmenleriň we bilermenleriň kritiki massasyny döretmeklige aýratyn üns bermek bilen, potensialy ösdürmek oblastynda halkara we sebitleýin hyzmatdaşlyga çagyryş bar.

Hut şu çagyryşa jogap hökmünde Ösüş üçin Informasion we kommunikasion tehnologiýalar boýunça Aziýa – Ýuwaş okean okuw merkezi (IKTÖ AÝOM) ösüş üçin IKT-i okatmak boýunça bu ählitaraplaýyn okuw maksatnamasyny – döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasyny – işläp düzdi, ol syýasaty işläp düzüjilere IKT oblastynda has netijeli görnüşde başlangyçlary meýilleşdirmäge we amala aşyrmaga kömek etjek esasy bilimleri we tejribäni ýaýratmaga gönükdirilen häzirki wagtdaky sekiz özbaşdak, emma özara baglanyşykly modullardan durýar.

IKTÖ AÝOM Aziýa we Ýuwaş okean üçin Ykdysady we sosial iş toparynyň (AÝOYSIT, ESKATO) bäş sebitleýin institutlarynyň biri bolup durýar. AÝOYSIT Aziýada we Ýuwaş okean sebitinde durnukly we ählitaraplaýyn sosial-ykdysady ösüşe derňew, kadalaşdyryjy iş, potensialy, sebitleýin hyzmatdaşlygy we bilimleriň alyş-çalşygyny ösdürmek esasynda hemaýat berýär. BMG-iň beýleki agentlikleri, halkara guramalary, milli hyzmatdaşlar we gyzyklanýan taraplar bilen hyzmatdaşlykda AÝOYSIT guramasy IKTÖ AÝOM üsti bilen Akademiýanyň bu modullarynyň dürli ýurtlarda ulanylmagyna, kämilleşdirilmegine we terjimesine, hem-de bolsa hökümetiň ýokary we orta derejeli wezipeli adamlary üçin milli we sebitleýin maslahatlaryň üsti bilen regulýar esasda olaryň okadylmagynyň guralmagyna goldawy bermäge borçlanýar, bu işleriň maksady artan potensialyň we alnan bilimleriň IKT-iň bähbitlerine ulalýan düşünmelere we ösüş oblastynda maksatlara ýetmäge anyk çärelere öwrülmeginden ybaratdyr.

Noelin Heýzer<br>
Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretarynyň Orunbasary<br>
AÝOYSIT-iň Ýerine ýetiriji sekretary

## SÖZBAŞY

Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň modullarynyň tapgyryny işläp düzmek prosesine syýahat hakykatdan hem ylham beriji we öwrediji tejribe boldy. Ol diňe bir IKT oblastynda potensialy döretmekde boşluklary doldurmak üçin hyzmat etmedi, eýsem köpsanly adamlaryň gatnaşmagy we prosese dahyllylyk duýgusy arkaly okuw kurslarynyň maksatnamalaryny işläp düzmek üçin täze ýoly geçirdi.

Akademiýa IKTÖ AÝOM maksatnamalarynyň flagmanydyr, ol bar bolan okuw materiallaryň güýçli we pes taraplarynyň işeňňir barlaglarynyň we derňewiniň esasynda, hem-de öňdebaryjy bilermenleriň arasynda resenzirlemek prosesinde işlenilip düzüldi. Köp sebitlerde Akademiýanyň okadyjy maslahatlary geçirildi, olar dürli ýurtlardan bolan gatnaşyjylaryň arasynda tejribäni we bilimleri alyş-çalyş etmek üçin bahalandyryp bolunmajak mümkinçiligi üpjün etdiler, bu proses Akademiýanyň uçurymlaryny modullary laýyklaşdyrmakda we emele getirmekde alyp baryjy oýunçylara öwürdi.

Akademiýanyň başdaky sekiz modullaryny milli derejede okatmaga başlamak ähli sebit boýunça ösüş üçin IKT syýasatyny işläp düzmek (IKTS) oblastynda potensialy güýçlendirmek üçin bar bolan hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmek we täzelerini gurmak boýunça kemala getiriji prosesiň döremegini aňladýar. IKTÖ AÝOM syýasaty ähli işläp düzüjileri Akademiýa tarapyndan gurşap almak prosesini üpjün etmekde özüniň esasy çemeleşmesi hökmünde milli Akademiýalaryň işleriniň başynda tehniki goldawy bermäge taýýardygyny aňladýar. Merkez merkezi, döwlet we ýerli dolandyryş edaralary bilen eýýäm göni baglanyşygy bolan sebitleýin we milli okuw edaralarynyň birnäçesi bilen olaryň IKTS oblastynda potensialyny güýçlendirmek üçin Akademiýanyň milli zerurlyklara we öňe sürülýän meselelere aýratyn üns berýän modullaryny anyklamak, terjime etmek we olary okatmak ýoly bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Bar bolan modullaryň çägini we gurşap alşyny mundan hem buýanky giňeltmek we täzelerini işläp düzmek boýunça meýilnamalar hem bar.

Ondan başga-da, IKTÖ AÝOM Akademiýanyň modullarynyň mazmunynyň sebitde has uly auditoriýa ýetmegini üpjün etmek üçin köp derejeli çemeleşmäni ýarag edinýär. Sebitleýin we milli Akademiýalaryň üsti bilen Akademiýanyň materiallaryny gös-göni okatmak bilen bir hatarda IKTÖ AÝOM öz IKTÖ AÝOM Wirtual Akademiýasyny esaslandyrdy (APCICT Virtual Academy, AVA), ol Akademiýanyň torlaýyn distansion okadyjy platformasy bolup durýar, hem-de ol gatnaşyjylary öz saýlawy boýunça materiallary öwrenmek mümkinçiligi bilen üpjün etmek üçin niýetlenilen. AVA prezentasiýalaryň slaýdlary we tematiki barlaglar ýaly Akademiýanyň ähli modullarynyň we bilelikdäki materiallarynyň torda ýüklemek, köp gezek ulanmak, kämilleşdirmek we ýerleşdirmek üçin ýeňil

elýeterlidigini kepillendirýär, hem-de ol dürli wezipeleri, şol sanda wirtual leksiýalary, okatmak prosesini guramak we täze mazmuny işläp düzmek we ygtyýarnamalaşdyrmak üçin okuw serişdelerini özünde saklaýar.

Sekiz sany moduldan ybarat başdaky tapgyr we olaryň Akademiýanyň sebit, sebitden daşary we milli maslahatlarynyň çäklerinde okadylmagy köp adamlaryň we guramalaryň işe wepalylygy we başlangyçly gatnaşmagy bolmasa mümkin bolmazdy. Men Akademiýanyň uçurymlarynyň we döwlet pudaklaýyn edaralaryndan, okuw jaýlaryndan biziň hyzmatdaşlarymyzyň, hem-de Akademiýanyň maslahatlaryna gatnaşan sebitleýin we milli guramalaryň tagallalaryny we ýeten sepgitlerini bellemek üçin bu mümkinçilikden peýdalanmak isleýärin. Olar modullaryň mazmunyna gymmatly goşant goşmakdan başga, has wajyp zat, olar öz ýurtlarynda Akademiýanyň tarapdarlaryna öwrüldiler, onuň netijesinde IKTÖ AÝOM we milli, sebitleýin edaralaryň–hyzmatdaşlaryň birnäçesiniň arasynda Akademiýanyň kurslaryny kämilleşdirmek we ýurtlarda regulýar kurslaryny geçirmek maksatlary bilen ylalaşyklar baglaşyldy.

Ondan başga-da, men bu adaty däl syýahaty mümkin eden köp öňdebaryjy adamlaryň özüni aýamazdan görkezen tagallalaryna aýratyn minnetdarlygymy aýtmak isleýärin. Bu Şahid Akhtar, Akademiýanyň taslamasynyň maslahatçysy; Patrisia Arinto, redaktor; Kristina Alikul, goýberiji redaktor; Akademiýanyň modullarynyň ähli awtorlary we IKTÖ AÝOM komandasy.

Akademiýada beýan edilen gymmatly bilimleriň Aziýanyň we Ýuwaş okeanyň ähli burçlarynda adamlaryň arasynda rezonans döredip ýaýramagy üçin IKTÖ AÝOM we onuň ähli hyzmatdaşlary Akademiýanyň terjimesini we mazmunyny ýerleşdirmegiň üstünde üznüksiz işlediler. Hut şu tagallalar bilen biz häzirki wagtda Akademiýanyň rus wersiýasyny çap edýäris.

Akademiýanyň rus wersiýasyny taýýarlamak boýunça komanda terminologiýanyň dilde häzirki wagtda ulanylýana laýyk geler ýaly, nýuanslaryň we inçelikleriň şöhlelendirilmegi, mazmunyň terjimesiniň bolsa esaslandyrylmagy üçin köp wagty sarp etdiler. Bu manyda olar Akademiýanyň modullarynyň ikinji awtorlary boldular. Men Informasion maglumatlaryň Gyrgyzystandaky Milli merkezine, onuň işgärlerine olaryň özüni aýamazdan görkezen tagallalaryna we bu başlangyja wepalylygy üçin meniň çuňňur minnetdarlygymy aňlatmak isleýärin. Hususan-da, Almaz Bakenow, Munar Usubaliýewa, Bella Moldobaýewa, Andreý Smirenskiý, Dmitriw Petrenko, Amanbek Bawlankulow, Emil Albanow we Meder Mamutow tarapyndan ýerine ýetirilen ajaýyp işleri bellemek isleýärin.

Men Akademiýanyň IKT oblastynda adam resurslarynyň ýetmezçiligini azaltmak, IKT-i ornaşdyrmak ýolunda barýerleri aradan aýyrmak, sosial-ykdysady ösüşi tizleşdirmekde IKT-i ulanmaga hemaýat bermek we müňýyllygyň ösüşiniň maksatlaryna ýetmekde halklara hemaýat berjekdigine çyndan umyt bildirýärin.

Heun-Suk Ri, IKTÖ AÝOM Direktory

## OKUW  MODULLARYNYŇ TAPGYRY BARADA

Häzirkizaman “maglumat asyrynda” maglumata ýönekeý elýeterlilik biziň ýaşaýyş, iş we dynç alyş keşbimizi  üýtgedýär. “Sifrleýin ykdysadyýet”, ol “bilimler ykdysadyýeti”, “torlaýyn ykdysadyýet” ýa-da “täze ykdysadyýet” hökmünde hem belli, harytlary öndürmekden ideýalary döretmäge geçmek bilen häsiýetlendirilýär. Bu ykdysadyýetde we umuman alanyňda tutuş jemgyýetde maglumat  we kommunikasion tehnologiýalarynyň (IKT) rolunyň baştutanlygy bolmasa-da, artmaklygyny nygtaýar.

Netijede tutuş dünýäde hökümetler ösüş maksatlary üçin IKT (IKTÖ) has uly ünsleri berýärler. Bu ýurtlaryň hökümetleri üçin IKTÖ diňe bir IKT senagatynyň ýa-da ykdysadyýetiň sektorynyň ösmeginde däl-de, eýsem sosial, şonuň ýaly-da syýasy ösüşi höweslendirmek üçin IKT-iň ykdysadyýete girizilmeginden ybaratdyr.

Şonda-da, IKT oblastynda syýasaty işläp düzmekde hökümetiň duçar bolýan kynçylyklary bilen bir hatarda, syýasaty işläp düzüjileriň köplenç özleriniň milli ösüş maksatlary üçin ulanýan tehnologiýalary bilen tanyş däl bolmak fakty hem bardyr.  Hiç kimiň tanyş däl zadyny dolandyryp bilmejekdigi sebäpli köp syýasatçylar IKT oblastynda syýasaty işläp düzmekden gaça durýarlar. Emma IKT oblastynda syýasaty işläp düzmegi “tehnarlara” bermek hem dogry däldir, sebäbi köplenç olarda tehnologiýalary işläp düzmegiň we ulanmagyň berjek syýasy netijeleri barada düşünjeler ýok.

IKT Akademiýasynyň döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin modullarynyň tapgyry BMG-yň Ösüş maksatlary üçin Informasiýa we Kommunikasiýa Tehnologiýalary boýunça Aziýa-Yuwaş okean okuw Merkezi (UN–APCICT) tarapyndan aşakdakylar üçin işlenilip düzüldi:

1. IKT oblastynda syýasaty işläp düzmek üçin jogapkär umumymilli we ýerli derejeli  dolandyryş syýasatçylary;
2. IKT esasynda amalyýetleri işläp düzmek we ornaşdyrmak üçin jogapkär döwlet wezipeli adamlary;
3. Döwlet sektorynyň IKT serişdelerini taslamalary dolandyrmak üçin ulanmaga ymtylýan ýolbaşçylary.

Modullaryň tapgyrlary IKTÖ bilen syýasat, şonuň ýaly-da tehnologiýa nukdaýnazaryndan bagly bolan amaly ähmiýetli soraglar bilen tanyşdyrmaga ymtylýar. Maksat IKT boýunça tehniki gollanmany işläp düzmekden däl-de, eýsem, häzirkizaman sifrleýin tehnologiýalaryň mümkinçiliklerine ýa-da onuň haýsy ugurda ösjekdigine, hem-de syýasy çözüwleri işläp düzmek üçin onuň nämäni aňladýandygyna gowy düşünmegi üpjün etmekden ybaratdyr. Modullarda

açylýan temalar okatmakda zerurlyklaryň derňewi we dünýäniň beýleki ýurtlarynda ulanylýan okuw materiallary esasynda kesgitlenildiler.

Bu modullar olar aýratyn okyjylar tarapyndan özbaşdak öwrenmek, ýa-da taýýarlanyşda ýa-da maksatnamanyň gidişinde resurs hökmünde ulanylyp bilner ýaly görnüşde işlenilip düzüldiler. Bu modullar özbaşyna awtonomdyrlar, emma şol bir wagtda öz aralarynda baglanyşyklydyrlar, hem-de tapgyryň modullaryndaky temalary we ara alyp maslahatlaşmalary öz aralarynda baglanyşdyrmak üçin tagallalar edildiler. Modullary degişli ygtyýarnamalaşdyrmakdan geçip biljek bitewi kursa birleşdirmek uzak möhletleýin maksat bolup durýar.

Her modulyň başynda okatmagyň maksatlary we wezipeleri beýan edilýärler, olar boýunça okyjy öz üstünliklerini bahalandyryp biler. Modulyň mazmuny aýratyn bölümlere bölünendir, olara esasy baş ýörelgeleri çuň düşünmäge kömek edýän tematiki barlaglar we gönükmeler girýärler. Gönükmeleri özbaşdak we toparlarda hem ýerine ýetirip bolýar. Ara alyp maslahatlaşmagyň kesgitli aspektlerini şöhlelendirmek üçin modula tablisalar we suratlar girizildi. Okyjylaryň ünsüne edebiýat çeşmelerine we Internet resurslaryna ýüztutmalar berlendir, olar goşmaça maglumaty we bilimleri almak mümkinçiligini berýärler.

IKTÖ-i ulanmak dürli taraplaýyndyr, şonuň üçin okuw modullarynda seredilýän käbir tematiki barlaglar we mysallar biri-birine gapma-garşy durýan hökmünde görünmekleri mümkin. Muňa garaşmalydyr, sebäbi bu örän täze we çylşyrymly ders, hem-de dünýäniň ähli ýurtlary ösüş üçin gural hökmünde IKT mümkinçiliklerini öwrenmek prosesine girişmeli diýlip göz öňünde tutulýar.

Akademiýanyň modullarynyň tapgyryny çap edilen formatda goldamak torda interaktiw distansion okatmagyň platformasynda – IKTÖ AÝOM-iň Witual Akademiýasynda – (AVA IKTÖ – http://www.unapcict.org/academy) – amala aşyrylýar, onda okuw modullarynyň PowerPoint wideo formatynda we prezentasiýalarynda mugallymlaryň çykyşlary görkezilýär.

Ondan başga-da, IKTÖ AÝOM bilelikdäki iş üçin IKTÖ-iň elektron merkezini işläp düzdi (e-Collaborative Hub) (e-Cob Hub – http://www/unapcicit.org/ecohub), ol praktiki işgärler we syýasatçylar üçin okatmak we sapak bermek oblastlarynda olaryň tejribesini ýokarlandyrmak maksatlary üçin bölünip berlen torlaýyn resursdyr. E-Co Hub IKTÖ-iň dürli aspektleri boýunça bilimleriň resurslaryna elýeterliligi berýär hem-de bilimleri we tejribäni alyş-çalyş etmek, IKTÖ-i öňe sürmekde hyzmatdaşlyk üçin interaktiw giňişligi üpjün edýär.

## MODUL 2

Bütin dünýäniň ýurtlarynyň hökümetleri ösüş üçin informasion we kommunikasion tehnologiýalara (IKTÖ) artýan has uly ünsi diňe bir IKT senagatyny ýa-da ykdysadyýetiň sektoryny ösdürmek maksatlary üçin däl-de, eýsem bolsa IKT-i ykdysady hem-de sosial we syýasy ösüşi döretmekde ulanmak üçin berýär. Hususan-da, hökümetden IKTÖ syýasatyny ösdürmeklige garaşylýar, ol syýasat soraglaryň giň gerimine seretmeli, şol sanda, ol amatly syýasaty we kadalaşdyryjy hukuk binýady döretmek, esasy infrastruktura elýeterlilik, IKT ugrunda esasy başarnyklary tizleşdirip ösdürmek, degişli mazmuny işläp düzmek we ösüş maksatlary üçin IKT-i ulanmak, hem-de bolsa innowasion çözgütleri döretmek üçin IKT oblastynda öňdebaryjy barlaglar we işläp düzmeler ýaly ugurlary öz içine almaly. Häzirki modul IKTÖ oblastynda syýasaty we dolandyryşy işläp düzmek soraglaryna bagyşlanandyr, ol IKTÖ hemaýat berýän milli syýasatyň, strategiýanyň we esasy strukturalaryň aspektleri boýunça kritiki möhüm maglumaty berýär. Onda IKTÖ boýunça syýasatyň we dolandyryşyň esasy soraglary hem ara alnyp maslahatlaşylýar, hem-de onda hökümetiň bu oblastda öz gazananlaryny we beýleki ýurtlar bilen deňeşdireniňde öz ýagdaýlaryny nähili görnüşde ölçäp biljekdikleri hem görkezildi.

### Modulyň maksatlary

Bu modul aşakdaky maksatlary yzarlaýar:

1. IKTÖ-i ulanmaga hemaýat berýän döwlet syýasatynyň, strategiýalarynyň we hukuk mehanizmleriniň dürli aspektleri boýunça gerekli maglumaty bermek;
2. IKTÖ syýasatyny işläp düzmek we ornaşdyrmak oblastynda problemalary ara alyp maslahatlaşmak;
3. Hökümetleriň haýsy görnüşde IKTÖ syýasatyny işläp düzmekde öz gazananlaryny ölçäp we ony beýleki ýurtlaryň görkezijileri bilen deňeşdirip bilmeklerini görkezmek.

### Okatmagyň netijeleri

Moduly öwrenmegi tamamlanyndan soňra okyjylar başarmalydyrlar:

1. IKTÖ syýasatyny işläp düzmek prosesini beýan etmegi;
2. IKTÖ syýasatynyň esasy aspektlerini derňew etmegi;
3. IKTÖ sferasynda dolandyrmagyň esasy soraglaryny ara alyp maslahatlaşmagy.

## MAZMUNY


Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň modullarynyň tapgyryna sözbaşy ..... 3
Sözbaşy ..... 5
Okuw modullarynyň tapgyry barada ..... 7
Modul 2 ..... 9
Modulyň maksatlary ..... 9
Okatmagyň netijeleri ..... 9
Tematiki barlaglaryň sanawy ..... 11
Ara goşmalaryň sanawy ..... 11
Suratlaryň sanawy ..... 11
Tablisalaryň sanawy ..... 11
Gysgaltmalar ..... 12
Şertli belgilemeleriň sanawy ..... 12

1. IKTÖ syýasatyny işläp düzmek ..... 13
   1.1. IKT ösüş moduly ..... 15
   1.2. Tehnologiýalar we kadalaşdyryjy-hukuk reformalary ..... 23
   1.3. IKT syýasatyny işläp düzmäge köptaraplaýyn gatnaşyk ..... 30

2. IKTÖ oblastynda milli syýasatyň elementleri ..... 37
   2.1. IKT potensialyny ösdürmek ..... 38
   2.2. IKT senagatyny döretmek ..... 45
   2.3. Elektron dolandyryş ..... 58

3. IKT-i dolandyrmak ..... 69
   3.1. IKT-i dolandyrmagyň çarçuwalaýyn ulgamy ..... 70
   3.2. IKT oblastynda maýa goýumlaryny dolandyrmak ..... 76

Goşundylar. ..... 83
Glossariý ..... 83
Instruktor üçin bellikler ..... 87
Awtor hakynda ..... 89

## Tematiki barlaglaryň sanawy


1. Filippinlerde telekommunikasion pudagy özgertmek ........................ 14
2. Sifrleýin tehnologiýalar we awtorlyk hukugy: Täze Zelandiýa ýagdaýy ........................................................................................ 24
3. Singapuryň IKT oblastynda adam resurslaryny ösdürmegiň maksatnamasy ........................................................................... 42
4. Mysal 1. IKT senagatyny ösdürmek boýunça milli strategiýa: Hytaý – IKT-i ösdürmek boýunça dünýä lideri ............................... 46
5. Mysal 2. IKT senagatyny ösdürmek boýunça milli strategiýa: Hindistan – programma üpjünçiligini işläp düzmek boýunça global merkez ........................................................................................ 50
6. Mysal 3. IKT senagatyny ösdürmek boýunça milli strategiýa: Koreýa Respublikasy – ýarymgeçirijilerden multimedia tarap ......... 53
7. Mysal 4. IKT senagatyny ösdürmek boýunça milli strategiýa: Irlandiýada sifrleýin mazmuny öndürmek üçin strategiýa ................. 56
8. Malaýziýanyň açyk kodly Programma Üpjünçiligini (PÜ) ulanmak boýunça baş meýilnamasy .......................................................... 61
9. Braziliýanyň bilelikdäki hereket ukybynda gurlan jemgyýetçilik howpsuzlygy ulgamy ..................................................................... 55


## Ara goşmalaryň sanawy


Ara goşma 1. Döwlet, bazar we raýat jemgyýeti – birlik ýa-da biri-birini aradan aýyrmak ? 20

Ara goşma 2. IKTÖ syýasatyny we strategiýasyny formulirlemegiň tapgyrlary 21

Ara goşma 3. Telekommunikasiýa oblastynda ygtyýarnamalaşdyrmak 28

Ara goşma 4. Köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýörelgeleri 32

Ara goşma 5. Näme üçin elektron hökümet oblastynda taslamalar şowsuz bolup çykýarlar? 65

Ara goşma 6. Awstraliýanyň IKT-inde döwlet maýa goýmlarynyň ýörelgeleri 77


## Suratlaryň sanawy


Surat 1. Beýik Britaniýanyň elektron strategiýasy – Tehnologiýalary ulanmak: çagalary okatmak we olara hyzmat etmek prosesini özgertmek 40


## Tablisalaryň sanawy


Tablisa . Aziýada IKT oblastynda edaralaryň deňeşdiriji matrisasy 72

## Gysgaltmalar

| | |
|---|---|
| AÖB | Aziýanyň ösüş banky |
| IKTÖ AÝOM | Ösüş üçin Informasiýa we Kommunikasiýa Tehnologiýalary boýunça Aziýa-Yuwaş okean okuw Merkezi |
| ASEAN | Günorta-Gündogar Aziýanyň ýurtlarynyň Assosiasiýasy |
| BPA | Biznes prosesleriniň autsorsingi |
| CD | Kompakt disk |
| TMK | Telekommunikasiýa we multimedia barada kanun |
| EEÝ | Erkin elýeterlikli ýat |
| AÝOYSIT (ESKATO) | Aziýa we Ýuwaş okean sebiti üçin ykdysady we sosial iş topary |
| ÝB | Ýewropa Bileleşigi |
| AKEPÜ | Açyk kodly erkin programma üpjünçiligi |
| HIBD | Hökümeti informatizirlemek boýunça dolandyryjy |
| DÖHÜÇU | Döwlet özara hereketlerini üpjün etmek boýunça çarçuwalaýyn ulgam |
| ÄMÖ | Ähl umumy Milli Önüm |
| PÜGID | Programma üpjünçiligini global işläp düzmek |
| IKT | Informasion we kommunikasion tehnologiýalar |
| IKTÖ | Ösüş üçin informasion we kommunikasion tehnologiýalar |
| IKTSDM | IKT-i ösdürmek boýunça Singapuryň Müdiriýeti |
| HWF | Halkara Walýuta Fondy |
| IP | Internet protokoly |
| IT | Informasion tehnologiýalar |
| HEAB | Halkara elektroaragatnaşyk birleşigi |
| ADE | Arhitektura boýunça döwlet edarasy |
| HDBG | Hökümete degişli bolmadyk gurama |
| IKTÖMA | Informasion we kommunikasion tehnologiýalary ösdürmek boýunça Milli Agentlik, Kamboja |
| MIIS | Milli informasion infrastruktura |
| YHÖG | Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş guramasy |
| AKPÜ | Açyk kodly programma üpjünçiligi |
| HK | Hususy kompýuter |
| DTAFK | Daş telefon aragatnaşygyň Filippin kompaniýasy |
| PCK | “PricewaterhouseCoopers” Kompaniýasy |
| YMTKI | Ylmy-barlag we tejribe-konstruktor işleri |
| OHMUÇB | Oba hojalyk maglumat ulgamlaryny çalt bahalandyrmak |
| TK | Tehniki kömek |

| | |
|---|---|
| BK | Birleşen Korollyk |
| BMG | Birleşen Milletler Guramasy |
| ABŞ | Amerikanyň Birleşen Ştatlary |
| GGS | Goşmaça gymmata salgyt |
| VCR | Wideomagnitofon |
| IJSBÝDÄD | Informasion jemgyýetiň soraglary boýunça ýokary derejede bütindünýä duşuşygy |

## Şertli belgilemeleriň sanawy

Tematiki barlag

Oýlanmak üçin soraglar

Amaly gönükmeler

Özüňizi barlaň

# 1. IKTÖ SYÝASATYNY IŞLÄP DÜZMEK

Bu bölümiň meseleleri:

- IKT oblastynda syýasaty işläp düzmekde döwletiň, bazaryň we raýat jemgyýetiniň roluny beýan etmek;
- Täze IKT-i ösdürmek manysynda kadalaşdyryjy-hukuk reformasynyň gerekligini ara alyp maslahatlaşmak;
- IKT oblastynda syýasaty işläp düzmäge köptaraplaýyn gatnaşmagy beýan etmek

Ösüş maksatlary üçin informasion we kommunikasion tehnologiýalary (IKTÖ) ulanmak döwlet syýasatynyň işeňňir goldamagyny talap edýär. Bu diňe bir görmekligiň bolmagyny däl, eýsem hereketleriň strategiýasyny we meýilnamasyny işläp düzmegi talap edýär. Garyşmazlyk pozisiýasyndan çemeleşme kabul ederlikli däldir, sebäbi IKT ýeterlik gymmat bahalydyr, olary laýyk däl ulanmazlyk bolsa gymmatly resurslary peýdasyz sarp etmek prosesine öwrülýär. IKT-i ulanmak perspektiwalary özüne çekijidir, emma şowsuzlygyň töwekgelligi hem ýokarydyr.

IKTÖ syýasatyny ara alyp maslahatlaşmaga geçmegiň öň ýanynda "syýasat" adalgasynyň özüniň manysyny ara alyp maslahatlaşmak gerekdir. Syýasat hereketleriň meýilnamasy bolup durýandyr. Resmi taýdan ony "anyk ýagdaýyň çäklerinde syýasy işgär ýa-da syýasy işgärleriň topary tarapyndan maksatlary we olara ýetmek üçin serişdeleri saýlamak babatynda, haçan-da, aslyýetinde, görkezilen çözüwleri amala aşyrmak bu syýasy işgärleriň güýçleri astynda bolanda kabul edilýän, özara baglanyşykly çözüwleriň toplumy hökmünde"[1] kesgitleýärler. "Döwlet syýasaty" jemgyýetçiligiň abadançylygy ýa-da peýdasy bilen bagly bolan soraglara döwletiň reaksiýasy bolup durýar. Ol ýurduň kanunlaryna (kanunçulygyna), hökümetiň kararlaryna, çözüwlerine we hereketlerine girizilendir.[2]

Amaly çäreleriň hem syýasata degişlidigini bellemek möhümdir. Syýasatyň bardygyny yglan etmek üçin resmi tassyklama (buýruk ýa-da karar görnüşinde)

---

[1] William Jenkins. "Syýasatyň derňewi: Syýasy we guramaçylyk perspektiwasy", Wikipediýada, "Syýasat", Wikimediýa fondy, http://en/wikipedia.org/wiki/Policy.

[2] Kanunçylyk ýa-da statut hukugy (kanunçylyk namalaryna esaslanan hukuk) kanunçylyk ýa-da beýleki döwlet edarasy tarapyndan tassyklanan (ýa-da kabul edilen) kanun bolup durýar. Bu adalga ýeke-täk kanuna ýa-da kabul edilen kanunyň çäklerinde kollektiw edara babatynda düşünilip bilner, şol wagtda bolsa "statutly" adalgasy ýeke-täk kanuna ýüzlenme hökmünde hem ulanylýar. (Wikipedia, "Kanunçylyk", Wikimedia fondy. http://en/wikipedia.org/wiki/Legislation). Karar "döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan dolandyryş hereketleri ýoly bilen kabul edilen, kanunyň ýa-da buýrugyň güýjüne eýe bolan kanunçylyk çäklendirmesi" bolup durýar. (Wikediýa, "Karar", Wikediýa fondy, http://en.wikipedia.org/wiki/Regulation) .

talap edilmeýär. Mysal üçin, hökümetde patent berlen programma üpjünçiliginiň giň ulanylmagy we açyk kodly programma üpjünçiligini ulanmak babatynda resmi syýasatyň ýoklugy de-fakto patentlenen programma üpjünçiliginiň peýdasyna syýasatyň barlygyny aňladýar.

Umuman aýdanyňda, döwlet syýasaty beýannamalarda we resminamalarda formulirlenenleri, hem-de hökümet tarapyndan amalyýetde ulanylýanlary aňladýar.

Döwlet syýasatynyň jemgyýetiň peýdasyna gönükdirilen wagtynda, ol özüne bu berlen sorag ýa-da problema babatynda mümkin bolan iň gowy çözüwleri hemme wagt öz içine almaýar. Döwlet syýasatyny döretmek haýsy hem bolsa bir soragyň iň gowy tehniki ýa-da ylmy çözüwine degişli däl; ol gyzyklanýan şahslaryň kanuny talaplaryna jogap berýän iň gowy çözüwi hem öz içine alýar. Hem-de gyzyklanýan şahslaryň iň gowy çözüwiň nämedigi barasynda köplenç dürli nukdaýnazarlarynyň bardygy üçin döwlet syýasaty ähli gyzyklanýan taraplar üçin iň gowy kabul ederlikli çözüw bolup durýandyr.

Syýasatyň hemme wagt iň gowy mümkin bolan tehniki çözüwi öz içine almaýandygynyň başga sebäbi täze syýasatyň elmydama bar bolanlaryň çäklerinde gurulýandygydyr. Köne syýasat täze üçin çäklendirme hökmünde hereket edýär. Meselem, köne syýasat peýda manysynda gyzyklanmalara eýe bolup biler, olar “status-kwony” üpjün etmegi (täze syýasatyň bolmazlygyny), ýa-da iň bolmanda köne bilen gapma-garşylyga girmeli däl täze syýasatyň bolmagyny gazanmak isläp bilerler.

Filippinlerde telekommunikasion reformalaryň mysaly IKT oblastynda syýasat işlenilip düzülende “syýasaty” şöhlelendirýär.

## Filippinlerde telekommunikasion pudagy özgertmek

Filippinlerde telekommunikasion senagaty liberallaşdyrmagyň başlangyçlary reformalar üçin koalisiýa tarapyndan goýuldy, ol strategiýany tapgyrlaýyn amala aşyryp, bazaryň açyklygyna getirdi. Daş telefon aragatnaşygyň Filippin kompaniýasy (DTAFK), hereket edýän hususy monopoliýady, ol öz oňaýly ýagdaýyna hüjümi gowy garşy almady we öz mahabat kampaniýasy bilen garşylyk görkezdi. Emma, haçan-da prezident Ramosyň monopoliýany weýran etmek üçin güýçli göreşi başlandygy aýdyň bolanynda DTAFK-yň eýeleri gepleşikler ýoly bilen düzgünleşdirmäge razy boldular. Kompromis gazanylandan soňra, liberallaşdyrmagyň jikme-jiklikleri Telekommunikasiýalar boýunça Döwlet Iş toparyna – düzgünleşdiriji edara we Transport we kommunikasiýa Müdiriýetine – syýasaty işläp düzüjä seredilmäge berildi.

Filippinlerde liberallaşdyrmak ýurduň prezidentiniň özüne alan borçnamalary we reformatorlaryň aýratyn toparynyň işi sebäpli mümkin boldy. Malaýziýadan tapawutlylykda bu reformatorlar bazara elýeterliligi almaga gös-göni gyzyklanýan däldiler. Filippinler ýagdaýynda bazara elýeterliligi almakda peýdalanyjylar (benefisiariler), esasan, uly biznesmenlerdiler. Beýle syýasatyň mümkinçiligi berlenden soňra, hem-de döwlet bu sektory açmaga öz ymtylmasyny görkezenden soňra, uly biznes telekommunikasiýalar bazaryna işeňňirlik bilen girdi.

Malaýziýadan tapawutlylykda, Filippinlerde reformatorlyk işlerine gatnaşyjylaryň köpsanlysy çekildi. Malaýziýada, häkimiýet ýurduň premýer-ministriniň elinde jemlenen ýagdaýynda syýasy üýteşmeleri amala aşyrmak we syýasy reformalary girizmek deňeşdirip aýdanyňda ýönekeýdi. Filippinlerde häkimiýet döwlet häkimiýetiniň üç şahasy boýunça paýlanandyr, onda täsir ediji ykdysady elita döwlet býurokratiýasynyň segmentlerine täsir edýärdi, bu ýerde syýasy reformalary geçirmek prosesi has çylşyrymly boldy, ol hökümetden daşary tarapyň uly basyşyny hem-de bolsa täsirli emeldarlar tarapyndan goldawy talap etdi.

Çeşme: Gysgaltmalar bilen alyndy: Lorraine Carlos Salazar, Telefon trubkasynda jyňňyrdy: Malaýziýada we Filippinlerde telekommunikasiýa pudagynyň liberallaşdyrylmagy (Singapur: Günorta-Gündogar Aziýada barlaglar boýunça Institut, 2007 ýyl).

## Oýlanmak üçin soraglar

1. Siziň ýurduňyzda telekommunikasiýany liberallaşdyrmak oblastynda alnyp barylýan tagallalar Filippinlerde we Malaýziýada kabul edilen olara meňzeş tagallalara nähili derejede meňzeş we/ýa-da tapawutly?
2. Getirilen mysalyň esasynda Siziň pikiriňizçe haýsy faktorlar liberalizasiýa prosesini höweslendirdiler?
3. Siziň pikiriňizçe telekommunikasiýa pudagyny liberallaşdyrmak ýolunda haýsy bökdençlikler we böwetler bar?

Syýasatçylar üçin syýasy çözüwleriň göz öňünde tutulmadyk netijelere eýe bolup biljekdigi faktyny hasaba almak hem möhüm bolup durýandyr. Bu Hindistanyň Karnataka ştatynda Bhoom taslamasynyň çäklerinde ýer ýazgylaryny kompýuterleşdirmegiň (ÝÝK) mysalynda açyk görkezilip bilner. Amit Prakaş we

Raul De  Mandiýa we Koppal okruglarynda  Bhoomi[3] taslamasyny ulanmak barada öz barlaglarynda taryhy taýdan kemala gelen ýer ulanyş  ulgamy sebäpli sosial gurşawda üýtgemeler garaşylmadyk netijelere getirdi diýen netijä geldiler.

Prakaşa we De laýyklykda:

> Bhoomi taslamasynyň Mandide ulanylmagy sebäpli amatly konstruktiw  täsiri  biz görsek hem (ýagny fermerler resmi kanallar arkaly has köp kreditleri almaga mümkinçilige eýedirler, hem-de resmi kredit fermerleriň ösüşine položitel täsir edýär diýen manyda), oňa taslamany işläp düzüjiler umyt baglapdylar, emma Koppalda taslamany amala aşyrmakda eýýäm bar bolan ýer gatnaşyklaryny (ekspluatatorçylyk) berkitmäge tendensiýa boldy,  bu bolsa ýerde işleýänlere kömek etmäge niýetlenilen ýer reformalarynyň dürli başlangyçlaryna gapma-garşy gelýär (KZZ we Bhoomi bu berlen sanawa soňky goşmaçalar bolup durýarlar).[4]

Mümkin, göz öňünde tutulmadyk netijeler  gaçyp gutulyp bolunmaýandyrlar, emma  syýasy çözüwleri işläp düzmek tapgyrynda syýasatçylaryň ýagdaýy we gatyşmagyň potensial netijelerini dogry bahalandyrmaklary örän möhümdir, bu islenilmeýän netijeleri minimuma eltmek üçin gerekdir.

## 1.1. IKT-i ösdürmegiň modeli

1978-nji ýyldan başlap ösüşiň agdyklyk ediji paradigmasy  döwlete–ugrukdyrylandan bazara–ugrukdyrylana çalyşdy diýip tassyklama aýdyldy.[5] Ösüşiň täze strategiýasy – ahyrky netijede  Bütindünýä bankynyň we Halkara Walýuta Fondunyň ştab-kwartirasynyň we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Administrasiýasynyň ýerleşen şäheriniň ady boýunça “Waşington konsensusy” adyny aldy – ol  “döwlet ulaltmalaryny, düzgünleşdirmekden aýyrmak, çalt liberalizasiýa we şahsy eýeçilige geçirmegi” nygtady[6].

---

[3] Seret, Girdejiler boýunça Müdiriýet, “Bhoomi” taslamasy, Karnatak ştatynyň administrasiýasy, http://www.reýdept-01.kar.nic.in/Bhoomi/Home.htm.

[4] Amit Prakash we Rahul De’, “IKT taslamalary babatynda tehnologiki struktura barada kanuny kabul etmek: Hindistanda ýer ýazgylaryny kompýuterleşdirmek prosesini derňemek” (Informasion ulgamlary oblastynda Aziýa–Ýuwaş okean sebiti boýunça 11-nji konferensiýada hödürlenen resminama, Oklend, Täze Zelandiýa, 3-6 iýul, 2007-nji ýyl), 11

[5] Dawid Howell, Ýiti soraglar: Torlaýyn tehnologiýalar asyrynda demokratiýanyň täze soraglary (London: Pan Books, 2001-nji ýyl), 59.

[6] Joseph Stiglitz, Globallaşmak prosesleri (London, Penguin Books, 2006-njy ýyl), 17.

Bu bazara gönükdirilen çemeleşme IKT-iň ösüşiniň köp oblastlaryny hem gurşap alýar.[7] IKT-iň bazara gönükdirilen ösüşi informasion jemgyýetiň soraglary boýunça ýokary derejede Bütindünýä duşuşygynyň Ženewa deklarasiýasyna (IJSBÝDŽD) şeýle görnüşde girizildi:

> Durnuklylyk, öňünden aýdyp bolunmaklyk we ähli derejelerde adalatly konkurensiýa üçin amatly şertleri döredýän syýasy çözgütler şeýle görnüşde işlenilip düzülmelidirler we amala aşyrylmalydyrlar, şonda IKT-iň infrastrukturasyny ösdürmäge hususy maýa goýumlary diňe bir has köp çekmek däl-de, eýsem däp bolan bazar şertleri işlemeýän oblastlarda uniwersal hyzmatlary bermek boýunça borçnamalara hemaýat bermelidirler.[8]

IKT-i ösdürmek oblastynda döwlet çemeleşmesinden bazar çemeleşmesine geçmegi has gowusy informasion infrastrukturany, aýratyn hem telekommunikasion sektory ösdürmek üçin esasy maslahatlaryň biri hökmünde seretmek gerekdir. 1970-nji ýyllaryň ortalaryna çenli telekommunikasiýalara hökümet tarapyndan berilýän hyzmat hökmünde seretdiler (käbir ýagdaýlarda, hususy kompaniýa – monopolist tarapyndan). Bu gün bu eýýäm beýle däl. Meselem, “Telekommunikasiýalar oblastynda reformalary amala aşyrmak boýunça öňdebaryjy tejribe” üçin Internet–syýasatyň Global başlangyçlaryndaky umumy ýörelgeleriň birinji ýörelgesiniň aşakdakydygyny bellemek gerek:

1) Döwlet hususy kompaniýalar tarapyndan has netijeli berilýän telekommunikasion hyzmatlary beriji hökmünde çykyş etmeli däldir. Onuň roly meýilnamalaşdyrmagy, strukturalaşdyrmagy we düzgünleşdirmegi üpjün etmekden ybaratdyr. Hususy sektor, öz gezeginde, dolandyryş, maýa goýumlary, gurluşyk we maliýeleşdirmek üçin jogap bermelidir. Ygtyýarlyklary hususy sektora bermek we konkurensiýany ornaşdyrmak aýdyň mehanizmleriň ýoly bilen amala aşyrylmalydyrlar (dolandyryş, kapitallary kärendä almak, konsessiýalar, aktiwleri we amallary geçirmäge hukuklary satmak boýunça ylalaşyklar).[9]

Hat-da ählumumy elýeterliligi bermek maksady hem hyzmatlary döwlet tarapyndan bermegiň esaslandyrmasy hökmünde indi çykyş edip bilmeýär:

---

[7] “IKT-iň ösüşi” adalgasy “ösüş maksatlary üçin IKT” düşünjesinden aýry bolmalydyr. IKT-i ösdürmek IKT infrastrukturasynyň we ykdysadyýetiň IKT bilen baglanyşykly pudaklarynyň ösdürilmegini aňladýar.

[8] Seret, IJSBÝDŽD, “Ýörelgeleriň Deklarasiýasy – informasion jemgyýeti gurmak: Täze müňýyllykda global synaglar”, http://www.itu.int/wsis/docs/geneva/official/dop.html.

[9] Internedi ösdürmegiň global başlangyjy. Telekommunikasiýa pudagy oblastynda reformalary geçirmegiň iň gowy mysallary (2002-nji ýylyň maýy), 1, http://www.apdip.net/documents/policy/regulations/gii01052002a.pdf.

> Deňhukukly elýeterliligi bermek boýunça tagallalaryň şowlulygy hususylaşdyrmak we konkurensiýa prosesiniň şowlulygyna uly derejede bagly bolar. Obalara maýa goýumlary üçin rentabelliligiň iň ýokary manyly faktorlary töwekgelligiň we maliýeniň näbellileri däl-de, syýasy düzüjilere köp ilteşiklidir (hususan-da, özara baglanyşyk we tarifler babatynda).[10]

IKT-i ösdürmekde bazara gönükdirilen çemeleşme amalyýetde hem şöhlelenýär. Halkara elektroaragatnaşyk birleşiginiň (HEAB) maglumatlary esasynda "2004-nji ýyl esasy telekommunikasion hyzmatlaryň bazarynda konkurensiýanyň ýüze çykmagynyň möhüm döwri hökmünde bellenildi", haçan-da "esasy hyzmatlar ... konkurensiýa şertlerinde bütin dünýäniň 54% ýurtlarynda berilýär".[11]

Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasynyň (YHÖG) Döwlet dolandyryşy Gullugynyň Regulýator reformasynyň soraglary boýunça Maksatnamasynyň öňki ýolbaşçysy Skott H.Jekobsonyň sözlerine görä bazara gönükdirilen reformalaryň esasy artykmaçlyklary aşakdakylardan ybarat:

- **Sarp edijiniň bähbitleriniň artmagy**, ol hyzmatlara we önümlere bahalaryň peselmeginiň hasabyna, meselem, elektrik togy, transport we saglygy goraýyş, hem-de bolsa berilýän hyzmatlaryň saýlawynyň giňelmegi we hiliniň ýokarlanmagy ýoly bilen bolup geçýär;
- **Eksport ediji we öňdebaryjy pudaklaryň olaryň konkurensiýa ukyplylygyny** sebitleýin we global bazarlarda **ýokarlandyrmak üçin sarp ediş strukturasynyň peselmegi;**
- **Ykdysadyýetiň önümçilik–ýerleýiş böleginde çeýeligiň we innowasion işeňňirligiň ýok bolmak problemasyny çözmek,** bu problema ösüş üçin artýan çäklendirme bolardy;
- **Täze iş ýerlerini döretmek ýoly bilen işlilik derejesiniň artmagyna hemaýat bermek,** hem-de, şeýlelik-de, sosial üpjünçilik boýunça salgyt talaplaryny peseltmek, bu, hususan-da, garraýan ilat üçin möhümdir.[12]

---

[10] Şol ýerde, 2

[11] HEAB, *2004/05 ýylda telekommunikasiýa reformalary oblastynda tendensiýalar: Ýakynlaşma zamanynda ygtyýarnamalaşdyrmak: gysgaça beýan* (Ženewa, HEAB, 2004-nji ý.), 3, http://www.itu.int/dms_pub/itu-d/opb/reg/D-REG-TTR.7-2004-SUM-PDF-E.pdf.

[12] Scott H.Jacobs, "Administratiw reformalaryň ikinji nesli" (Ikinji nesliň reformalaryna bagyşlanan HWF-yň konferensiýasy üçin taýýarlanylan resminama, Waşington, Kolumbiýa okrugy, ABŞ, 1999-njy ýylyň 8-9-njy noýabry), http://www.imf.org/External/Pubs/FT/seminar/1999/reforms/jacobs.htm.

Filippinler we Singapur telekommunikasiýa oblastynda bazara gönükdirilen syýasatyň položitel täsiriniň mysallary bolup durýarlar. Filippinlerde telefon aragatnaşygy bazarynda konkurensiýa ornaşdyrylandan soňra ilkinji 6 ýylyň dowamynda monopoliýanyň bolmagynyň 30 ýylyna garanyňda köp telefon liniýalary diklenildi. Häzirki wagtda Filippinlerde Aziýada mobil aragatnaşygyň iň ösen konkurensiýaly bazary bar.

Singapuryň ýagdaýynda telekommunikasiýalar bazaryny liberallaşdyrmakda uly itergi maýa goýumlarynyň akymynyň artmagyna, infrastrukturanyň ösmegine we ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryna položitel täsire getirdi. Singapuryň IT we kommunikasiýany ösdürmek boýunça Müdiriýeti (SIDA – Singapore's Infocomm Development Authority) "bazaryň doly liberallaşmagyndan soňra ýakyn üç ýylyň dowamynda işleriň täze görnüşleri bilen baglanyşykly maýa goýumlaryň umumy göwrümi (mobil 3G torlara we stasionar simsiz aragatnaşyk liniýalaryna maýa goýumlary hasaba almazdan) 3 milliard singapur dollaryna (1,8 milliard ABŞ dollaryna) ýakynlaşýar ... ol 2500 sany täze iş ýerleriniň döremegini üpjün etdi..."[13] diýip hasaplaýar.

Emma bazara gönükdirilen çemeleşmäniň tankytçylary "deňligi üpjün etmek, iş ýerlerini döretmek we konkurensiýa, reformalaryň prosesi we yzygiderliligi we hususylaşdyrmagy geçirmegiň özüniň prosesi soraglaryna has az üns berilýär"[14] diýip belleýärler. Täze ylalaşyk – "Waşingtondansoňky konsensus" – hut şu soraglary çözmek üçin kabul edilipdi. Kanişka Jaýasuriýa (Kanishka Jayasuriya) laýyklykda täze konsensus erkin bazarlaryň bolmagynyň öňünden bolmaly şerti hökmünde strukturasy üýtgedilen hem bolsa – has düzgünleşdirilýän ugurda güýçli döwleti göz öňünde tutýar. Ol ýerde konkurensiýanyň berk syýasaty görnüşinde esaslaryň bolmazlyk şertinde düzgünleşdirmekden aýyrmak häkimiýetiň döwletden hususy sektoryň oligarhlaryna geçmegine getirip biljekdigi aýdyň görnüşde ýazylandyr.[15]

Şeýlelikde, häzirki wagtda telekommunikasiýalar bazaryny liberallaşdyrmagyň garaşsyz düzgünleşdiriji edaranyň (regulýatoryň) döredilmegi bilen hökmany suratda bir wagtda bolmalydygy umuman aýdanyňda ykrar edilendir.[16] Garaşsyz düzgünleşdiriji konkurensiýa garşy çärelerden goragy üpjün etmelidir, bu hilli

[13] Seret, *IKTSDM, Singapurda telekommunikasiýa bazarynyň liberallaşdyrylmagy ATT, MCI WorldCom we beýleki global oýunçylary özüne çekýär* (Press-reliz, 2000-nji ýylyň 3-nji apreli), http://www.ida.gov.sg/News%20and20Events/20060926144739.aspx?getPagetype=20.

[14] Joseph Stiglitz, *Globallaşmak prosesini işlemäge nähili mejbur etmeli*, 17.

[15] Kanishka Jayasuriya, *Häkimiýet, post-Waşington ylalaşygy we täze anti-syýasat* (Günorta-Gündogar Aziýa boýunça Ylmy-barlag merkeziň iş resminamalary, Southeast Blok, № 2, 2001-nji ýyl), 3, http://www.cityu.edu.hk/searc/WP2_01_Jayasuriya.pdf .

[16] Seret, meselem, Internedi ýaýratmagyň global başlangyjyna, *Telekommunikasiýalar oblastynda reformalary geçirmegiň şowly ýagdaýlary.*

çäreler bazarda agalyk ediji gatnaşyjy (haçan-da bir wagt monopolist bolan) tarapyndan konkurensiýany ösdürmäge gönükdirilen çäreleriň garşysyna gurnalyp bilnerler, konkurensiýany ösdürmek boýunça çärelersiz bazarda täze gatnaşyjylaryň emele gelmegi mümkin bolmazdy. Argentinanyň telekommunikasiýa sektorynda hususylaşdyrmak prosesinden alnan sapaklaryň arasynda güýçli, garaşsyz düzgünleşdiriji edaranyň barlygynyň möhümligi bellenilýär:

> Durnukly we ynamy döredýän düzgünleşdiriji gurşaw ykdysadyýetiň bu pudagyna maýa goýumlarynyň töwekgelliginiň derejesini peseldýär, hem-de bolsa girdejiniň garaşylýan normasyny peseldýär, bu olaryň taslamalara gatnaşmagyny kepillendirýär. Hususylaşdyrmagyň başlanmagyndan öň durnukly, ynamy döredýän düzgünleşdiriji režimi döretmek satyn almak bilen bagly töwekgelligi peseltmegiň hasabyna potensial satyn alyjylar üçin hususylaşdyrylýan telekommunikasiýa kompaniýalarynyň gymmatyny ýokarlandyrýar. Bu, öz gezeginde, beýle kompaniýalar satylanda hökümet tarapyndan bellenilýän bahalara täsir edýär. Beýle režimi öňünden guramak mümkinçiliginiň ýoklugy sebäpli Argentinanyň hökümeti telekommunikasion kompaniýalar satylanda az bahany aldy, hem-de satyn alyjylaryň garaşylmadyk girdejini almak ähtimallygyny ýokarlandyrdy.[17]

IKT-i ösdürmekde döwletiň roly bazara hereketleriň erkinligini ýöne bermekden ybarat däldigi aýdyňdyr. Ykdysadyýet oblastynda Nobel baýragynyň laureaty Jozef Stiglisiň belleýşi ýaly:

> Bazarlar gerek; bazarlar olaryň dogry ulanylmagyny üpjün etmek bilen resurslary ýerleşdirmäge kömek edýärler, bu aýratyn hem resurslar ýeterlik däl bolanynda möhümdir ... emma hökümetiň rolunyň güýçlenmegi we ösüşiň her stadiýasynda her ýurtda döwlet we bazar arasynda hyzmatdaşlygy guramak boýunça toplumlaýyn çärelere

[17] Alice Hill we Manuel Angel Abdala, *Düzgünleşdirmek, institutlar we borçnamalar: Argentinanyň telekommunikasiýa hyzmatlary sektorynyň hususylaşdyrylmagy we düzgünleşdirilmegi,* syýasy barlaglar boýunça iş resminamasy, 1216 (Waşington, Kolumbiýa okrugy: Bütindünýä banky, 1993-nji ýyl, http://www-wds.worldbank.org/servlet/WDSContentServer/WDSP/IB/1993/11/01/000009265_3961005141505/Rendered/PDF/multi_page.pdf.

> ýetmegiň zerurlygyna düşünmek deň derejede möhüm bolup durýandyr.[18]

Stiglis döwlet we bazar arasynda deňagramlyga ýetmegiň gerekdigini nygtaýar. Emma hökümete degişli däl guramalar (HDBG) ady bilen has tanyş bolan raýat jemgyýetçiligi guramalarynyň roluny ykrar etmek hem möhümdir. Raýat jemgyýetçilik guramalarynyň unikal güýçli taraplary bardyr, olar bu guramalaryň ösüş prosesinde roluny ula öwürýärler. Aziýanyň Ösüş Bankynyň (AÖB) maglumatlaryna görä:

> HDBG-laryň artykmaçlyklaryna basyş astyndaky jemgyýet toparlaryna elýeterlilik we ýerli zerurlyklara reagirlemek üçin köpri hökmünde gulluk edýändikleri degişlidir. HDBG-lar ösüşiň innowasion usullaryny ulanýarlar, taslamalaryň oýlanyşykly amala aşyrylmagyny üpjün etmäge, taslamalar boýunça işde yzygiderliligi berjaý etmäge kömek berýärler, aýdyňlygy we laýyk dolandyryşy ýokarlandyrmak üçin çykyş edýärler, hem-de bolsa ilatyň gowşak we/ýa-da marginal gatlaklaryna öz pikirini aýtmaga mümkinçilik berýärler.[19]

1987-nji ýyldan başlap AÖB “operatiw işleriň aýratyn oblastlarynda goşmaça tagallalaryň netijeli serişdeleri” hökmünde HDBG-lar bilen hyzmatdaşlyk edýär. AÖB “öz operasiýalarynyň netijeliligini HDBG-laryň aýratyn mümkinçiliklerini we tejribesini ulanmak bilen ýokarlandyryp”[20] biljekdigini ykrar edýär. 1998-nji ýylda AÖB “HDBG bilen hyzmatdaşlygyň üç esasy oblastlaryny, şol sanda kredit bermek we tehniki kömek, maksatnamalary meýilnamalaşdyrmak we ýurt derejesinde iş we syýasaty işläp düzmek oblastlarynda hyzmatdaşlygy”[21] kesgitledi.

HDBG, Iwonne Asamoanyň (Yvonne Asamoah) pikiri boýunça, “döwlet fondlary çäkli, syýasy ýagdaý durnukly däl, öňünden aýdylyp bolunýan we aýdylyp bolunmaýan tebigy betbagtçylyklar bolup geçýärler, etniki dawalar möwç urýarlar, ilatyň jan başyna girdejisiniň derejesi gerekli harytlary we sosial, bilim we ykdysady hyzmatlary satyn almaga mümkinçiligi örän çäklendirýän ýagdaýlarynda örän möhüm bolup durýandyrlar”.[22]

---

[18] Joseph Stiglitz, *Globallaşmagy işlemäge nähili mejbur etmeli*, 48 sah.
[19] AÖB, Hyzmatdaşlyk shemasy, *AÖB – Hökümet –HDBG Hyzmatdaşlygy: Hereketleriň strukturasy, 2003 –2005-nji ýyllar (2003-nji ýylyň maýy), 2,* http://www.adb.org/NGOs/Framework/final_framework.pdf.
[20] Şol ýerde.
[21] Şol ýerde, 3.
[22] Yvonne Asamoah, *HDBG, Sosial ösüş we durnuklylyk* (2003-nji ýylyň 12-nji sentýabry), http://www.foreignaid.com/thinktank/articles/NGOsAndSocialDevelopment.html.

HDBG-laryň ösüş oblastynda roly “Postwaşington konsensusynda” bellenilip geçildi:

> Täze syýasatyň paradigmasynyň leksikony ... raýat jemgyýeti, guramaçylyk gurluşygy, torlaryň howpsuzlygy we dolandyryşyň aýratynlyklary ýaly sözleri özünde saklaýar, hem-de bu adalgalar şertli Waşington terminologiýasyna girizilendirler, olar bolsa “açyk bazar”, “deregulirlemek”, “liberallaşdyrmak” we “strukturalaýyn täzeden guraýyş” sözlerinden durýar.[23]

Ähli ýokarda aýdylanlary ünse alyp, ösüş maksatlary üçin IKT-iň mümkinçiliklerini ulanmaga ymtylýan syýasatçylar üçin ösüşiň soragy öz ýurtlarynyň ösüş strategiýasynda döwlet, bazar we raýat jemgyýetiniň arasynda dogry balansy tapmakdan ybarat diýip aýdyp bolar (seret, Ara goşma 1).

**Ara goşma 1.** Döwlet, bazar we raýat jemgyýeti – bitewimi ýa-da biri-birini aradan aýyrmak?

> Raýat jemgyýetiniň donorlary üçin güýji we demokratiýalaşdyrmagyň serişdesi, hem-de bolsa bazar ykdysadyýetiniň tebigy komponenti bolup durýar. ... Donorlar döwlete täsir etmek üçin raýat jemgyýetiniň potensialyna ýygy ýüzlenýärler, raýat jemgyýeti jemgyýetiň we demokratiki gymmatlyklaryň ösüşiniň ahlak pulsy hökmünde gulluk edýär. Döwletiň häkimiýetini peseltmek we bazaryň roluny ýokarlandyrmak ýoly bilen raýat jemgyýetiniň hem gülläp ösmegi hem-de öz gezeginde, onuň mundan buýanky ykdysady liberallaşmagy goldamagy göz öňünde tutulýar. Ondan başga-da, raýat jemgyýeti, döwlet we bazar organiki, simbiotiki bitewiligi düzmelidirler, onuň özi biri-birini aradan aýyrmak däl-de, bitewilik bolmaly, konflikt däl-de, hyzmatdaşlyk bolmaly. Munuň netijesinde raýat jemgyýeti baglanyşdyryjy zynjyr hökmünde hereket eder we döwlet häkimiýetini we bazary deňagramlaşdyrar diýlip garaşylýar, ol bazarda ahlak gözegçiligini üpjün eder, hem-de bolsa döwletiň demokratiki bitewiligini goldar.
>
> ... Döwletiň, bazaryň we raýat jemgyýetiniň üç taraplaýyn bitewiligi ýokarda görkezilen üç elementleriň arasynda aýdyň serhetleri, funksiýalaryň we rollaryň bölünmegini, hem-de bolsa organiki garmoniýanyň we deňagramlygyň döredilmegini hem göz öňünde tutýar. Emma raýat jemgyýetiniň içindäki köp guramalar dürli derejede döwlet, şeýle hem hususy çeşmelerden maliýeleşdirmegi alýarlar. Käbir ýurtlarda döwlet emeldarlary öz

[23] Kanishka Jayasuriya, *Häkimiýet, Post-waşington ylalaşygy we täze anti-syýasat, 3.*

hususy HDBG-yny has döredijilikli işiň usuly hökmünde döredýärler, ol dürli resurslara elýeterliligi we täze mümkinçilikleri almagy üpjün edýär. Şoňa meňzeşlikde, ösüş oblastyndaky käbir HDBG-lar diňe hususy adamlar tarapyndan salgytlary tölemekden gaça durmak we girdejini almak maksatlary üçin döredilen “portfel kompaniýalar” hökmünde hereket edýärler. Onuň hem üstesine, üç taraplaýyn wekilçilik dolulygyna häkimiýet ygtyýarlyklaryny onuň üç elementiniň arasynda deň – ýa-da iň bolmanda konfliktsiz bölünmegini, ýagny hakykatda häkimiýetiň üç aýratyn zonalaryny göz öňünde tutýar. Emma raýat jemgyýetiniň içinde hemme guramalar häkimiýetiň deň derejesine eýe däldirler. Bisnes – assosiasiýalar, meselem, hünärmenler birleşmelerine ýa-da jemgyýetçilik toparlaryna garanyňda has gowy resurslara we häkimiýetiň has güýçli leňňerlerine (ryçaglaryna) ähtimal eýedirler. Degişlilikde, bazaryň häkimiýet ygtyýarlyklary raýat jemgyýetine aralaşýarlar we ony kemala getirýärler. Şonuň üçin Wood (1990 ý.) raýat jemgyýetiniň abstrakt giňişliginiň çäklerinde köpsanly aýry we dürli guramalaryň gös-göni goňşulygynyň kapitalizmiň bitewilige birikdirýän logikasyny ýaşyrýandygy, onuň bolsa, düýbüne seredeniňde bu aýry guramalary birleşdirýändigi we olara many berýändigi barada ynandyryjy delillendirýär.

Döwletiň öýsüzleri, gartaşanlary we keselli adamlary üpjün etmek boýunça haýyr-sahawat edaralaryny we sosial edaralaryny, döwletiň şunlukda goşmaça çykdajylardan boşaýandygy üçin däl hem bolsa, gowy garşy alyp biljekdigine garamazdan, ol hökümetiň syýasatyna garşy çykyş edýän naglumat–wagyz-nesihat geçiriji toparlara ýa-da döwletiň legitimligine närazylyk aňladýan guramalara has az hoşniýetli bolup biler. Şoňa meňzeşlikde, biznes jemgyýetçilik toparlarynyň ösüşine hemaýat berip biler, emma ol zähmeti we daş-töwerek gurşawyny goramak boýunça minimal standartlary kabul etmek üçin çykyş edýän hünärment guramalarynyň we ekologiki toparlaryň meselelerine perwaýsyz bolup biler. Şeýlelikde, döwletiň, bazaryň we raýat jemgyýetiniň bilelikdäki hereketi gapma-garşylykly maksatlar we gymmatlyklar bilen alnyp barylýandyr, olara ýetmek hökmany suratda raýat jemgyýetini goldamagy we durnuklylygy kepillendirmegi aňlatman biler. Alýanslar we koalisiýalar hemme wagt aýdyň ýa-da häkimiýeti we baýlyklary täzeden paýlamaga hemaýat beriji däldirler.

Çeşme: Jude Howell we Jenny Pearce, Täze şertlerde we barlykda: Ösüş oblastynda HDBG we üýtgemeleri üpjün etmegiň meseleleri. Dawid Lewisiň we Tina Wallasiň redaksiýasy astynda (Kumarian Press, 2000-nji ýyl), 76-78. Anup Shah, «Hökümete degişli däl guramalar we ösüşiň aspektleri» makalasynda sitata berlen, http://www.globalissues.org.TradeRelated/Poverty/NGOs.asp .

## Oýlanmak üçin soraglar.

1. Siziň ýurduňyzda dolandyryşda raýat jemgyýeti nähili roly oýnaýar?
2. Siziň ýurduňyzda döwletiň we raýat jemgyýetiniň arasyndaky özara gatnaşyklary beýan ediň.

## Amaly gönükmeler

*Gatnaşyk nähili bolmaly?* Öz ýurduňyzda IKTÖ ösüş strategiýasynda hökümetiň, bazaryň we döwlete degişli bolmadyk guramalaryň bar bolan we ideal/geljekki gatnaşyklaryny kesgitläň. Her sektoryň paýyny häzirki we ideal gatnaşykda göterim gatnaşygynda kesgitläň.

Bir ýurduň wekilleri bu gönükmäni toparda ýerine ýetirip bilerler.

IKT-iň şowly syýasatyny we ösüş strategiýasyny formulirlemek birnäçe tapgyry göz öňünde tutýar (seret, Ara goşma 2).

**Ara goşma 2**. IKTÖ syýasatyny we strategiýasyny formulirlemegiň tapgyrlary.

1. Perspektiwalary bellemeli we IKT-i ösdürmegiň we gysga wagtlaýyn/uzak wagtlaýyn ssenariýlerini beýan etmeli. Bu ýere wagtyň berlen döwri dowamynda ýetilmeli, ölçelip bolunýan netijeleri ýa-da görkezijileri girizmek gerek. Şonuň üçin, mümkin, bu maksatlary görmegi formulirlemek boýunça amaly gönükmeleri ýerine ýetirmek möhümdir.
2. Maslahat bermeler, barlaglar, faktlar we sifrler, nukdaýnazarlar we synlar esasynda häzirki ýagdaýy bahalandyryň. (Beýle iş Size nirededigiňiz barada has aýdyň perspektiwany berer, hem-de Siziň ýetmek isleýän ahyrky maksatlaryňyza ýetmek üçin Siziň tarapyňyzdan gerek bolup biljek tagallalara Sizi gönükdirer).
   2.1. Bar bolan strategiýalaryň we meýilnamalaryň, kanunçylygyň, hem-de göz öňünde tutulýan strategiýalaryň we syýasatyň ugurlarynyň synyny geçirmeli. IKT bilen bagly, beýleki seredilmeli aspektler hem bar. Olar öz içine maglumata elýeterlilik, telekommunikasiýalar oblastynda

syýasat we düzgünler, ýygylyklaryň we radiogepleşikleriň reglamenti, elektron telekeçilik we elektron hökümet oblastynda syýasat ýaly aspektleri alýarlar.

2.2. Işlenilip düzülýän syýasata täsir edip biljek sebitleýin konteksti, şol sanda erkin söwda boýunça we ş.m. ylalaşyklara seretmeli.

3. Reprezentatiw (wekilçilikli) bolan maslahat bermeleri geçirmeli, hem-de ilatyň marginal gatlaklarynyň, ýagny aýallaryň, garyplaryň, oba ýaşaýjylarynyň, ýaşlaryň we maýyplaryň olara goşulandygyna göz ýetirmek gerekdir. Hem-de bilelikdäki işiň meýilnamasyny işläp düzmeli, oňa maslahat bermeleri geçirmegiň çyzgydy we usulyýeti goşulan bolmaly. Olara fokus-toparlarda diskussiýalar (FTD), tegelek stollar, Internetde maslahat bermeler we pikirleri alşyp-çalyşmak degişlidir. Maslahat bermeleriň hemişelik häsiýetde bolmalydygyny bellemek gerek.

4. Hereketleriň öňünden düzülýän meýilnamasyny (amalyýetde ornaşdyrmak üçin) işläp düzmeli. Bu meýilnama öz içine taslamalaryň göz öňünde tutulýan sanawyny, meýilleşdirilen netijeleri we olara şowly ýetmegiň görkezijilerini, göz öňünde tutulýan netijeler we olaryň esaslandyrylyşy, töwekgellikleriň bahalandyrylmasy we olary peseltmek boýunça çäreler, çykdajylaryň göwrümleri we çekilýän resurslar boýunça beýleki meňzeş talaplary almaly. Görkezilen meýilnama praktiki hereketleriň çyzgydyny hem öz içine almalydyr. Has öňe sürülýän meseleler barada düşündirişleri/esaslandyrmalary bermek hem kritiki möhüm bolup biler.

5. Ornaşdyrmak üçin gerekli guramaçylyk mehanizmlerini bellemeli. Görkezilen edaralar hereketleriň strategiýasyna we meýilnamasyna jogap bermelidirler. Köp ýagdaýlarda bu häkimiýet berlen we hökümetiň doly goldawyna eýe bolan, ýokary derejede çözüwi kabul edýän döwlet edarasy bilen bagly ýa-da oňa berkidilen agentlikdir ýa-da guramadyr.

6. Monitoring we bahalandyrma mehanizmlerini herekete girizmeli. Strategiýanyň ýa-da syýasatyň şowly amala aşyrylmagynyň görkezijileriniň açyk ara alyp maslahatlaşmak we maslahat berme ýörelgesi esasynda formulirlenilmegi, kabul edilmegi, teswirlenilmegi we ylalaşylmagy örän möhümdir.

Çeşme: Richard Labelleniň *IKTÖ syýasatynyň düzgünlerini formulirlemek we elektron strategiýany işläp düzmek: Umumy maglumat gollanmasy* (Bangkok: PROON-APDIP, 2005-nji ýyl) kitabyndan alnan bölek, http://www.apdip.net/publicationsict4d/ict4dlabelle.pdf.

## Oýlanyşmak üçin soraglar

Syýasaty işläp düzüjiler üçin haýsy tapgyr Siziň pikiriňizçe iň kyn bolar? Näme üçin?

## 1.2. Tehnologiýalar we kadalaşdyryjy – hukuk reformalar

Tehnologiýalarda üýtgemeler kanunlara we kadalara gös-göni täsir edýärler. IKT-iň ykdysadyýetde, syýasatda we jemgyýetde ulanmagynyň giňelmegi bilen milli kanunlara täzeden seretmek hem-de zerur ýagdaýynda, IKT-iň kömegi bilen tehnologiki üýtgemelere we ösüşe päsgel berýänlerini ýatyrmak zerurlygy ýüze çykýar.

Kanun bilen tehnologiýalaryň arasyndaky çuň özara baglanyşyk şertnamalaýyn hukukda aýdyňdyr. Ýurtlaryň köpüsinde şertnamany baglaşmak üçin gol ýuridiki taýdan hökmany talap bolup durýar. Häzirki wagtda ähli kanunlar diýen ýaly hat üsti bilen goluň syýa bilen kagyzda bar bolmagyny talap edýärler. Hakykatda bolsa, biziň üçin gol adatça mesele däldir – bu goluň täze tehnologiýalary ulanmak bilen ýerine ýetirip boljak täze görnüşiniň emele gelmeginden öň bu düşünje aýdyňdy. “Sifrleýin gol” düşünjesi funksional nukdaýnazardan “hat üsti bilen gol” düşünjesine deňgüýçlidir: goluň iki görnüşi hem şertnamany baglaşmaga razyçylygy aňladýar. Emma sifrleýin gol, asimmetriki şifrlemegiň kesgitli bir görnüşi bolmak bilen, adatça, köp ýurtlaryň kanunçylygynyň çäklerinde şertnamany baglaşmagyň şerti hökmünde kabul edilmeýärler. Mesele bu ýerde şu günler şertnamalaryň hem elektron görnüşde bolup biljekdiklerinden ybaratdyr. Elektron söwdany öňe sürmek üçin elektron goly ýuridiki taýdan ykrar etmegiň öte zerurlygy eýýäm häzir ýüze çykdy diýlip hasaplanylýar. Şeýlelikde, ýurtlaryň käbirinde elektron söwda barada kanunlar kabul edildiler, olar hat üsti bilen hem, şeýle-de elektron goluň deň (ýuridiki) ykrar edilmegini üpjün edýärler.

Biznes – modeller hem agalyk ediji tehnologiýalara esaslanýarlar (ýa-da olaryň barlygyny göz öňünde tutýarlar). Mysal hökmünde kitaplar bilen söwdany getirip bolar. Kitaplar kagyzda çap edilýärler, soňra bolsa çap edilen görnüşde ýaýradylýarlar we satylýarlar. Kitabyň gymmatynyň esli bölegini ony çap etmäge çykdajylar düzýärler. Kitaplary ýaýratmagyň gymmaty hem onuň kagyzda çap edilmek faktyna baglydyr. (eBay Internet portaly arkaly kitaby satyn alýan alyjylar käwagt kitaby poçta bilen eltmek boýunça çykdajylar üçin kitabyň özüniň gymmatyndan ýokary tölemäge mejburdyrlar!). Emma eger-de kitap kagyzda çap

edilmese we elektron görnüşde ýaýradylsa näme bolup geçer? Okyjy onuň üçin çap edilen nusga üçin bolan şol bahany tölemelimidir? Kitaby çap ediji kitabyň bahasyndan ony çap etmek we ýaýratmak boýunça çykdajylary aýyrmalymydyr? Eger-de kitaplary elektron görnüşde ýükläp almak mümkinçiligi emele gelse, onda kitap dükanlary bilen näme bolup geçer? Bular ýüze çykýan soraglaryň we meseleleriň entek hemmesi däldir.

Hem-de bular diňe bir peýdasyz pikir ýöretmeler däldirler. Syýasaty işläp düzüjilere beýle soraglar hakynda pikir etmek gerekdir, sebäbi tehnologiki üýtgemeler, adatça, kadalaşdyryjy – hukuk reformalaryndan öňdedirler. Şeýlelikde, täzeden girizilýänler köne düzgünleriň kömegi bilen düzgünleşdirilýärler. Bu haçan-da köne kanunlar has täzesiniň (gowusynyň) ýüze çykmagyna päsgel berenlerinde aýratyn hem ýigrenji görünýär.

Saz senagatyny alalyň. Uzak bolmadyk geçmişde (köp häzirkizaman syýasatçylarynyň entek ýadynda bolan wagt) saz winil plastinkalary görnüşinde ýazylýardy we satylýardy. Plastinkalar uzak wagtlaýyn oýnaýan albomlar (minutda 33 aýlaw ýygylyk aýlanmasynda oýnadylýardy), şeýle hem aýdymyň ýazgysy bolan (minutda 45 aýlaw ýygylyk aýlanmasynda oýnadylýardy) görnüşlidiler, bu, esasan, winil plastiginiň ulanylmagy sebäpli bolýardy. Winil sazy göterijiler üçin esasy material hökmünde gowy görülýärdi, sebäbi ol çeýe we döwülmezekdi (ulanmagyň kadaly şertlerinde). Beýleki göterijilerde sazy ýazmak we eşitmek mümkinçiligi ýüze çykanda näme bolup geçdi? Sazy uzak oýnaýjy plastinkalaryň formatynda satyn almak zerurlygy saklanyp galdymy? Winil plastinkalary kompakt-disklere çalşylanda bu jogap položitel boldy. Emma sazy Internediň üsti bilen ýükläp almak we ony MP3 formatda eşitmek mümkinçiligi peýda bolan häzirki wagtda näme bolup geçýär? Sazy Internediň üsti bilen ýükläp almak mümkinçiligi täze soraglary hem galdyrdy, şeýle-de täze mümkinçilikleri hem üpjün etdi. Näme üçin anyk sazçylaryň/toparlaryň tutuş albomlaryny ýüklemek gerek? Näme üçin anyk aýdymlary ýüklemeýärler? Hem-de, eger-de gowy görülýän sazçylaryň ähli gowy görülýän aýdymlaryny ýükläp alsak, näme üçin olary bir bitewi alboma birleşdirmeli däl? Size muny etmäge näme gadagan edýär? Söwda kompaniýalary tarapyndan sazy satyn almagyň we satmagyň köne usullarynyň saklanmagynyň tarapyny çalmak oýlanyşykly (ýa-da akýürekli) bolýarmy? Hökümet bar bolanlaryň ornuna saz önümlerini satyn almak we satmak üçin täze görnüşleri ulanmaga buýruk bermelimi?

Bu soraglara jogaplary tapmagyň ýeňil däldigini bellemek gerek. Emma syýasatçylar üçin piratçylyk (galtamançylyk) we intellektual eýeçiligi goramak barada jedelleriň esasynda ýatan soraglaryň möhümleriniň biriniň kanunçylygyň we tehnologiýalaryň arasynda özara gatnaşyklara täsir edýändigini düşünmek möhümdir. Täze Zelandiýa awtorlyk hukuklaryny goramak boýunça öz kanunçylygyna täzeden seretmek ýoly bilen ýüze çykan gapma-garşylyklary

aradan aýyrmak üçin kesgitli bir tagallalary amala aşyran käbir ýurtlaryň biri bolup durýar.

## Sifrleýin tehnologiýalar we awtorlyk hukugy: Täze Zelandiýa ýagdaýy

Tehnologiki üýtgemeler, täze tehnologiýalary ösdürmek we ornaşdyrmak köplenç bar bolan kanunlaryň we düzgünleriň maksadalaýykdygy, laýyklygy we herekete getirilmegi barada soraglary galdyrýar. Bu awtorlyk hukugy barada aýratyn dogrudyr, onuň özi tehnologiýanyň önümi bolup durýar. 1709-njy ýylyň awtorlyk hukuklary baradaky iňlis kanunyndan (Annanyň Statuty) başlap, awtorlyk hukuklaryny goramak ulgamynyň ösmeginiň taryhy tehnologiýalar oblastynda üýtgemelere jogap hökmünde ösýän we üýtgeýän kanun tarapyndan bellenilen çäkleri görkezýär. Çap ediş neşirleri, grammofon, mehaniki pianino, radiotranslýasiýa, fotonusgalaýjy maşynlar, wideomagnitofonlar we kompýuterler – awtorlyk hukuklary täze tehnologiýalaryň tekliplerine laýyklykda üýtgeýärdiler, hem-de awtorlaryň we eýeleriniň, neşir edilýän materialy ulanyjylaryň we has giň jemgyýetçilik gyzyklanmalarynyň bähbitlerine awtorlyk hukuklaryny goramagy üpjün etmelidiler.

Söwda, informasion tehnologiýalar, aragatnaşyk we tomaşa senagaty sferalarynda sifrleýin tehnologiýalaryň has artýan giňişleýin ulanylmagy awtorlyk hukuklary baradaky kanunlara gös-göni täsir edýär. Sifrleýin tehnologiýalar zähmetiň netijelerini minimal tagallalar we çykdajylar bilen nusgalamaga, ulanmaga we ýaýratmaga mümkinçilik berýärler, bu analog tehnologiýalary ulanylanda ýöne mümkin däldir. Esasy soraglar bolup durýarlar: awtorlyk hukuklary baradaky häzirki, “sifrleýin” adalgasyna bir ýüzlenmäni hem saklamaýan kanun sifrleýin ýa-da Internet – gurşawda işlemekde ulanylmaga ukyplymydyr, hem-de döredijileriň, eýeleriň we ulanyjylaryň awtorlyk hukuklaryny goramak boýunça talaplaryny kanagatlandyrmak üçin kanuny reformirlemek gerekmidir. Döredijiler we awtorlyk hukugynyň eýeleri sifrleýin nusgalamagy we olaryň zähmetiniň Internediň üsti bilen ýaýramagyny gözegçilikde saklamak boýunça olaryň ukyplary sebäpli biynjalyklyk bildirýärler. Awtorlyk hukuklaryny ulanyjylar awtorlyk hukuklary bilen goralan materiallara eleýeterliligi almak

mümkinçiligine sifrleýin tehnologiýalaryň täsiri babatynda biynjalyklyk bildirýärler.

Awtorlyk hukugy – asyl nusgasynda hödürlenen ideýalary we informasiýany aňlatmak babatynda kanun tarapyndan berilýän hukuklaryň toplumydyr. Awtorlyk hukuklary baradaky kanun bäsleşýän bähbitleriň arasynda, ýagny bir tarapdan, awtorlyk hukuklary bilen goralýan, döredijileriň bähbitleriniň we materiallaryň eýeleriniň bähbitleriniň, hem-de, beýleki tarapdan, bu materiallary ulanyjylaryň bähbitleriniň arasynda deňagramlylygy diklemäge ymtylýar.

Döredijiler we awtorlyk hukuklarynyň eýeleri öz işlerini bu materiallary gözegçilikde saklar ýaly we olary ulanmakdan kesgitli bir telekeçilik bähbidini alar ýaly görnüşde goramaga çalyşýarlar. Awtorlyk hukuklary döredijilere we awtorlyk hukuklarynyň eýelerine awtorlyk işleriniň bazaryny düzgünleşdirmekde kömek berýän düzgünleriň toplumyny döretmegiň hasabyna hemaýat berýärler... Şonuň üçin awtorlyk hukuklary iki möhüm ugurda stimul hökmünde hereket edýärler, olar bu herekedi aşakdakylary höweslendirmek ýoly bilen amala aşyrýarlar:

- Awtorlary awtorlyk hukugy bilen goralýan işleri döretmäge hem-de maýadarlary bu işleri döretmegi maliýeleşdirmäge;
- Awtorlyk hukuklarynyň eýelerini bu işleri mundan buýanky ösdürmäge we olary jemgyýetde ýaýratmaga.

Emma, awtorlyk hukuklary baradaky kanun awtorlyk hukugynyň obýektlerini ulanyjylaryň zerurlyklaryny hasaba hem almalydyr. Bu awtorlyk hukugyny goramagyň anyk ulanyjylaryň we tutuş jemgyýetiň awtorlyk hukugynyň obýektlerine elýeterliligi almakda bähbitleriniň esassyz çäklendirilmeli däldiginiň hasabyna amala aşyrylýar.

Täze Zelandiýanyň uly bolmadyk ilata eýedigine garamazdan, bu ýurtda döredijilik başarnyklarynyň we talantlaryň giň spektrine eýe bolan adamlaryň uly möçberi ýaşaýar. Awtorlyk hukuklaryny goramagyň netijeli ulgamy ykdysady we medeni ösüş üçin döredijilikli zähmetiň gymmatlydygyny ykrar edýän faktorlaryň biri bolup durýar. Ol motiwasiýany üpjün edip biler, ol bolsa höweslendirýär:

- Ýerli, şeýle hem daşary ýurt maýadarlary tarapyndan Täze Zelandiýanyň intellektual we döredijilik potensialyny ösdürmek üçin maýa goýumlaryny ulanmagy we amala aşyrmagy;
- Awtorlyk hukuklaryny ulanmaga esaslanan senagatlary çekmek bilen eksport bazarlarynyň mundan hem buýanky ösüşi;

- Täze Zelandiýanyň medeniýetine we milli düşünjeliligine hemaýat berýän we olary şöhlelendirýän işleri döretmäge.

Täze Zelandiýa döredijilik ukyplaryna we talanta eýe bolan adamlaryň köp sanysyny berýän hem bolsa, ol beýleki ýurtlaryň awtorlyk hukuklarynyň goralmagynyň obýekti bolan köp harytlaryň göni import edijisi bolup durýar. Awtorlyk hukuklarynyň netijeli ulgamy Täze Zelandiýanyň ýaşaýjylary üçin daşary ýurt awtorlyk hukuklarynyň obýektlerine hem-de has wajyby, awtorlyk hukuklary bilen goralýan işlerde saklanýan maglumata elýeterliligi ýeňilleşdirmek üçin hem gulluk edýär. Şonuň üçin Täze Zelandiýadaky awtorlyk hukuklarynyň ulgamynyň söwda hyzmatdaşlarynyň we halkara borçnamalarynyň talap edýänlerine laýyklykda bu obýektleriň zerur goramak derejesini üpjün etmekligi dowam etmegi möhümdir.

Täze Zelandiýada awtorlyk hukuklary oblastynda kanunçylygyň islendik reformasy şeýlelikde ýurduň öz innowasiýalaryny höweslendirmegine we awtorlyk hukugynyň obýektlerini Täze Zelandiýanyň ýaşaýjylaryna ýaýratmagy dowam etmäge; awtorlyk hukuklaryna esaslanan senagatlar üçin eksport bazarlarynyň ösmegine hemaýat bermäge, hem-de içerki kanunçylyk emele getirilende bar bolan we mümkin bolup biljek halkara borçnamalaryny ünse almaga gönükdirilmelidir.

Çeşme: Täze Zelandiýanyň ykdysady ösüş ministrliginiň resminamasy ulanyldy, *Sifrleýin tehnologiýalar we 1994-nji ýyldaky awtorlyk hukuklary baradaky kanun: Ara alyp maslahatlaşmaga çykarylan resminama* (2001-nji ýyl).

http://www.med.govt.nztemplates/MultipageDocumentTOC____991.asp

## Oýlanmak üçin soraglar

1. Awtorlyk hukuklary baradaky kanunlary kabul etmek üçin zerurlyk barmy? Näme üçin hawa ýa-da näme üçin ýok?
2. Awtorlyk hukuklaryny goramak oblastynda Siziň ýurduňyzyň syýasatynyň Täze Zelandiýanyň şoňa meňzeş syýasatyndan tapawutlary nämeden ybarat?

Emma bu üýtgetmäge degişli hemme kanunlar däl. Düzgünleşdirmegi hem sifrleýin tehnologiýalaryň ösüşine uýgunlaşdyrmak üçin üýtgetmelidir.[24]

[24] Administratiw karar "ýerine ýetiriji häkimiýetiň degişli kanuny häkimiýet ygtyýarlyklaryna eýe bolan agentligi tarapyndan çykarylýan düzgünler ýa-da buýruklar" hökmünde kesgitlenilýär. Administratiw kararlar döwlet edaralarynyň sanskiýasy esasynda çykarylmalydyrlar we kanunyň statusyna eýe bolan anyk tema ýa-da predmet

Däp bolan ses telefoniýasynda getirilýän, hyzmat edilýän we ulanylýan tehniki serişdeler tehniki dizaýn bilen birleşdirilendiler. Şol sebäpli diňe bir kompaniýa üçin hyzmatlary (meselem, ses aragatnaşygyny), şeýle hem mümkin bolan hyzmatlary bermek üçin tory (ses aragatnaşygyny) bermek manylydy. Meselem, Filippinlerde, konkurensiýa ornaşdyrylmagyndan öňki döwürde torlary ulanmaga (müşderi liniýalarynyň kommutatory) we ulanyjylar üçin maglumatlary geçirmek we ses aragatnaşygy hyzmatlaryny bermek ygtyýarnamasy bolan diňe bir FKDTS kompaniýasy bardy. Şuňa meňzeş ýagdaý telegepleşikler sferasynda hem bolup geçýärdi, onda-da tory dolandyrýan ýeke-täk kompaniýa bardy, ol diňe bu kompaniýada döredilýän ýa-da satyn alynýan gepleşikleri translýasiýa edýärdi.

Internet-tehnologiýalar, hususan-da Internet-protokol (IP-protokol) torlaýyn serişdeleri we hyzmatlary aýdyň bölmäge mümkinçilik berdiler. Torlaýyn serişdeler (maglumatyň geçirilmegini üpjün edýän torlaryň paket kommutatory) bu serişdeleriň üsti bilen berlip bilinjek hyzmatlar bilen indi baglanyşykly däl (meselem, Internede elýeterlilik, Internet-protokolyň üsti bilen ses habarlaryny geçirmek, maglumatlar). Tehnologiýalarda şuňa meňzeş üýtgemeler torlaýyn serişdeleriň we hyzmatlaryň beýle bölünmegine esaslanan we ykrar edilýän düzgünleri işläp düzmäge hökümete mümkinçilik berýärler. Meselem, torlaýyn prowaýderler hyzmatlary berýänleriň alýan ygtyýarnamalaryndan aýratyn we tapawutly ygtyýarnamalary alyp bilerler. Kompaniýa diňe torlaýyn biznesde işläp biler we diňe maglumatlary toruň bir nokadyndan beýlekisine geçirmek bilen gazanç edip biler (bu ssenariýe laýyklykda maglumatlar öz içine ses habarlaryny, sazy we multimediany hem alýarlar). Hem-de ses telefoniýasy, saz, wideo önümlerini we isleg boýunça oýnlary ýüklemek ýaly hyzmatlary berip bilýän beýleki kompaniýalar hem bolarlar. Bu kompaniýalar hökmany suratda toruň eýeleri bolman hem bolup bilerler, emma olar, esasan, torlaýyn serişdeleri bermek bilen meşgul bolýan kompaniýanyň toruny ulanyp bilerler.

Beýleki, düzgünleşdirmäge dahylly tehniki üýtgeme konwergensiýadyr. Giň manyda konwergensiýa adalgasy “kommunikasiýalar oblastynda pudagyň ýa-da sektoryň serhetleriniň ýuwulmagyny (ýitmegini)” [25] aňladýar. YÖHG-a laýyklykda konwergensiýanyň üç ölçegi bar – tehniki, funksional we korporatiw. Bizi bu ýerde gyzyklandyrýan tehniki konwergensiýa “maglumaty geçirmegiň bir režiminde (koaksial ýa-da süýüm-optiki kabel) ýygy-ýygydan şol bir wagtda dürli görnüşli maglumaty: ses habarlaryny, teksti, maglumatlary, ses, şekilleri geçirmegiň mümkinçiligi ýüze çykýar”.[26] Eger-de ozal hususy sarp edijilere

---

barada has jikme-jik maglumaty saklamalydyrlar... (Kanunçylygyň kitaphanasy, “Birinji okuw ýylynyň talyplary üçin adalgalaryň sözlügi”, Jorj Meýson uniwersitet hukuk mekdebi, http://www.law.gmu.edu/libtech/glossary).

[25] Robert E.Babe. *Täze tehnologiýalarda konwergensiýa (serhetleriň ýitmegi),* http://www.ucalgary.ca/~rseiler/babe.htm.

[26] Şol ýerde.

Internede elýeterlilik, telewizion gepleşikler we telefon aragatnaşygy hyzmatlaryny bermek üçin aýratyn kabeller talap edilýän bolsa, onda konwergensiýa bilen bu ähli hyzmatlary (şeýle-de isleg boýunça wideo we tölegli telewideniýe ýalylary hem) bermek üçin diňe bir kabeliň bolmagy talap edilýär. Emma, bu tehniki taýdan mümkin bolsa hem, köp ýagdaýlarda düzgünleşdirmeler beýle çäreleri praktiki taýdan amala aşyrmaga mümkinçilik bermeýärler.

Ygtyýarnamalaşdyrmak konwergensiýany durmuşdaky barlyk edip biler. Ine näme üçin HEAB konwergensiýany ösdürmäge hemaýat üçin ýönekeýleşdirilen "goýberiş ulgamyndan" daşarda ygtyýarnamalaşdyrmak prosesine seretmäge hökümetleri çagyrýar (seret, Ara goşma, 3).

**Ara goşma 3.** Telekommunikasiýalar oblastynda ygtyýarnamalaşdyrmak.

1980-nji we 1990-njy ýyllarda telekommunikasion sektoryň reformalarynyň barşynda ýurtlar başda ygtyýarnamalaşdyrmagy bazara girmegiň gözegçiliginiň we düzgünleşdiriji borçnamalary ýüklemegiň usuly hökmünde ulandylar. Hat-da bazary liberallaşdyrmagyň başlangyç tapgyryndan soňra hem ygtyýarlandyrmak prosesi käbir ýurtlarda entek hem bazara girmegiň gözegçilgi üçin goýberişiň serişdesi bolup gulluk edýär. Emma konwergensiýanyň täze zamanynda syýasatçylaryň has köpsanlysy ygtyýarnamalaşdyrmagyň maksadalaýykdygyny şübhe astyna alýarlar hem-de ygtyýarnamalaryň bazaryň we tehniki progresiň ösüşi üçin päsgelçilikleri döretmän, syýasy maksatlara ýetilmegi üçin niýetlenilmegini talap edýärler. Bu howplanmalar iki sany möhüm tendensiýa öwrüldiler: ygtyýarnamalaşdyrmagy minimuma eltmegiň ýa-da doly ýatyrmagyň hasabyna berilýän hyzmatlaryň sanynyň artdyrylmagy, hem-de bolsa ygtyýarnamalaşdyrmagyň birleşen binýat strukturasynyň işlenilip düzülmegi, ol hyzmatlaryň däp bolan görnüşleriniň we täze tehnologiýalara esaslanan ygtyýarnamalaşdyrmagyň arasyndaky tapawutlary ýok edýär.

**Hususy ygtyýarnamalaşdyrmakdan umumy rugsatnamalara.**

Bu gün ýurtlaryň birnäçesinde bazara çykmaga we konkurensiýany artdyrmaga päsgel berýän bökdençlikleri aýyrmak maksatlary bilen köp hyzmatlary ygtyýarnamalaşdyrmak talaplary gowşadylandyrlar. Talap edilýän hususy ygtyýarnamalaşdyrmagyň we arzalary bermegiň uzak wagtlaýyn proseduralaryny geçmegiň ornuna köplenç hyzmatlaryň artýan möçberini bermek üçin umumy rugsatnamalar ulanylýarlar. Bu tendensiýanyň aýdyň mysaly bolup Ýewropa Bileleşiginiň (ÝB) ýurtlary – agzalary hyzmat edip bilerler, olar ähli elektron aragatnaşyk serişdeleri üçin ygtyýarnamalary

bermegiň bitewi klassifikasiýasyny döretmek boýunça möhüm çäreleri kabul etdiler.

**Ýörite ygtyýarnamalardan umumylara.**

Malaýziýanyň 1999-njy ýylda kabul edilen Telekommunikasiýalar we multimedia baradaky Kanuny (MTK) kadalaşdyryjy binýady dikledi, ol konwergensiýa prosesini gös-göni hasaba almaga we şöhlelendirmäge gönükdirilendir. Hususan-da, telekommunikasiýalar we gepleşik eşitdiriş pudagy üçin MTK ygtyýarnamalaşdyrmak ulgamyny hödürledi, ol anyk tehnologiýalara we hyzmatlara bagly däl, bu bolsa çäkli ugurly ygtyýarnamalaryň sanyny 31-den umumy kategoriýaly ygtyýarnamalaryň 4 sanysyna çenli peseltdi.

**Ygtyýarnamalaşdyrmagyň bitewi binýady**

Indiki tapgyra geçmek bilen käbir ýurtlar ygtyýarnamalaşdyrmagyň bitewi modelini döretmek boýunça çäreleri kabul edip başladylar. Hindistanyň ygtyýarnamalaşdyrmagyň bitewi režimine geçiş tejribesi bu tendensiýa käbir düşünmegi berýär. 2004-nji ýylyň martynda çap edilen resminamada Hindistanyň telekommunikasiýalar ulgamyndaky düzgünleşdiriji edara ygtyýarnamalaşdyrmagyň birnäçe unifisirlenen modellerini teklip etdi.

**Tehnologiýalara we hyzmatlara bagly bolmazlyk**

Ygtyýarnamalaşdyrmagyň birleşen binýadyna geçmegiň esasy maksatlarynyň biri tehnologiki bitaraplygy gazanmakdyr. Bu adalga astynda ygtyýarnama alyjynyň onuň ygtyýarnama boýunça hödürlejek hyzmatlaryny bermek üçin ulanjak tehnologiýalaryny we enjamlary saýlamak erkinligine düşünilýär. Meselem, tölegli telefon aragatnaşygynyň hyzmatlaryny subsidirleýän ählumumy elýeterlilik bolan obadaky taslama, eger-de operatora optimal tehniki serişdeleri saýlamaga ýa-da telefon aragatnaşygynyň bu hyzmatlaryny bermek üçin arhitekturany saýlamaga rugsat berilýän bolsa, onda tehnologiki garaşsyz diýlip hasaplanylyp bilner.

Tehnologiki bitaraplyga ýetmek boýunça eksperimentlere goşmaça dürli ýurtlaryň hökümetleri anyk hyzmatlara bagly bolmadyk ygtyýarnamalaşdyrmaga has köp geçýärler. Bu ygtyýarnamalaryň eýelerine haýsy anyk hyzmatlaryň has köp talap edilýändigi we girdejilidigi barada bazaryň duýduryşlaryny hasaba almaga mümkinçilik berýär. Bitewi ygtyýarnama operatorlara bazarda islegiň üýtgäp durmagyny hasaba almak bilen dürli görnüşli hyzmatlaryň we goşundylaryň köplügini teklip etmäge mümkinçilik berýär. Tehnologiki bitaraplygy we anyk hyzmatlara bagly bolmazlygy birikdirýän ygtyýarnamalaşdyrmak ulgamlary operatoryň

ulanylýan tehnologiýalary saýlap bilmek mümkinçiliginiň hasabyna berip biljek hyzmatlarynyň ulanylmagyny we sanyny artdyrýarlar. Köp ýurtlar, Awstraliýa, ÝB-iň ýurtlary – agzalary we Malaýziýa ýalylar eýýäm ygtyýarnamalaşdyrmagyň birleşdirilen ulgamlaryny kabul etdiler.

Çeşme: HEAB-iň resminamasy ulanyldy, 2004/2005-nji ýylarda telekommunikasiýalar oblastynda reformalaryň ugurlary. Konwergensiýa zamanynda ygtyýarnamalaşdyrmak – netijeler (Ženewa, HEAB, 2004-nji ýyl), http://www.itu.int/dms_pub/itu-d/opb/reg/DREG-TTR.7-2004-SUM-PDF-E.pdf.

### Oýlanmak üçin soraglar

Ýokarda beýan edilenleriň içinden telekommunikasiýalar oblastynda ygtyýarnamalaşdyrmagyň tendensiýalarynyň haýsysyna Siziň ýurduňyzda eýerýärler? Näme üçin Siz şeýle pikir edýärsiňiz?

Argument ýönekeý. Kanunlar we düzgünleşdirmeler tehnologiki üýtgemeler bilen aýakdaş gitmelidirler. Sifrleýin tehnologiýalaryň, aýratyn hem Internediň emele gelmegi bilen, tory ýa-da infrastrukturany düzgünleşdirmegiň usulyna zerurlyk ýüze çykýar. Häzirki wagtda hyzmatlary berijileri torlaýyn serişdeleriň prowaýderlerinden aýratyn topar hökmünde seretmek mümkinçiligi bar.

Syýasatçylar tehniki progresiň şertlerinde äwmezlik edip bilmezler, sebäbi haçan-da köne kadalar täze tehnologiýalary we onuň netijelerini düzgünleşdirende meseleler ýüze çykýarlar. Syýasatçylar (we düzgünleşdiriji edaralar) haýsy derejede häzirki bar kanunlaryň we kesgitlenilen kadalaryň täze tehnologiýalaryň ýaýramagyna we biznesiň täze görnüşleriniň ösmegine bökdençlik döredýändiklerini ýa-da päsgel berýändiklerini bahalandyrmalydyrlar. Hususan-da, olar kanunlar ýa-da kadalaşdyryjy namalar barada göz ýetirmeli:

1. Birleşdirilen hyzmatlary bermekden bähbitlere ýetmek ýolunda emeli barýerleri döredýärler;
2. Esaslandyrylmadyk gyşarmalary döredýärler, olar senagatyň pudagynyň ol ýa-da beýleki segmentine beýlekilere garanyňda artykmaçlyklar ýa-da päsgelçilikler döredýärler;

3. Täze döwlet hyzmatlarynyň we döwlet bähbitleriniň mümkinçiliklerini we talaplaryny laýyk görnüşde hasaba alýarlar;
4. Ýeterlik derejede täze tehnologiki we hyzmat beriji mümkinçilikleriň öň gurşalyp alynmadyk ýa-da ýeterlik derejede hyzmat berilmeýän sebitler we adamlar üçin torlary we hyzmatlary ösdürmek ugrunda ulanylmagyny höweslendirýärler.[27]

### Amaly gönükmeler

Öz ýurduňyzdaky kanunlary we kadalary kesgitläň, olar mümkin:

- Doly birleşdirilen hyzmatlary bermekden bähbitlere ýetmek ýolunda emeli barýerleri döredýärler;
- Esaslandyrylmadyk gyşarmalary döredýärler, olar senagatyň pudagynyň ol ýa-da beýleki segmentine beýlekilere garanyňda artykmaçlyklary ýa-da päsgelçilikleri döredýärler;
- Laýyk görnüşde täze döwlet hyzmatlarynyň we döwlet bähbitleriniň mümkinçiliklerini we talaplaryny hasaba alýarlar;
- Ýeterlik derejede täze tehnologiki we hyzmat beriji mümkinçilikleriň öň gurşalyp alynmadyk ýa-da ýeterlik derejede hyzmat berilmeýän sebitler we adamlar üçin torlary we hyzmatlary ösdürmek ugrunda ulanylmagyny höweslendirýärler.

Bir ýurduň wekilleri bu gönükmäni toparda ýerine ýetirip bilerler.

## 1.3. IKT syýasatyny işläp düzmäge köptaraplaýyn gatnaşmak

Şu wagta çenli biz IKT oblastynda döwlet syýasatyny işläp düzmek bilen bagly iki soraga seretdik – bazara-ugrukdyrylan IKT syýasatyny işläp düzmeklik, hem-de bolsa tehnologiki üýtgemeleriň we kadalaşdyryjy-hukuk reformanyň arasyndaky arabaglanyşyk. Bu bölümde biz gyzyklanýan taraplary IKTÖ syýasatyny işläp düzmek prosesine çekmegiň zerurlygy baradaky soragy öwreneris.

[27] IKT işleriniň administratiw dolandyryşyny üpjün etmegiň serişdeleriniň toplumy "Modul 7: Täze tehnologiýalar we olaryň administratiw dolandyryşa täsiri", infoDev we HEAB, http://www.ictregulationtoolkit.org/en/Section.1318.html.

Gyzyklanýan taraplar bolup formulirlenen syýasata gyzyklanma bildirýän aýratyn şahslar, toparlar ýa-da guramalar çykyş edýärler. Gyzyklanýan tarap düşünjesiniň beýleki kesgitlemesi “ymykly täsir edýän ýa-da başgalaryň çözüwleriniň netijesindäki işlerde zyýan çeken kimdir biri”[28] bolup durýar. Meselem, bilim oblastynda IKT bilen bagly taslamalarda gyzyklanýan taraplar bolup talyplar, ene-atalar, iş berijiler, döwlet edaralary, jemgyýetçilik, okuw jaýlarynyň uçurymlary, kompýuter kompaniýalary we multimedia kompaniýalary bolup durýarlar. IKTÖ-iň dürli soraglary dürli gyzyklanýan taraplara eýedirler. Bilim oblastynda IKT üçin gyzyklanýan taraplaryň köplügi saglygy goraýyş oblastynda IKT üçin gyzyklanýan taraplaryň köplüginden tapawutlanýar.

Gyzyklanýan taraplar dürli bähbitlere wekilçilik edýärler we ara alyp maslahatlaşmalara dürli maksatnamalary çykarýarlar. Şeýle-de bolsa, IJSBÝDÄD mejlisinde dünýä liderleri tarapyndan bellenilişi ýaly:

> Hökümet, hem-de bolsa hususy sektor, raýat jemgyýeti, BMG we beýleki halkara guramalar informasion jemgyýetiň ösüşinde, hem-de, zerur bolanda, çözüwleri kabul etmek prosesinde, möhüm roly oýnaýarlar we jogapkärçilik çekýärler. Adamlaryň bähbitlerine gönükdirilen informasion jemgyýeti gurmak ähli gyzyklanýan gatnaşyjylaryň arasynda bilelikdäki hereketiň we hyzmatdaşlygyň esasynda umumy tagallalary talap edýär.[29]

Syýasaty işläp düzmäge köptaraplaýyn gatnaşyga ynam dürli toparlaryň umumy maksada, meselem, IKT-i ösüş maksatlary üçin ulanmaga ýetmek üçin bilelikde ýygnanyp bilmegine bolan ynançdan gelip çykýar. Köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk:

1. IKT oblastynda syýasaty işläp düzmekde we ornaşdyrmakda ählumumy gurşap alynmagy we deňligi höweslendirýär;
2. IKT oblastynda syýasatyň soraglary çözülende analitiki mümkinçilikleri giňeldýär;
3. Aşaky derejede mobilizasiýa we gatnaşyga hemaýat berýär;
4. Hereketleriň maksada gönükdirilen we toplumlaýyn meýilnamasyny işläp düzmegi höweslendirýär;
5. Tejribäni alyş-çalyşmagy we innowasion işleri höweslendirýär;
6. Täze nesliň bilermenlerini taýýarlamak üçin möhüm platformany döredýär;

---

[28] Jacques Chevalier, *Gyzyklanýan taraplaryň derňewi we tebigy resurslary dolandyrmak prosesi* (2001-nji ýylyň iýuny), http://http-server.carleton.ca/~jchevali/STAKEH2.html.

[29] IJSBÝDÄD, “Ýörelgeleriň deklarasiýasy – Informasion jemgyýeti gurmak: Täze müňýyllygyň global meselesi”, http://www.itu.int/wsis/docs/geneva/official/dop.html.

7. Bazara gönükdirilen bolmak bilen ösüşe ugrukdyrylan bolmagyň arasynda balansy döredýär;
8. Hilli dolandyryşy höweslendirýär, sebäbi hyzmatdaşlyk dürli toparlara degişli strategiýalaryň we maksatnamalaryň arasynda konfliktleri, boşluklary we dublirlemeleri ýüze çykarmaga, hem-de bolsa öz işini mundan hem buýana gowy ylalaşmaga mümkinçilik berýär;
9. Gatnaşyjylara öz maliýe resurslaryny ulanmaga rugsat berýär;
10. Liderleri hem, şeýle-de yza galýanlary hem höweslendirýär, ýagny hyzmatdaşlyk çäkli borçnamaly gatnaşyjylary höweslendirmek we progressiw gatnaşyjylaryň tagallalaryny birleşdirmek üçin platformany döredýär;
11. Hereketler babatynda jogapkärçiligi we borçnamalary höweslendirýär;
12. Adatça biri-birine ynamsyzlyk we halamazlyk bilen garaýan dürli toparlaryň arasynda ynamlylygy ösdürmäge kömek edýär.[30]

Syýasaty işläp düzmekde köptaraplaýyn gatnaşygyň möhüm komponenti gyzyklanýan taraplary derňew etmekdir, ol “gyzyklanýan taraplary olaryň aýratynlyklary, özara gatnaşyklary we anyk sorag ýa-da resurs bilen baglanyşykda bähbitleriniň esasynda ýüze çykarmak we beýan etmek üçin instrumental serişdeleriň giden bir toparyny ulanýar”.[31] Gyzyklanýan taraplaryň derňewi geçirilende aşakdaky ädimlere seretmek gerek:

1. Derňewi geçirmegiň esasy maksadyny kesgitlemeli.
2. Ulgama düşünmegiň we ulgamda kimiň çözüw kabul edýändiginiň üstünde işlemeli.
3. Esasy gyzyklanýan taraplary kesgitlemeli.
4. Gyzyklanýan taraplaryň bähbitlerini, olaryň häsiýetli aýratynlyklaryny we ýagdaýlaryny öwrenmeli.
5. Gyzyklanýan taraplaryň arasynda bilelikdäki hereketiň strukturasyny we şertlerini kesgitlemeli.
6. Dolandyryş üçin wariantlary kesgitlemeli.[32]

---

[30] Lishan Adam, Tina James we Alice Munyua Wanjirar, *Ösüş maksatlary üçin IKT-de köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk barada ýygy berilýän soraglar: IKT oblastynda döwlet syýasatyny praktiki işläp düzüjiler üçin gollanma* (Melwill: Progressiw hyzmatdaşlyk maksatlary üçin assosiasiýa, 2007), 8-9, http://rights.apc.org/documents/catia_ms_guide_EN.pdf .

[31] Ricardo Ramirez, “Bap 5: Gyzyklanýan taraplaryň derňewi we konfliktleriň menejmenti”, *Parahatçylygy Ösdürmek: Tebigaty ulanmakda Konflikt we Hyzmatdaşlyk*, red. Daniel Bakles (Ottawa: Halkara Ösüşini Öwrenmek Merkezi, 1999 (Ricardo Ramirez, “Chapter 5: Stakeholder analysis and conflict management,” in *Cultivating Peace: Conflict and Collaboration in Natural Management*, ed. Daniel Buckles (Ottawa: International Development Research Centre, 1999)), http://www.idrc.ca/en/ev-27971-201-1-DO_TOPIC.html.

[32] Şol ýerde.

Gyzyklanýan taraplaryň derňewine has jikme-jik çemeleşme oba hojalyk informasion ulgamlarynyň çalt bahalandyrmasynyň (OHIUÇB) hereket ediji (aktor) – gönükdirilen usulyýetinde ulanylýar, ol gyzyklanýan taraplaryň we olaryň torlarynyň ulgamlaýyn we toplumlaýyn bahalandyrylmagy üçin işlenilip düzüldi. Ol 3 tapgyry we 16 ädimi öz içine alýar.

**Tapgyr A: Meseläni kesgitlemek.**
1. Maksady (maksatlary) bahalandyrmak
2. Degişli hereket edijileri (aktorlary) (subýektleri – gyzyklanýan taraplary) ýüze çykarmak
3. Missiýany (dürli görnüşde) formulirlemegi gözegçilikde saklamak
4. Gurşawy kesgitlemek
5. Aýdyňlaşdyrmak – meseläni gaýtadan kesgitlemek

**Tapgyr B: Çäklendirmeleriň we mümkinçilikleriň derňewi**
1. Täsir
2. Hereket edijiler (aktorlar)
3. Bilimleri alyş-çalyş boýunça torlar
4. Integrasiýa
5. Meseleler
6. Utgaşdyrmak
7. Bilelikdäki hereket
8. Innowasiýalar üçin jemgyýetçilik guramasynyň roluna düşünmek

**Tapgyr W: Strategiýany amala aşyrmak boýunça işleri meýilleşdirmek**
1. Bilimleri dolandyrmak
2. Aktorlaryň mümkinçilikleri – kim nämä ukyply ?
3. Hereketleriň meýilnamasyna laýyklykda strategiki borçnamalar[33]

IKTÖ oblastynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlykda üstünlik gazanmak üçin syýasatçylara Bilimler oblastynda Global hyzmatdaşlygyň çäklerinde işlenilip düzülen Köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň Ýörelgeleri barada ýatlamak erbet bolmazdy (seret, Ara goşma 4).

**Ara goşma 4**. Köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýörelgeleri

ÝÖRELGE 1

[33] Has jikme-jik maglumaty almak üçin, seret, “Giriş: problemalar, meseleler we konstruirlemek prosesi”, http://www.kit.nl/net/KIT_Publicaties_output/ShowFile2.aspx?e=604.

Haçan IKT oblastynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň usulyny ulanmalydygyň ýagdaýyny bilmek, şu üç funksiýalaryň goşulyşmagyny ykrar etmekden durýar: durnukly ösüşiň maksatnamasynyň olar babatynda IKT-iň täsir edýän aspektleri; durnukly ösüş üçin mümkinçilikleri üpjün etmek serişdesi hökmünde IKT-i ýaýbaňlandyrmak boýunça saklanyp galan problemalar, hususan-da, şol ýagdaýlarda, haçan-da jemgyýetde bir gatnaşyjy tarapyndan ýa-da şertnamalaýyn esasda çözüwiň işlenilip düzülmegi başa barmanda; hem-de IKTÖ oblastyndaky şol hemişelik, öz çylşyrymlydygy sebäpli biznes, hökümet we raýat jemgyýeti tarapyndan resurslaryň we kompetensiýanyň strategiki ylalaşylmagyny talap edýän garşylyklar.

ÝÖRELGE 2

Hyzmatdaşlyga girmäge razylaşmakdan ozal onuň bilelikdäki iş üçin esasy hereketlendiriji güýçlere laýyklyk manysynda göz öňünde tutulýan gymmatlylygy, mümkin bolan alternatiwalary we töwekgellikleri hasaba almak bilen obýektiw bahalandyrylmalydyr.

ÝÖRELGE 3

IKT oblastynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk haçan-da her tarapdan gyzyklanma bildirilende, hem-de her kim beýleki taraplaryň bähbitlerini kanagatlandyrýan çözüwlere işeňňir ymtylanda, ýagny hyzmatdaşlyk özara bähbitli bolanynda iň gowy görnüşde işlär.

ÝÖRELGE 4

Şowly hyzmatdaşlyk gatnaşyklary goşmaça ygtyýarlyklarda we resurslarda gurulýarlar, olar tutuşlygyna alnanda käbir strategiki işlenilip düzüleniň parametrlerini kanagatlandyrmalydyrlar.

ÝÖRELGE 5

Hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna goldaw berýän resurslar we kompetensiýalar guramalaryň – hyzmatdaşlaryň profilleýin işlerine ýakynlaşdyrylan bolmalydyrlar, bu iki tarapyň hem maksatlara ýetmekde we guramanyň çäklerindäki gündelik işlerde hyzmatdaşlygyň ähmiýetlidigine düşünmegi hem-de täze fiksirlenen harç etmeleri kabul etmäge däl-de, bar bolan binýat sarp etmelerinden ugur alyp, hyzmatdaşlygyň ähli netijeliligini ulanmaklary üçin gerekdir.

ÝÖRELGE 6

IKT oblastynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň görnüşine garamazdan konsensusy hat üsti görnüşindäki resminamada gazanmak gerekdir, ol iň bolmanda şulary kesgitlemelidir: hyzmatdaşlygyň umumy konsepsiýasyny, hyzmatdaşlygy

goldamak üçin her hyzmatdaşyň meselelerini, hem-de bolsa funksiýalaryň we borçnamalaryň paýlanylmagyny. Bu resinamanyň ahlak we hukuk statusy ýagdaýlara bagly bolar.

ÝÖRELGE 7

IKT oblastynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijeleri bahalandyrylanda daşarky faktorlaryň täsirinden başga hyzmatdaşlyk işlerinden goşmaça goşantlary ýüze çykarmaga çäreler kabul edilmelidir, hem-de bolsa soňky mümkin bolan alternatiwalary ýüze çykarmaga hem, ýagny Hyzmatdaşlygyň goşmaça gymmaty – Hyzmatdaşlygyň netijeleriniň bahasy – (Daşarky faktorlar + Mümkin bolan alternatiw wariantlar).

Çeşme: Bilimler oblastynda Global hyzmatdaşlykdan ulanyldy, Köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň taslamalary (Kuala-Lumpur: Bilimler oblastynda global hyzmatdaşlyk boýunça sekretariat), http://www.globalknowledge.org/gkps_portal/index.cfm?menuid=178&parentid=179.

## Oýlanmak üçin soraglar

Öz hususy tejribäňiziň esasynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň haýsy ýörelgeleri has ýygy hasaba alynmaýarlar ýa-da berjaý edilmeýärler? Siziň pikiriňizçe bu näme üçin bolup geçýär?

## Amaly gönükmeler

*IKT oblastynda Siziň gyzyklanýan taraplaryňyz kimler?* Gyzyklanýan taraplary, olaryň esasy bähbitlerini, hem-de bolsa aşakdaky IKTÖ taslamalary üçin degişli güýçli we gowşak taraplary kesgitläň:

- Saglygy goraýyş üçin IKT
- Bilim üçin IKT
- Oba hojalygy üçin IKT
- Tebigy betbagtçylyklaryň netijelerini aradan aýyrmak üçin IKT

Bir ýurduň wekilleri bu gönükmäni toparda ýerine ýetirip bilerler.

## Özüňizi barlaň

1. IKTÖ-de hökümetiň roly nähili?
2. IKT oblastynda bazar strategiýasy diýip näme göz öňünde tutulýar? Bu informasion infrastrukturanyň ösüşinde özüni nähili bildirýär?
3. HDBG-iň ösüş prosesinde roly nähili?
4. “Sifrleýin rewolýusiýanyň” kanunlara, hususan-da, awtorlyk hukuklary baradaky kanunlara täsiriniň netijeleri nähili?
5. IKT oblastynda gyzyklanýan taraplar kimler? Näme üçin olara üns bermek möhüm?

## Goşmaça edebiýat


Konsidaýn, Mark. 2005. *Jemgyýetçilik syýasatyny ýerine ýetirmek: Institutlar, Aktýorlar, Strategiýalar*. Kembrij, BK: Syýasat (Considine, Mark. 2005. *Making Public Policy: Institutions, Actors, Strategies*. Cambridge, UK: Polity).

Hanna, Nagi K. 2003. *Näme üçin Milli Strategiýalar IKT-e esaslanan Ösüşe mätäç.* ISG işgärleriniň iş resminamalary. (Hanna, Nagy K. 2003. Why National Strategies are needed for ICT-enabled Development. ISG Staff Working Papers). http://wsispapers.choike.org/national_strategies.pdf.

Labelle Riçard. 2005. *IKT Syýasatyny formulirlemek we e-Strategiýasyny Işläp düzmek: Maglumat beriji gollanma.* Bangkok: UNDP-APDIP. (Labelle, Richard. 2005. *ICT Policy Formulation and e-Strategy Development: A Comprehensive Guidebook*. Bangkok: UNDP-APDIP). http://www.apdip.net/publications/ict4d/ict4dlabelle.pdf.

Lallana, Emmanuel K. 2004. *Saýlanan Aziýa ykdysadyýetleri üçin IKT Syýasatlaryna we e-Strategiýalara Syn.* (Lallana, Emmanuel C. 2004. *An Overview of ICT Policies and e-Strategies of Select Asian Economies*. Bangkok: UNDP-APDIP). http://www.apdip.net/publications/ict4d/OverviewICTPolicies.pdf

Missika-Wierzba, Bazylle we Mark Nelson. 2006. *Mümkinçilikleri Ösdürmekde Rewolýusiýa? Afrikalylar agyr soraglary berýärler.* Waşington, K.O.: Dünýä Bankynyň Instituty. (Missika-Wierzba, Bathylle and Mark Nelson. 2006. *A*

*Revolution in Capacity Development? Africans Ask Tough Questions*. Washington, D.C.: World Bank Institute).
http://siteresources.worldbank.org/INTCDRC/Resources/CapDev_No16_5.3.06.pdf.

Stiglis, Jozef. 2007. *Globallaşmak Işini Ýerine Ýetirmek.* London: Pingwin Kitaplary (Stiglitz, Joseph. 2007. *Making Globalization Work*. London: Penguin Books).

Tipson, Frederik S. we Klaudiýa Fritelli. 2003. *"Ösüş üçin IKT-iň" Milli Strategiýalarynyň Global Sifrleýin Mümkinçilikleri."* Markle Fondy (Tipson, Frederick S. and Claudia Frittelli. 2003. *Global Digital Opportunities National Strategies of "ICT for Development."* Markle Foundation).
http://www.markle.org/downloadable_assets/gdoi_1223.pdf.

UNDP Bahalandyryş Ofisi. 2001. *Ösüş üçin Informasion Kommunikasion Tehnologiýa. UNDP Ilkinji zerurlyklar: Öwrenilen Sapaklaryň Umumylaşdyrylmagy*. Nýu-Ýork: UNDP. (UNDP Evaluation Office. 2001. *Information Communications Technology for Development. UNDP Essentials: Synthesis of Lessons Learned*. New York: UNDP).
http://www.internetpolicy.net/practices/essentials5-web.pdf.

## 2. IKTÖ OBLASTYNDA MILLI SYÝASATYŇ ELEMENTLERI

Bu bölümde IKT oblastynda ähli taraplaýyn milli syýasatyň umumy elementleriniň içinden üç sanysy bilen bagly soraglar şöhlelendirilýärler we ara alnyp maslahatlaşylýarlar, ol soraglar: potensialy ösdürmek, ykdysadyýetde IKT sektoryny döretmek, hem-de bolsa elektron dolandyryş.

Beýleki teswir berijiler tarapyndan bellenilişi ýaly “IKT oblastynda milli syýasatyň esasy maksady IKT-i ulanmakdan bähbitleri we onuň giňelmeginiň töwekgelliklerini olar ösüş oblastynda milli maksatlar bilen ylalaşykly bolar ýaly görnüşde balansirlemekden ybaratdyr”.[34] Şeýlelikde, IKT oblastynda ähli taraplaýyn milli syýasat esasy elementleriň birnäçesini öz içine almalydyr. Bu bölümde şeýle elementleriň üçüsine seredilýär – adam kapitalyny ösdürmek, IKT senagatyny döretmek we elektron dolandyryş.

Ara alyp maslahatlaşmagyň özüne geçmezden ozal iki sany möhüm ýatlatma.

Birinjiden, IKT oblastynda milli syýasaty işläp düzmek bir gezeklik iş däldir. IKT oblastynda ähli pikir edilip bolunjak milli maksatlary bir resminamada meýilleşdirmeli däl. Şowlulyk gazanan ýurtlaryň köpsanlysy IKT oblastynda milli strategiýalaryň täze meýilnamalary öňki meýilnamalarda goýlan esasda gurlan birnäçesini kabul etdiler. Koreýa Respublikasy, meselem, dünýä derejesinde informatizirlemeklige 2010-njy ýylda ýetmegi göz öňünde tutup, Informatizirlemäge hemaýat bermegiň Esasy meýilnamasyndan (1996-2000 ýyllar) başlady. Ondan soňra bilimlere esaslanan öňdebaryjy jemgyýeti gurmak konsepsiýasy bilen 21-nji asyryň Kiber-Koreýa meýilnamasy (1999-2002 ýyllar) kabul edildi. Üçünji meýilnama Elektron Koreýany göz öňüne getiriş 2007 (2002-2007 ýyllar) diýlip atlandyrylýardy, onda “global lider hökmünde elektron Koreýany gurmak” göz öňünde getirilýärdi. Soňky milli meýilnama Koreýany giň zolakly IT bilen göz öňünde getirmek 2007 bolup durýar, ol Koreýanyň geljege meýilnamasyny aşakdaky maksatlar bilen kesgitleýär:

- Döwlet gullugynyň netijeliligini we aýdyňlygyny ýokarlandyrmak maksatlary üçin elektron hökümet;
- Global konkurensiýa ukyplylygy ýokarlandyrmak üçin elektron transformasiýa;
- Aragatnaşygyň giň zolakly toruny gurmak we ykdysady ösüşiň täze hereketlendiriji güýjüni gözlemek;
- Sifrleýin sosial-gönükdirilen döwleti amala aşyrmak;

[34] Progressiw baglanyşyklary guramagyň assosiasiýasy, “Bölüm 3: Syýasat we dolandyryş”, IKT oblastynda syýasat boýunça gollanma, http://rights.apc.org/handbook/ICT_11.shtml.

- IT oblastynda global hyzmatdaşlygy giňeltmek.[35]

Ikinjiden, bu bölüm milli informasion infrastrukturany (MII) ösdürmegi – ýagny ses maglumatyny, maglumatlary, tekstleri, şekilleri we wideomaglumaty (multimedia) dialog režiminde geçirmäge ukyply, ýurduň informasiýa zerurlygyna hyzmat edýän giň zolakly tory ara alyp maslahatlaşmaýar. MII-i işläp düzmäge zerurlyk umumy ykrar edilendir. Köp ýurtlar öz IKTÖ syýasatynda MII ösdürmäge artykmaçlyk berdiler. Gynansakda, MII-e bolan üns IKTÖ oblastynda milli syýasatyň beýleki elementlerini gysyp çykardy. Käbir ýerlerde infrastrukturany ösdürmäge üns babatynda bu gyşarmany aradan aýyrmaga synanyşma hökmünde, bir tarapdan bolsa ýeriň we wagtyň çäklidigi sebäpli, ýene-de öňki bölümde telekommunikasiýalary ösdürmegiň eýýäm ara alnyp maslahatlaşylandygy sebäpli, indiki ara alyp maslahatlaşmalarda esasy üns IKT oblastynda milli syýasatyň beýleki, az ahmiýetli däl elementlerine berler, has takygy: potensialy güýçlendirmäge, ykdysadyýetde IKT sektoryny ösdürmäge, hem-de bolsa elektron dolandyryşa.

## 2.1. IKT potensialyny ösdürmek

Informasion infrastrukturany ösdürmäge artykmaçlyk beren köp ýurtlaryň hökümetleri elýeterliligiň diňe bir Internede birikdirilmegi bermegi aňlatmaýandygyna ýeterlik tiz göz ýetirdiler. Hatda jemgyýetçilige Internede mugt birikmek mümkinçiligi berlen ýagdaýynda hem, emma hiç kim Internedi nähili ulanmalydygyny bilmese, onda jemgyýetçilik üçin Internede elýeterlilik nokady peýdasyz bolar. Bridges.org bellenilişi ýaly:

> Islendik tehnologiýa ýeterlik bolmaz, eger-de adamlar ony öz durmuşynda ýa-da işinde nähili netijeli ulanmalydyklaryna düşünmeseler, ýa-da olara ulanmak öwredilmedik bolandyklary üçin, ýa-da olar ony ulanmaga özlerine mümkinçiligi göz öňüne getirip bilmeýän bolsalar. Adamlar IKT-i diňe haçan onuň olar üçin öz gündelik durmuşlarynda položitel täsir berip biljekdigi aýdyň bolanda giňden ulanarlar. Ondan başga-da, adamlaryň tehnologiýalary ulanmagyň giň potensialyna şeýle düşünmekleri möhümdir, şonda ulanyjylaryň taslama ýa-da syýasat tarapyndan mümkin entek göz öňünde tutulmadyk usullar bilen täzelikleri özleri üçin ornaşdyrmak

[35] Dong-pyo Hong, Tehnologiki innowasiýalary ösdürmek we ykdysady ösüş boýunça maslahatdaky nutuk, Guanjou, HHR, 2005-nji ýylyň 25-26-njy maýy, http://info.worldbank.org/etools/docs/library/144050/Development_of_ICT.pdf.

we tehnologiýalary döredijilikli ulanmak mümkinçilikleri bolmalydyrlar.[36]

Şeýlelikde, IKT oblastynda täze mümkinçilikleri ösdürmek öz ösüşi üçin IKT potensialyny ulanmaga ymtylýan islendik ýurt üçin möhüm syýasy mesele bolup durýandyr.

YHÖG-i "potensialy" "adamlaryň, guramalaryň we tutuş alanyňda jemgyýetiň öz işlerini şowly dolandyrmak ukyby hökmünde", [37] hem-de, "potensialy ösdürmegi" bolsa "onuň üsti bilen adamlaryň, guramalaryň we tutuş alanyňda jemgyýetiň potensialy wagtyň dowamynda boşadýan, berkidýän, döredýän, uýgunlaşdyrýan we goldaýan prosesi"[38] hökmünde kesgitleýär. Indiki ara alyp maslahatlaşmalaryň barşynda esasy üns IKT oblastynda raýatlaryň potensialyny ösdürmäge berler.

Syýasatçylar IKT oblastynda potensialy ösdürmek baradaky iki umumy soraga duçar bolýarlar. Birinjiden, informasiýa zamanynda şowlulyga ýetmek üçin ähli raýatlaryň esas bolup hyzmat edýän başarnyklara eýe bolmagyny üpjün etmek. Ikinji sorag IKT hünärmenleriniň başarnyklaryny şeýle ösdürmekden ybarat, şonda ýurduň IKT sektory we ykdysadyýet tutuşlygyna alanyňda hemişelik esasda ösmelidir. Biz birinji soragy bilimde IKT-i ulanmak boýunça diskussiýada ara alyp maslahatlaşarys, ikinjisine bolsa başarnyklary ösdürmek üçin IKT-i ulanmagy ara alyp maslahatlaşmagyň barşynda degip geçeris.

Bilim oblastynda IKT

Informasion jemgyýetde şowlulyk industrial jemgyýetde peýdaly bolan başarnyklardan tapawutlanýan başarnyklaryň bolmagyny talap edýärler. Muny ykrar etmek bilen, ýurtlaryň birnäçesinde öz raýatlary üçin IKT-i ulanmak boýunça esas bolup hyzmat edýän başarnyklary kesgitlemeklige geçdiler. Meselem, 2008-nji ýylyň fewralynda IKT oblastynda sowatlylyk boýunça ABŞ-yň Milli syýasy maslahaty ähli talyplar üçin IKT-i ulanmak boýunça esas bolup hyzmat edýän başarnyklary kesgitlemek üçin IKT oblastynda sowatlylygyň döwlet standartlaryny kabul etmegi maslahat berdi.[39] Bu standarta IKT oblastynda sowatlylygyň milli standartyny döretmäge ýolda birinji ädim hökmünde seredilýär.

---

[36] Seret, "Hakyky elýeterliligiň/hakyky täsir etmegiň kriterileri", bridges.org, http://www.bridges.org/Real_Access.

[37] YHHG, *Potensialy Ösdürmegiň Cagyryşy: Gowy Tejribeliklere tarap Işlemek* (Pariž, YHHG, 2006) (OECD, *The Challenge of Capacity Development: Working Towards Good Practice* (Paris: OECD, 2006), 12. http://www.oecd.org/dataoecd/4/36/36326495.pdf.

[38] Şol ýerde.

[39] Reýters informasion agentligi, "IKT oblastynda sowatlylygyň milli standartlary" (2008-nji ýylyň 21-nji fewraly). (21 February 2008), http://www.reuters.com/article/pressRelease/idUS133743+21-Feb-2008+MW20080221.

Beýik Britaniýa eýýäm uly ýaşly adamlaryň sowatlylyk we hasap başarnyklary boýunça bar bolan standartlary bilen bir hatarda "IKT oblastynda ýaşaýyş-durmuş standartlary üçin Başarnyklary" kesgitledi.[40]

Emma IKT oblastynda esas bolup hyzmat edýän başarnyklar – bu informasion jemgyýetde talap edilýän ýeke-täk başarnyklar däl. Bilermenler "21-nji asyryň başarnyklary" atlandyrylýanlary işläp düzmeklige hem çagyrýarlar – olar döredijilik, meseleleri çözmek boýunça ukyplar, informasion sowatlylyk, aragatnaşyga başarnyk we has ýokary derejeli beýleki başarnyklar.[41]

Ýurduň bilim ulgamyna tebigy taýdan IKT oblastynda başarnyklary, şeýle hem 21-nji asyryň başarnyklaryny ösdürmekde möhüm roly oýnaýan hökmünde seredilýän bolsa hem, Bütindünýä Bankynyň IKT oblastynda bilim beriş başlangyçlaryndaky global barlagy aşakdakylary ýüze çykardy:

- Ulanyjylar IKT položitel üýtgemeleri girizýär diýip hasaplaýarlar.
- IKT dürli mekdep derslerinde dürli görnüşde ulanylýar.
- IKT-i bilimde ulanmagyň položitel täsiri subut edilmedi.
- IKT-iň bilimde položitel täsiri has ähtimal, eger-de ol pedagogika bilen bagly bolsa.
- "Kompýuterde okatmak", birnäçe jogaply standartlaşdyrylan test geçirmek käbir oblastlarda ulanylanda, talyplaryň ýetişigini azrak gowulandyrdy.
- Ulanmagyň maksatlary aýdyň däl bolanda IKT az netijeli (ýa-da netijesiz hem bolup bilerler).
- Däp bolan we okatmagyň "täze" ýörelgeleriniň we standartlaşdyrylan testirlemegiň arasynda möhüm gapma-garşylyklar bar.[42]

Bütindünýä bankynyň netijelerinden IKT-i diňe tehnologiýalara gönükdirilen, degişli pedagogika bilen berkidilmedik bilim beriş maksatnamalarynda ulanmagyň şowsuzlyga uçrap biljekdigi aýdyňdyr. Bilimde IKT – bu mekdeplerde Internede elýeterliligi bolan kompýuterleri ýöne goýmak däldir. Beýleki, ondan gaça durmak zerur bolan ýönekeýleşdirilen çemeleşme kompýuter sowatlylygyny okatmak üçin mekdeplerde kompýuterleri çäkli ulanmak bolup durýar. Aşakda

---

[40] Bilim we başarnyklary ösdürmek müdiriýeti, Uly ýaşlylar üçin sowatlylyk boýunça milli standartlar, möçberleýin pikirlenmeklige ukyplar we IKT (London: Okuw meýilnamalaryny işläp düzmek boýunça kär derejesini ýokarlandyrmak boýunça Agentlik, 2005-nji ýyl), http://www.qca.org.uk/libraryAssets/media/14130_national_standards_for_adult_literacy_numeracy_ict.pdf.

[41] 21-nji asyryň başarnyklaryny goşmaça ara alyp maslahatlaşmak üçin serediň, "21-nji asyr üçin esas", 21-nji asyryň başarnyklaryny ösdürmek boýunça Hyzmatdaşlyk, http://www.21stcenturyskills.org/index.php?option=com_content&task=view&id=254&Itemid=120.

[42] Michael Trucano, Bilimleriň kartasy: *Bilimde IKT* (Waşington, Kolumbiýa okrugy: infoDev/Bütindünýä Banky, 2005-nji ýyl), 5-6, http://www.infodev.org/en/Publication.8.html.

IKT-i bilimde ulanmak boýunça syýasat işlenilip düzülende hasaba alynmaly soraglaryň käbirleri getirilýärler:

- Haýsy ýaşdan IKT-i bilimde ulanmaly?
- Sifrleýin tehnologiýalaryň we multimedia resurslarynyň ähli artykmaçlyklaryny ulanmak üçin okadylyş usullaryny haýsy görnüşde üýtgetmeli?
- IKT matematikany ýa-da ylmy dersleri okatmak üçin haýsy görnüşde ulanylyp bilner?

Bilimde IKT-i ulanmagyň strategiýasynyň IKT-i mekdeplerde ulanmagyň çäklerinden daşary çykmalydygy barada ýatda saklamak hem möhümdir. Formal däl bilim beriş we uly ýaşlylary okatmak sferasynda IKT bilimde IKT-i ulanmagyň milli strategiýasynyň bölegi bolmalydyr. Beýik Britaniýa IKT-i bilimde ulanmak boýunça gyzykly çemeleşmä eýedir (seret, Surat 1).

**Surat 1.** Beýik Britaniýanyň elektron strategiýasy – Tehnologiýalary ulanmak: çagalary okatmak we olara hyzmat etmek prosesini özgertmek

(Çeşme: Bilim beriş we başarnyklary ösdürmek müdiriýeti, Tehnologiýalary ulanmak: çagalary okatmak we olara hyzmat etmek prosesini özgertmek (Crown Copyright, 2005), 15, http://www.dfes.gov.uk/publications/e-strategy).

## e – STRATEGIÝANY KESGITLEMEKLIGE UMUMY SYN

21-nji asyryň ulgamy üçin biziň maksatlarymyz

Personallaşdyrmak we saýlaw — Çeýelik we garaşsyzlyk

Hyzmatlary açmak — Işgärler düzümini ýetişdirmek — Hyzmatdaşlyklar

Reformalar üçin biziň strategiýalarymyzyň üsti bilen

Çagalar — Orta mekdep — Ukyplar — 16-dan soňra

Başlangyç — 14-19 — Ýokary bilim

IKT başarnyklaryna mätäç bolarlar we e-öwrenmek berer

Okamaklygy, öwrenmekligi we goldawy özgertmek

Toparlara ýetmek üçin tagallalary baglanyşdyrmak

Elýeterli baglanyşykly ulgamy açmak

Netijäni we netijeliligi gowulandyrmak

Sektora esaslanan hereketleriň üsti bilen

Mekdepleriň strategiýasynda IKT — 16-dan soňra e-öwreniş strategiýasy — HEFCE e-öwreniş strategiýasy — Her çaganyň meseleleri

Ulgamyň prioritet hereketleri bilen ähli goldanylýanlar

Ähli raýatlar üçin integrirlenen onlaýn informasion hyzmatlar

Çagalar we öwrenijiler üçin integrirlenen onlaýn öwreniş we hususy goldaw

Hususy öwreniş işeňňirliklerine bilelikdäki çemeleşme

Gowy hilli IKT tälimi we praktiki işgärler üçin goldaw toplumy

IKT-de guramaçylyk zerurlyklary üçin ýolbaşçylyk we ösüş toplumy

Özgerişleri we reformany goldamak üçin umumy sifrleýin infrastruktura

IKT oblastynda başarnyklary ösdürmek

Hökümetlere hem IKT hünärmeniniň kär derejesine eýe bolan işçi güýjüniň ýüze çykmagyna hemaýat berjek maksatnamalary işläp düzmek gerek. Bu diňe ykdysadyýetde ýöne bir ýerli dinamiki IKT pudagyny üpjün etmek üçin däl-de, emma daşarky potrat esasynda ýerine ýetirilýän taslamalaryň käbirlerini IKT oblastyna çekmek mümkinçiligine eýe bolmak üçin hem gerekdir. Uzak möhletleýin perspektiwada maksat täze tehnologiýalary çalt özleşdirmegiň hasabyna milli konkurentlikde artykmaçlyga ýetmek bolup durýandyr.

Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde IKT oblastyndaky hünärmenlere artýan isleg bardyr.[43] IKT-ni üpjün edýän-pudaklardaky hünärmenlere jemi talap, garaşylyşy ýaly, güýçli artar we 2010-njy ýylda takmynan 17 million adamyň derejesine ýeter. IKT-iň ulanyjylarynyň sektorynda hünärmenlere talap ondan hem çalt ýokarlanar we 2010-njy ýylda 73 millionyň derejesine ýeter.

IKT oblastynda ýöriteleşen başarnyklar babatynda, ComputerWorld neşiri 2010-njy ýyla şu IŇ ISLEG BILDIRILÝÄN kärleri kesgitledi: kärhanalaryň arhitekturasy, taslamalara ýolbaşçylyk, biznes-proslesleriň reinžiniringi, taslamalary meýilleşdirmek, býujeti düzmek we meýilleşdirmek, hyzmatlary garaşsyz üpjün etmegiň menejerleri, ulgamlaýyn derňew, ulgamlaryň haşamlanylyşy (dizaýny), torlary taslamalaşdyrmak, ulgamyň auditi, IT-iň meýilleşdirilişi we onuň howpsuzlygyny dolandyrmak, hem-de bolsa saklamak boýunça administrator.[44] Şol žurnalda şu IŇ AZ ISLEG BILDIRILÝÄN kärler hem görkezilendir: programmalaşdyrmak, kodlary ýazmak, ulgamlary testirlemek, tehniki goldaw ulgamy, hem-de bolsa könelişen kärler.

Gynansak-da, IKT oblastynda kadrlary taýýarlamak üçin bar bolan milli institutlar IKT oblastynda hünärmenlere san babatynda hem (gerekli san möçberleri), şeýle hem uçurymlar tarapyndan alynýan IKT oblastyndaky kär derejesiniň hili babatynda hem bolan islegleri kanagatlandyrmaga ukypsyz hasaplanylýarlar.

Başarnyklar boýunça islegiň we teklibiň arasyndaky üzülmeleri aradan aýyrmak üçin maslahat berilýän çäreleriň arasynda aşakdakylary belläp bolar:

---

[43] Rawi Raina, elektron nutuk 13 APDIP – Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde IKT oblastynda başarnyklary ösdürmek – Birinji bölüm: Isleg we teklibiň arasynda üzülmeleri aradan aýyrmak (Bangkok: PROON-APDIP, 2007), 2 http://www.apdip.net/news/apdipenote13. Indiki paragraflarda getirilen maglumatlar, käbir aýratyn görkezilenlerden başgalary, şu resminamadan alnandyrlar.

[44] Stacy Collett, "Talap edilýän we talap edilmeýän başarnyklar: informasion tehnologiýalar oblastyndaky işgär 2010-njy ýylda tehniki guru bolmaz, emma köptaraplaýyn ösen adam bolar", Computerworld, 2006-njy ýylyň 17-nji ýuly. http://www.computerworld.com/action/article.do?command=viewArticleBasic&articleId=112360&pageNumber=3.

- Okuw meýilnamasynyň we IKT-i okatmak usullarynyň hemişelik monitoringini göz öňünde tutmak bilen, bilimiň hiline döwlet edarasy tarapyndan berk gözegçilik;
- Buhgalterleri testirlemek ulgamynyň nusgasy boýunça (soňky praktiki iş üçin hukugy berýän şahadatnamany almak üçin synaglary tabşyrmak gerek) kär derejelerini şahadatnamalaşdyrmagyň milli we sebitleýin merkezlerini döretmek;
- IKT oblastynda degişli bilimleri we başarnyklary, şol sanda, öwrenijilik endiklerini berýän kurslary işläp düzmek we taslamalaşdyrmak maksatlary üçin IKT senagatynyň, hökümetiň we bilim beriş edaralarynyň arasyndaky hemişelik bilelikdäki hereket.[45]

Islegi kanagatlandyrmak üçin taýýarlamagyň innowasion usulyýetiniň gerekdigi hem ykrar edilendir. Distansion okatmak, web resurslarynyň kömegi bilen özbaşdak okap bilim almak, okatmagy dolandyrmak boýunça elektron ulgamlar (Learning management Systems – LMS), hem-de bolsa bilimleri öwrenýän we olary alşyp-çalyşýan jemgyýetçilik toparlary esasynda IKT oblastynda kär derejesini ýokarlandyrmagyň maksatnamalary, mümkin ulanylyp bilinmek üçin strategiki wariantlar bolup durýarlar.[46]

Häzirki wagtda ykdysadyýetiň dürli sektorlarynda işleýän, emma şol bir wagtda bolsa IKT sektorynda işlemek isleýänler üçin IKT oblastynda taýýarlamagy üpjün edýän maksatnamalary işläp düzmek ýoly bilen IKT oblastynda potensial kär derejeli işgärleriň toparyny giňeltmek hem möhümdir.

Singapuryň IKT oblastynda hünärmenleriň kär derejesini ýokarlandyrmak boýunça meýilnamasy syýasatçylara öz hususy meýilnamalaryny işläp düzenlerinde olaryň ulanyp biljek modelini berýär.

## IKT oblastynda Singapuryň adam resurslaryny ösdürmek Maksatnamasy Infocomm[47]

IKT maglumatlar we bazarlar babatynda geografiki we medeni serhetleri ýok etmek bilen, hem-de adamlaryň pikir edişlerini düýbünden üýtgetmäge mejbur edip, global landşafty soňky birnäçe onýyllyklaryň dowamynda güýçli özgertdiler. Bu sifrleýin rewolýusiýanyň netijesinde IKT-iň kömegi bilen mümkin

[45] Rawi Raina, elektron nutuk 17 APDIP – Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde IKT oblastynda başarnyklary ösdürmek – Ikinji bölüm: Isleg we teklibiň arasynda üzülmeleri aradan aýyrmak (Bangkok: PROON-APDIP, 2007), 2 http://www.apdip.net/news/apdipenote17.
[46] Şol ýerde.
[47] “Infocomm” adalgasy bilen Singapurda “Informasion we kommunikasion tehnologiýalary” belgileýärler.

bolan innowasion biznes-modelleriň hakyky güýçli depginli ösüşine syn etdik, bu Google, eBay we Skype ýaly ykdysady esas goýujylaryň täze neslini emele getirdi.

Öňe seredip aýdanymyzda, IKT-iň ösüşiniň çaltlaşmagy ýurtlaryň ykdysadyýetine we kompaniýalara ýene-de has güýçli konkurent basyşy döreder, şol bir wagtda bolsa özüni konkurensiýadan differensirlemek ýagdaýyna ukyplylar üçin ösüşiň ägirt uly mümkinçiliklerini döreder. Ýurduň ýa-da kompaniýanyň munda üstünlik gazanyp biljegi ýa-da bilmejegi onuň IKT-i döredijilikli ulanmaga ukyply talantly kadrlary ösdürmek, çekmek we saklap bilmek ukyby bilen kesgitleniler.

Bu global landşaftyň fonunda Singapuryň strategiki göz öňüne getirişi milli ykdysady konkurensiýa ukyplylygyny döretmek üçin IKT – bilim berlen işçi güýjüne we global konkurensiýa ukyply zähmet resurslaryna eýe bolmakdan ybaratdyr.

Maksatlar.

Bu strategiki göz öňüne getirişi amala aşyrmak üçin IKTSDM şu maksatlary goýdy:

- IKT oblastynda işçi ýerleriň sanyny 55 000-e köpeldip, olary 2015-nji ýylda 170 000 işçi ýerlerine çenli ýetirmeli.

Bu, garaşylyşy ýaly, IKT senagatynda ýene-de 25 000 tehniki däl işçi ýerlerini döreder, bu bolsa beýle işçi ýerleriniň sanyny 70 000-e çenli artdyrar.

Umuman alanyňda, täze döredilen işçi ýerleriniň sany takmynan 80 000-e ýeter.

Strategiki ugurlar.

Bu göz öňüne getirilişi we görkezilen maksady amala aşyrmak üçin şu strategiki ugurlar maslahat berilýärler:

- **Ykdysadyýetiň esasy sektorlarynda IKT oblastynda baş çykarjaňlygy (kompetensiýany) ösdürmek.**
  Biznes-liderleriň olaryň guramalary üçin IKT-iň strategiki möhümligine ynamy berkitmegiň we umumy niýetlenilişli işçi güýjüniň arasynda IKT oblastynda başarnyklaryň derejesini artdyrmagyň zerurlygy bar, bu olaryň hem biznesiň öndürijiligini we konkurensiýa ukyplylygyny gowulandyrmak üçin IKT-i döredijiliki ulanyp bilmekleri üçin gerek.

Bu strategiki ugrukdyrylmaklyga laýyklykdaky maksatnamalar biznes-liderlere we umumy niýetlenilişli işçi güýjüne aşakdaky maksatlar üçin gönükdirilendirler:

a. çözüwi kabul edýänleriň arasynda tehnologiýalary tiz kabul edijilik pikir ediş garaýyşlaryny ösdürmek;
b. umumy niýetlenilişli işçi güýjüne IKT oblastynda has çylşyrymly başarnyklary okatmak.

- **IKT oblastynda dünýä derejeli konkurensiýa ukyply hünärmenleri ösdürip ýetişdirmek**

  Nou-hau tehnologiýalary bilen tanyş; biznesiň mehanizmlerine we intellektual eýeçiligi döretmek üçin mümkinçiliklere gowy düşünýän hünärmenleriň IKT oblastynda ätiýaçlygyny döretmek zerurlygy bar.

  Bu strategiki ugrukdyrylmaklyga laýyklykdaky maksatnamalar IKT oblastyndaky hünärmenlere aşakdaky maksatlar üçin gönükdirilendirler:

  a. tehniki strategleri taýýarlamak;
  b. tehnologlary okatmak.

- **IKT oblastynda talantlary ösdürip ýetişdirmek, çekmek we saklamak**

  Senagatyň ösüşini üpjün etmek üçin IKT-e talantlaryň ýeterlik sanyny çeker ýaly, hem-de ýolbaşçylar, şeýle-de ýönekeý hünärmenler boljak ýaşlaryň tehnologiýadaky innowasiýalaryň olaryň gündelik durmuşynyň bölegi bolmagyna höweslener ýaly şertleri kepillendirmegiň zerurlygy bar.

  Bu strategiki ugrukdyrylmaklyga laýyklykdaky maksatnamalar talyplara aşakdaky maksatlar üçin gönükdirilendirler:

  a. talantly ýerli we daşary ýurtly talyplary IKT oblastynda karýerany gurmaga çekmeklik;
  b. ýaşlaryň arasynda, mümkin bolan ýerinde, IKT innowasiýalaryny ulanmak boýunça başlangyçlary görkezmek.

Ýokarda görkezilen üç strategiki ugurlara goşmaça biz “sifrleýin üzülmäni” gysgaltmaga we ählumumy gurşap alyjy jemgyýeti döretmäge ymtylýarys, ol ýerde gartaşan adamlaryň, mätäçleriň we maýyplaryň bähbitlerine hukuklary we mümkinçilikleri giňeltmek üçin kuwwatly goşmaça serişde hökmünde IKT ulanylar.

Bu maksatnamalaryň birnäçesiniň kömegi bilen amala aşyrylýar, olar tehniki taýdan az bilimli adamlara özlerini tehnologiýalar bilen has oňaýly duýar ýaly we IKT elýeterliligi we olaryň serişdeleri üpjün eder ýaly mümkinçilikleri bermek üçin IKT-e düşünmeklige ýetmäge hemaýat berýärler, bu ilatyň ýeňilliklerden az peýdalanýan gatlaklaryna olaryň işe durmak mümkinçiligini ýokarlandyrmaga, ösüşiň esasy akymyna goşulyşmaga, hem-de bolsa has garaşsyz bolmaga we doly bahaly durmuşy alyp barmaga kömek eder.

Çeşme: Singapuryň IKTDM-iň materiallaryndan ulanyldy, "Adam resurslary", http://www.ida.gov.sg/Manpower/20060414201723.aspx.

### Oýlanmak üçin soraglar

1. Näme üçin IKT oblastynda adam resurslaryny ösdürmegiň syýasatyna eýe bolmak şeýle möhüm?
2. Siziň pikiriňizçe Siziň ýurduňyz üçin IKT-bilimli işgärleri taýýarlamak babatynda haýsy maksatlar kesgitlenilmelidirler?

### Amaly gönükmeler

*Potensialy ösdürmegiň prioritetleri – diskussiýa*

Siz nähili pikir edýärsiňiz, Siziň hökümetiňiz üçin näme has prioritetli – IKT-i bilime integrirlemekmi ýa-da IKT oblastynda hünärmenleriň kär derejesini ýokarlandyrmakmy? Kesgitli bir pozisiýa kabul edilmeginden öň iki taraplar üçin hem argumentleriň sanawyny düzüň.

Gatnaşyjylar iki topara bölünilip bilnerler: bir topar IKT-iň bilimde prioritetlidiginiň wariantyny argumentirlär, beýleki topar bolsa hünärmenleriň IKT oblastynda kär derejesini ýokarlandyrmagyň tarapdary bolar.

## 2.2. IKT senagatyny döretmek

Öz hususy milli IKT-ňiz senagatyň esasy ykdysady sektorlarynyň biri hökmünde hem, şeýle-de, tutuşlygyna alanyňda ykdysadyýet üçin öndürijiligi ýokarlandyrmagyň we hyzmat berişiň hilini gowulandyrmagyň hereketlendiriji

güýji hökmünde hem aýgytlaýjy baha eýedir. Bu günki global ykdysadyýetde hökümetler çalt we aýgytlaýjy hereket etmelidirler, bu sektor üçin ösüşe laýyk şertleri üpjün etmek we döwletiň ykdysady we sosial ösüşinde hereketlendiriji güýç hökmünde roly ýerine ýetirmek üçin gerek.

IKT senagatyny ösdürmegiň bu ara alnyp maslahatlaşylmagy üç bölege bölünendir: 1) IKT önümçiligi; 2) Offşoring we global masştabda programma üpjünçiligini işläp düzmek; hem-de bolsa 3) Informasion mazmuny döretmek boýunça senagat.

IKT önümçiligi.

IKT enjamlaryny öndürmek sektory dünýäde iň uly we çalt ösýän senagat bolup durýar.[48] Ondan hem has möhüm zat ösüşiň ep-esli böleginiň Aziýanyň täze industrial ýurtlary tarapyndan üpjün edilmegi bolup durýandyr. IKT önümçiliginde ymykly roly oýnap başlan ilkinji ýurtlar Singapur, Taýwan, Malaýziýa we Tailand, soňra Hytaý (dünýä masştabynda), Filippinler, Indoneziýa, soňky wagtda bolsa Hindistan boldular. Şübhesiz, Aziýa IKT önümçiliginde eýýäm dünýä merkezi boldy.

Hytaýyň IKT önümçiliginde global lider hökmünde ýüze çykmagy entek öwrenmek üçin öz sagadyna garaşýar. Hytaýyň üstünliginde aýgytlaýjy roly oýnan "döwletiň güýçli syýasy goldawynyň" beýan edilişine üns beriň.

Mysal 1. IKT senagatyny ösdürmek boýunça Milli strategiýa

### Hytaý – IKT önümçiligi boýunça dünýä merkezi

Hytaý IKT taýýarlamak boýunça dünýä merkezi hökmünde özüni tanatdy. Mobil aragatnaşyk üçin enjamlaryň segmenti telekommunikasiýa senagatynyň ýarysyndan köpüni düzýär, apparat üpjünçiligi segmenti bolsa Hytaýyň IT-senagatynyň 70%-den gowragyny düzýär. Hytaý kompaniýalary ABŞ-yň öňdebaryjy IT-kompaniýalaryna-öndürijilerine düýpli konkurensiýany görkezýärler, aýratyn hem hytaý Lenovo Group Limited kompaniýasynyň IBM-den hususy kompýuterleri (HK) öndürmek üçin hukugy satyn alanyndan soňra.

[48] Irene Schipper we Esther de Haan, *IKT apparat serişdelerini öndürmek oblastynda CSR soraglary: IKT pugady boýunça SOMO hasabaty* (Amsterdam: SOMO, 2005), 11, http://www.somo.nl/html/paginas/pdf/ICT_Sector_Report_2005_NL.pdf.

Häzirki wagtda Lenovo  Dell we Hewlett Packard kompaniýalaryndan soňra dünýäniň HK bazarynda ululygy boýunça üçünji oýunçy bolup durýar.

HHR-yň by gyzgalaňly önümçilik işleri hemme zatdan öň eksporty ösdürmäge gönükdirilendir; Hytaýyň telekommunikasiýa senagatynyň içerki bazary artýan eksportyň fonunda  aslynda azalýar. IKT-iň eksporty Hytaýyň halkara söwdasy üçin möhüm roly oýnaýar, ol ýurduň eksportynyň umumy göwrüminden 28,5 göterimden hem köprägini düzýär. Kompýuterler we telekommunikasion enjamlar IKT eksportynyň takmynan 79 göterimini düzdüler.  Mobil telefonlar Hytaýyň telekommunikasion eksportynda uly komponent bolup durýarlar.

Hytaýyň programma üpjünçiligi bazary entek hem ösüş stadiýasyndadyr, ol bazarda 90-göterim piratlyk derejesinden hem azar görýär.

Hytaý senagatyna içerki maýa goýumlaryň umumy göwrümi ýeterlik uly. Hytaýyň hökümeti içerki maýa goýumlaryň umumy göwrüminden 30 göterimden gowragyny üpjün edýär. Önümçilik senagaty içerki maýa goýumlaryň ählisinden 21 göterimden gowragyny alýar. IKT üçin maýa goýumlaryň 60 göterim töweregi IT-senagata düşýär: bu maýa goýumlaryň takmynan 30 göterimi programma üpjünçiligini döwrebaplaşdyrmaga gidýär.  Telekommunikasiýa senagaty enjamlara we IT ulgamlaryna uly maýadar bolup durýar. Mobil aragatnaşygyň segmenti  2005-nji ýylda maýa goýumlaryň iň köp göterimini aldy.

## Güýçli döwlet syýasy goldawy

Hytaýyň hökümeti ýurdy IKT oblastynda dünýäde iň uly önüm we hyzmatlary öndürijä öwürmek hyýaly bilen birnäçe strategiýalary işläp düzdi.

Salgyt ýeňillikleri hem-de ylmy-barlag we tejribe-konstruktorlyk işlerinde (YBTKI)  daşary ýurtlaryň gatnaşmagyna rugsat Hytaýyň IKT senagatyna uly möçberde göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekdiler. 10-njy bäşýyllyk meýilnama (2001-2005-nji ýyllar) elektron telekeçilik oblastynda we LINUX-yň esasynda howpsuzlygy üpjün etmek boýunça programma üpjünçiliginde  çözüwleri ösdürmäge üns bermek bilen YBTKI-iň we IKT senagatynda täze önümi öndürmegi ösdürmegiň  möhümdigini  nygtady.

11-nji bäşýyllyk meýilnama esasy ünsi binýatlaýyn programma üpjünçiligini, integrirlenen ulgamlary, amala programma üpjünçiliginiň uly toplumlaryny işläp düzmeklige, täze nesliň Internet-taslamalaryny döretmeklige,  hem-de bolsa petaflopp kompýuter ulgamlarynyň esasynda öňdebaryjy hasaplamalary amala aşyrmak, torlaýyn hasaplaýyş platformalary, hem-de teraflop operasion hasaplamalary amala aşyrmaga ukyply kompýuterleri telelekçilik öndürmeklik ýaly ugurlarda tehnologiki böwsüşi üpjün etmeklige berýär.

Hytaýyň IKT senagatynyň liberallaşdyrylmagy eýýäm uly derejede öňe gitdi we ýurduň Bütindünýä Söwda Guramasyna (BSG) 2001-nji ýylda birleşmeginden

soňra konkurensiýa ukyply boldy. Hytaý telekommunikasiýa pudagyny daşary ýurt maýa goýumlar üçin hem açdy.

Telekommunikasiýalar sferasyny düzgünleşdirmek telekommunikasiýalar bazaryny ulanyjylaryň howpsuzlygyny üpjün etmek maksatlary bilen telekommunikasion bazaryň standartlaşdyrylmagyna gönükdirilendir. Hökümet daşary ýurt kompaniýalaryna Hytaý telekommunikasiýa kompaniýalary bilen bilelikdäki kärhanalary aksiýalaryň 49% paýyna çenli mobil we fiksirlenen aragatnaşyk sferasynda döretmäge rugsat berýär; mobil aragatnaşygyň goşmaça hyzmatlaryny berýän kompaniýalarda aksiýalaryň paýy 50%-e ýetip biler. Döwlet düzgünleşdirilmeginiň ýatyrylmagy, garaşylyşy ýaly, konkurensiýany artdyrar, sebäbi daşary ýurtly gatnaşyjylar üçin bazara girmek ep-esli ýeňilleşer.

IKT boýunça söwda hemaýat bermek üçin Hytaý hökümeti pudagy ähli söwda paçlaryndan boşatdy we erkin söwdanyň 50-den hem köp ýokary tehnologiki zonalaryny gurnady. Hytaýyň erkin ykdysady zonasy – ASEAN, garaşylyşy ýaly, işine eýýäm 2010-njy ýylda başlar we elektron ASEAN ýurtlarynyň-ylalaşygyň agzalarynyň arasynda informasiýanyň we tehnologiýalaryň erkin akymyna hemaýat berer.

Hytaý hökümeti ähli hökümet guramalaryny ýurduň içinde döredilen telekeçilik taýdan elýeterli bolan IT-önümlerini satyn almaga hem borçly etdi. Ol IKT infrastrukturasyna ep-esli serişdeleri goýmagy dowam etmegi meýilleşdirýär. Hökümet intellektual eýeçilik hukuklaryny berjaý etmek babatynda has berk syýasaty hem amala aşyrýar. Ol Internetde dürli döwlet guramalary üçin ýüz tutmalary gaýtadan işlemek boýunça elektron dolandyryşa hemaýat berýär. Hytaý hökümeti tehniki okatmaklyga hem maýa goýýar we ýokary kär derejeli işçi güýjüni taýýarlamak üçin ýokary bilimiň merkezlerini döredýär.

Çeşme: Frost we Sulliwandan ulanyldy, “Ýurduň senagatynyň ösmeginiň çaklamasy – VI.” *Businessworld*, http://www.businessworld.in/index.php/Country-Industry-Forecast-VI.html.

## Oýlanmak üçin soraglar

1. Hytaýyň IKT önümçiligi boýunça merkez hökmünde kemala gelmeginde döwletiň goşulyşmagynyň häsiýeti nähili?
2. Hytaýyň IKT önümçilik sektoryny güýçlendirmek babatynda Hytaýyň hökümeti tarapyndan kabul edilen syýasy başlangyçlar Siziň ýurduňyzda nähili ulanylyp bilnerlikli bolardylar?

Offşoring we programma üpjünçiligini global masştabda işläp düzmek

Offşoring önümçiligiň serhetden daşara çykdajylary azaltmak üçin süýşmeginiň tendensiýasy bolup durýar. Bu tendensiýa informasion rewolýusiýa bilen, hususan-da, maglumatlary çalt tizlikli geçirmeklige çykdajylaryň okgunly azalýandygy sebäpli çaltlaşdy. Forrester Research laýyklykda 2015-nji ýylda ABŞ-da 3,3 million iş ýerlerini we 136 milliard ABŞ dollarly iş hakyny Hytaý, Hindistan we Russiýa ýaly ýurtlara geçirip bolardy.[49]

Autsorsing, ol başga ýagdaýda guramanyň içinde ýerine ýetirilip bilinjek meseläni ýerine ýetirmek üçin daşarky firmany hakyna tutmak hökmünde kesgitlenilýär, onda ösmegiň üç sany giň oblastlary bar: 1) material-tehniki üpjünçilik, resurslary we hyzmatlary paýlamak; 2) IKT oblastynda hyzmatlar, şol sanda programma üpjünçiligini döretmek we kompýuter merkezlerini dolandyrmak; 3) biznes-prosesleriň autsorsingi (business process outsourcing, BPO), bu call-merkezler, maliýe transaksiýalary we adam resurslaryny dolandyrmak ýaly ugurlarda.[50]

Maliýe hyzmatlary daşary ýurtlara geçirilip başlananlaryň ilkinjileriniň içinde boldular. 2008-nji ýylda bu sektorda offşoring prosesini häsiýetlendirýän şu aşakdaky tendensiýalara syn edilýär:

- **Kompaniýalar maliýe we buhgalter hasabatynyň gymmaty döredýän zynjyrda soňra ýerleşýän wezipelerini daşary ýurtlara çykarýarlar** – transaksiýalary gaýtadan işlemegiň goşulan gymmatyň maliýe meýilleşdirilmegi we derňew ýaly bölümleri autsorsinge geçirilende (emma offşoringe däl) käbir kompaniýalar buhgalter ýalňyşlyklaryny derňemegi iş ýüzünde daşarky üpjün edijilere berýärler.
- **Haýsy hem bolsa biri ýetişen badyna geografiýa üýtgeýär –** ABŞ-nyň maliýe we buhgalter hasabatynyň offşoringi Hindistandan we beýleki belli ýerlerden süýşýär.
- **Bilelikdäki iş üçin instrumentariýleri ulanmagyň okgunly artmagy –** Täze hyzmatdaşlyga awtomatizasiýa we tehnologiýalar ugurlarynda kömek berilýär: Lotus Notes programmasyny ulanmak, guramalar-müşderileriň we üpjün edijileriň arasynda torlaýyn çatlary we wirtual ara alyp maslahatlaşmagy ulanmak. Bilelikdäki hereketiň iş prosesine bu aradaşlykdaky torlaýyn çözüwleri ornaşdyrmak, yza galak prosesleriň we ýygy-ýygydan gidip-gelmeleriň gysgalmagyny üpjün edýär..

---

[49] "Offşor statistikasy – dollaryň gymmaty, işçi ýerlerini ýitirmek we bazaryň ösmeginiň potensialy", http://www.ebstrategy.com/Outsourcing/trends/statistics.htm.

[50] "Autsorsingiň we offşoringiň syny", Plunkett Research, Ltd., http://www.plunkettresearch.com/Industries/OutsourcingOffshoring/OutsourcingOffshoringTrends/tabid/183/Default.aspx.

- **Daşarky oýunçylaryň we autsorsingiň hyzmatlarynyň bukjasynyň sany artýar –** Köp üpjün edijiler özlerini, tapawutlar entek hem bar bolsalar-da, bitewi uniwersal hyzmat beriji kompaniýa hökmünde görkezýärler.
- **Maliýe ýolbaşçylary agyryly sapaklary alýarlar: funksiýadan ýa-da prosesden doly ýüz öwürmek mümkin däl** – Kompaniýa-iş berijiniň we hyzmat beriji kompaniýanyň arasynda deňagramlyga ýetmek problema boldy. Kompaniýalaryň täzeden öz hususy infrastrukturasyny döretmek islemeýänlerde bolsa, olar laýyk derejede hili, hyzmaty we gymmaty näçe wagt goldap bilerlerkä?[51]

Programma üpjünçiligini global işläp düzmek (PÜGID) offşoringiň görnüşleriniň biri bolup durýar. Ol "programma üpjünçiligini döretmek boýunça real wagt režiminde (işleriň sinhron ýerine ýetirilmegi) we asinhron bilelikdäki hereketde, geografiki bölek etraplarda, milli serhetleriň çäklerinden daşda, utgaşdyrylan görnüşde geçirilýän işler"[52] hökmünde kesgitlenilýär. Barlaglar Fortune sanawyndaky 500 kompaniýanyň 40 göteriminiň PÜGID-i ulanýandygyny, hem-de 50-den köpräk ýurduň PÜGID-e gatnaşýandygyny görkezýärler. Irlandiýanyň programma üpjünçiligini öndürmek boýunça senagatynyň önüminiň 80 göterimi eksporta gidýär.

Geliň Hindistanyň programma üpjünçiligi oblastynda global döwlet hökmünde ýüze çykmagyna seredeliň.

Mysal 2. IKT senagatyny ösdürmek boýunça milli strategiýa

### Hindistan – programma üpjünçiligini işläp düzmek boýunça global merkez

Hindistandan programma üpjünçiliginiň (PÜ) eksportynyň artmagy soňky 10 ýylda her ýyl 51%-den köpräk boldy, bu hindi syýasatçylaryny bu sektora, beýleki oňaýly netijeler bilen birlikde ykdysady ösüşiň hereketlendirijisi, işliligiň we daşary ýurt walýutasynyň çeşmesi hökmünde seretmäge mejbur etdi. PÜ işläp düzmek boýunça hindi korporasiýalary çalt ösmek depginlerine we eksporty

[51] Kate O'Sullivan, «Offşoringi amala aşyrmagyň esasy 5 tendensiýalary », *CFO.com,* 30-njy ýanwar, 2008-nji ýyl, http://www.cfo.com/article.cfm/10607206.

[52] Seret, Parastoo Mohagheghi, «PÜ global işläp düzmek: meseleler, çözüwler, kynçylyklar» (Ylym we tehnologiýalar uniwersitetinde synag sapagy, Trondheým, Norwegiýa, 2004-nji ýylyň 21-nji noýabry), 2, http://www.idi.ntnu.no/grupper/su/publ/parastoo/gsd-presentation-slides.pdf.

fenomenal derejede giňeltmäge ýetmegi başardylar we häzir autsorsingiň hasabyna amala aşyrylýan PÜ hyzmatlarynyň dünýä bazarynda ep-esli paýy eýeleýärler.

1980-nji ýyllaryň ortalarynda köpmilletli korporasiýalaryň sanynyň artmagynyň autsorsing üçin baza hökmünde Hindistanyň potensialyny görkezmäge kömek edenine garamazdan, hindi ösüşi köp derejede dogabitdi başarjaňlyk, talantlar we zähmet resurslary bilen şertlendirilendir. Bazara giren firmalaryň köpsanlysy öz mümkinçilikleriniň hasabyna ösdüler, dünýäniň öňdebaryjy hil standartlaryna laýyk gelmäge özleriniň meýillidigini görkezdiler, öz gurşap alşynyň geografiki zolaklaryny giňeltdiler, satylýan harytlaryň we hyzmatlaryň spektrini, hem-de bolsa hyzmat berilýän çäklerini kem-kemden giňeltdiler. Iň başynda, müşderileriň obýektlerinde işleri ýerine ýetirmek üçin zähmet resurslary oblastynda üpjün ediji hökmünde başlamak bilen, Hindistan programma üpjünçiligini işläp düzmegi eksport üçin baza öwürdi. Goşulan gymmaty pes kodlary ýazmakdan we programmirlemekden ýokary tehnologiýaly maslahat bermelere we gapyrjak PÜ işläp düzmeklige oýlanyşykly geçmeklik hem bolup geçýär.

Döwletiň ösüşi nukdaýnazaryndan programma üpjünçiligi Hindistanyň Ähלumumy Milli Önüminde (ÄMÖ) uly bolmadyk paýy eýeleýär (2% töweregi), emma bu pudak ÄMÖ-iň artyşynyň 12%-ni üpjün edýär. PÜ hindi harytlarynyň we hyzmatlarynyň eksportynyň göwrüminiň 8% töweregini eýeleýär. Ykdysadyýetiň bu pudagy her ýyl tehniki hünärleriň talantly uçurymlarynyň 60-70 millionyny iş bilen üpjün edýär. IT-ini ulanýan hyzmatlaryň, bek-ofis operasiýalary, dispetçer (call -) merkezleri, lukmançylyk maglumatlaryny girizmek ýaly görnüşleri çaklamalara laýyklykda 2008-nji ýylda milliondan gowrak iş ýerlerini döredip bilerler. Emma, beýle görnüşli işler talap edilýän pes kär derejesi we ýerine ýetirmegiň ýüregedüşgünç häsiýeti sebäpli hemişelik görnüşli däldirler. Hindistanda aýlyk hakynyň möçberi ýokarlanan we arzan işçi güýçli täze ýerler ýüze çykan badyna olar Hindistandan çykarylarlar.

PÜ döretmek boýunça senagat telekeçiligini ösdürmek üçin içerki esasyň giňelmegine, hem-de bolsa senagatyň ylmy kän sarp ediji pudaklarynda ýurtda adalatlylygyň brendini döretmäge hemaýat berdi. Onuň ösmegine 1990-njy ýyllaryň “beýnileriň gaçmagy” tendensiýasynyň Hindistanyň özünde hünärmenler üçin karýera ösüşiniň şertlerini döretmek bilen üýtgemegi hemaýat berdi.

Ýurtda bu pudagyň ösmegine itergi beren esasy resurs onýyllyklaryň dowamynda adam resurslaryny ösdürmäge maýa goýumlarynyň üsti bilen okadylan ýokary kär derejeli işgärler düzüminiň barlygy bolup durýar.

Soňra hökümet senagatyň ösmegine maglumatlary geçirmek üçin aragatnaşygyň ýokary tizlikli liniýalaryny bermek bilen hemaýat etdi, hem-de PÜ döretmek boýunça tehnoparklarda infrastrukturany gurdy. Ýurduň halkara zähmet bölünişiginde ýerini mundan buýanky beritmek maksady bilen, ýurduň duçar bolan

problemalaryna jogap hökmünde hökümet we senagat tarapyndan başlangyçlaryň birnäçesi kabul edilýärler. Olar öz içine ýokary kär derejeli işgärler düzümini we beýleki goşmaça çäreleri teklip etmegi artdyrmak boýunça çäreleri alýarlar. Kärhanalaryň özleri ýüze çykan kynçylyklara talantlary çekmek, täzeden taýýarlamak we saklamak boýunça strategiýalary işläp düzmek bilen jogap berdiler. Zähmet resurslaryny dolandyrmagyň Hindistanyň PÜ senagatynda kärhanalaryň ösüş strategiýasynda esasy aspektleriň biri bolup barýandygyna anyk şaýatnama bar. Kompaniýalar gymmaty döretmek zynjyrynda ýokary hereket etmäge hem synanyşýarlar, olar bu işi offşor işläp düzmeklige geçmek ýoly bilen amala aşyrýarlar, özi hem üns işewürligiň kesgitli bir ugrundaky ekspertiza, ýokary hünärmen derejeli maslahat bermelere, emläk paketlerine, hem-de bolsa baha syýasatynyň strategiýasyna berilýär.

Soňky onýyllygyň dowamynda Hindistanyň PÜ senagatynyň ýokary öndürijiliklidigine garamazdan ösýän ýurtlaryň, aýratyn hem Hytaý we Filippinler tarapyndan konkurensiýa sebäpli, öz-özüňi arkaýynlaşdyrmaga ýer ýok. Hindi IT-kompaniýalarynyň prosesleriň bişişenliginde halkara görkezijilerine ýetmek görnüşinde utuşly starta eýe bolan wagtynda konkurensiýa gyzga möhletleýin we orta möhletleýin geljekde "dişläp" başlar, aýratyn hem şular ýaly pes goşulan gymmatly hyzmatlary bermekde: kodlary ýazmak, sargytlaýyn programma üpjünçiligini döretmek we IT-iň kömegi bilen hyzmat bermek. Diýmek, hindi senagaty öz güýçli taraplaryny berkitmelidir, hem-de gymmaty döretmek zynjyry boýunça ýokary çalt hereket üçin öz potensial konkurentleriniň üstünden utan startynyň artykmaçlyklaryny ulanmalydyr we programma önümlerini alyp baryjy döredij hökmünde özüni berkitmelidir. Emma haryt önümçiligi bazarynda, täze gatnaşyjylara päsgel berýän ymykly bökdençlikler bar. Şunuň bilen baglylykda aşakdaky çäreler netijeli bolup bilerler:

- ylmy-barlag işlerine we täze önümleri işläp düzmeklige ünsi bermek;
- satuwyň global kanallaryny we söwda markalaryny strategiki satyn almak;
- senagat restruktuirlenmegi we konsolidirlenmegi;
- hökümetiň goşmaça çärelerini täzeden ugrukdyrmak.

1960-njy ýyllaryň ahyryndan başlap, Hindistanyň hökümeti ýokary kär derejeli adam resurslarynyň ätiýaçlygyny döretmek ýoly bilen, hem-de bolsa hasaplaýyş we torlaýyn barlaglar ugurlarynda guramaçylyk infrastrukturasyny döretmek boýunça möhüm başlangyçlaryň birnäçesini kabul etmek ýoly bilen bu pudagyň ösmeginde möhüm roly oýnady. Hökümet beýleki çäreler bilen bir hatarda PÜ döretmek boýunça tehnoparklarda infrastruktura serişdelerini bermek bilen senagata hem kömek berýär. Ondan başga-da, PÜ-niň eksportýorlaryny PÜ-i

eksport etmekden gelýän girdejiden salgytlary tölemekden boşatdylar. Emma bu salgyt ýeňillikleriniň ýerliklidigi barada täzeden oýlanyşmak zerurlygy bar.

Bu, deňeşdirip alanyňda Hindistanyň tebigy artykmaçlyklara eýe pudagynda (az çykdajyly adam resurslary sebäpli), haçan-da eksportuň göwrümi her ýyl 50 göterimden hem köp artýan wagtynda, haçan-da sap girdejiniň göwrümi girdejiniň takmynan 22 göterimini düzýän wagtynda (ýurtda islendik senagatdakydan has ýokary), bu salgyt ýeňillikleri hemişelik esasda we uzak möhletleýin geljekde ýerliksiz bolup görünýärler.

Çeşme: Alnan ýeri: Nagesh Kumar, Hindistanyň PÜ senagatynyň ösmegi halkara we döwlet ösüşi nukdaýnazaryndan (RIS-Ara alyp maslahatlaşmak üçin resminama # 19/2001), http://www.ris.org.in/dp19_pap.pdf.

## Oýlanmak üçin soraglar

Siziň ýurduňyzda PÜ-i senagatyny ösdürmek üçin hindi modeli nähili ýerliklidir? Hindistandaky üstünligiň haýsy faktorlary Siziň ýurduňyzda ulanylyp bilnerler? Olaryň haýsysy laýyk däl? Bu faktorlary işlemäge mejbur etmek üçin haýsy kynçylyklary ýeňip geçmeli?

### Sifrleýin mazmuny döretmek boýunça senagat

Sifrleýin informasiýany döretmek boýunça senagat ykdysady işewürligiň täze ugry bolup durýar, ol däp bolan mazmuny materialyň, köpçülikleýin habar beriş we tomaşalar serişdeleriniň, programma üpjünçiliginiň we multimedianyň, hem-de bolsa elektron enjamlarynyň we aragatnaşygyň serişdeleriniň konwergensiýasynyň netijesi hökmünde ýüze çykdy. Sifrleýin mazmuny döretmek boýunça senagat öz içine sifrleýin önümleri we hyzmatlary işläp düzmegi, dizaýny, dolandyrmagy we paýlamagy, hem-de bolsa olary goldaýan tehnologiýalary alýar. Käbir pudaklar wizual effektleri we animasiýany döretmegi (şol sanda wirtual barlygy we üç ölçegli önümleri), interaktiw multimediany (meselem, websaýtlar, CD-ROM), kompýuter we onlaýn oýunlary, bilim beriji multimediany (elektron okadylyş), sifrleýin kino we telewizion önümçiligini, hem-de bolsa filmleriň we telewizion programmalaryň öndürilmekden soňky gaýtadan işleýşini öz içine alýar.

Sifrleýin informasiýany döretmek boýunça senagat ýokary galyşdadyr. 2001-nji ýylda kompýuter oýunlaryny satmakdan gelen girdejiler kinoteatrlaryň kassalarynda petekleri satmakdan gelýän girdejiden artykmaç boldular, hem-de

kompýuter oýunlary girdejililik boýunça eýýäm saz ýagylary senagatyna ýakynlaşýarlar.[53] IKT sferasynda maslahat beriji bolan PricewaterhouseCoopers (PwC) kompaniýasynyň çaklamalary boýunça 2010-njy ýylda tutuş dünýäde oýun bazary ABŞ-nyň 46,5 milliard dollaryna çenli artar.[54] PwC-a laýyklykda oýunlara umumy çykdajylar nukdaýnazaryndan öňdebaryjy orunlary bu ugurda Aziýa-Ýuwaş okean sebitiniň eýelejekdigi üns bererliklidir, bu bolsa bazaryň 2005-nji ýylda 9,8 milliard ABŞ dollaryna artmagyndan 2010-njy ýylda ABŞ-yň 17,4 milliard dollaryna çenli artmagynda özüni görkezer. Bu giň zolakly elýeterliligiň artmagy, kompýuter sowatlylygynyň artmagy, hem-de oýunlaryň ýerli öndürijiligini we olary sarp etmegi ösdürmäge hemaýat bermek maksatlary bilen döwlet çykdajylarynyň artmagy bilen düşündirilýär.

Mazmuny döretmek boýunça oblastda Aziýa kompaniýalarynyň öz tagallalaryny jemläp biljek ugry mobil aragatnaşygyny sifrleýin doldurmak bolup durýar. Bu ýere mobil enjamlardaky täzelikleri, ýollardaky ýagdaýlar barada maglumaty öýjükleýin telefonlara bermegi, mobil maliýe maglumat gulluklaryny, mobil oýunlary, sazy, jaňlaryň sazlaryny we nyşanlary ýüklemegi, uly ýaşlylar üçin mobil tomaşalary we mobil kataloglary degişi edip bolar.

Koreýa Respubikasy we Irlandiýa sifrleýin mazmuny döretmek boýunça pudagy ösdürmek üçin ep-esli tagallalary kabul eden ýurtlaryň hataryna girýärler.

### Mysal 3. IKT senagatyny ösdürmek boýunça milli strategiýa

#### Koreýa Respublikasy – ýarymgeçirijilerden multimedia tarap

Koreýanyň ýarymgeçiriji senagatynda dinamiki operatiw ýadyň (Dynamic Random Access Memory, DRAM) mikroshemalaryny eksport üçin öndürmäge ukyp onuň iň güýçli tarapy hökmünde taryhy taýdan döredi. 1983-nji ýylda önümçiligiň durnukly başlanmagyndan uly koreý konglomeratlary – çebollar (chaebol) - Samsung, Hyundai we LG 1995-nji ýylda DRAM-y öndürmek boýunça dünýä bazarynda degişlilikde birinji, dördünji we ýedinji orunlary eýeleýärdiler. Bazaryň lideri Samsung öz girdejisiniň 90%-ini DRAM-y

---

[53] Donald J. Johnston, «Sifrleýin mazmunyň möhüm roly: önümçiligi höweslendirmek we elýeterliligi ýönekeýleşdirmek» (nutuk “Sifrleýin ykdysadyýetiň geljegi: Informasion mazmun – döretmek, ýerleşdirmek we elýeterlilik” Konferensiýasynda hödürlenildi, Rim, Italiýa, 2006-njy ýylyň 30-31-nji ýanwary), 5, http://www.oecd.org/dataoecd/16/47/36138740.pdf.

[54] Lora Kolodny, “Global Wideooýun Bazary Güýçli Ösýär” (Lora Kolodny, “Global Video Game Market Set to Explode,” *BusinessWeek*, 23 June 2006), http://www.businessweek.com/innovate/content/jun2006/id20060623_163211.htm.

satmakdan alýardy – bu baglylygyň howply ýagdaýydyr, ol 1996-njy ýylda, haçanda DRAM bazary güýçli aşak düşende we Samsungyň girdejisi 93,4% peselende özüni ýiti bildirdi. Hyundai we LG hem batmaklygyň gyrasyndadylar, bu olaryň girdejileriniň 1995-nji ýylda takmynan 90% peselmeginde özüni bildirdi.

Bu *çebollaryň* ýat mikroshemalaryny öndürmekdäki üstünligi şowly döwlet meýilleşdirilmegi ýa-da bu önümçilik bilen öz wagtynda meşgul bolmak çözüwinden (edil şol wagt ýarymgeçirijileri öndürmek barada Ýaponiýanyň we ABŞ-yň arasyndaky 1986-njy ýyldaky şertnama güýje giripdi) hem has artykmaç bolan zat hökmünde seredilmelidir. Düşündiriş *çebollaryň* we koreýa hökümetiniň arasyndaky unikal gatnaşyklardan, hem-de ýarymgeçirijileri öndürmek prosesinde innowasion ýoluň aýratyn häsiýetinden ybarat bolmalydyr. Kompaniýalar DRAM-y öndürmek bazaryna öz girişlerini bölekleýin görnüşde başda işlerden alnan girdejiniň hasabyna (meselem, Samsungy alanyňda telekommunikasion enjamlaryň önümçiliginden girdejiler), hem-de bolsa döwlet tarapyndan pul kömegi (subsidirlenen) kapitalyň hasabyna maliýeleşdirmäge ukyply boldular. Muňa "özara subsidirlemegiň syýasaty" diýip hem seredip bolar, onda arzan kapitalyň ornuna **çebollar** uly eksportýorlar bolmaga borçlandylar. DRAM bu degişli tehnologýalar bolup durýarlar, olar innowasion işewürlik prosesinde anyk kesgitlenen traýektoriýa ulanylmak bilen, miniatýurizasiýanyň yzygiderli ädimleri bilen baglanyşdyrylmak bilen, koreýleriň güýçli taraplarynda oýnadylar. Ýitirilenleriň ýerini dolmak ýoly anyk kesgitlenilipdi we berjaý edilýärdi, sebäbi ABŞ-da we Ýaponiýada kuwwatly konkurentler bardylar. Iki element hem "*çebol* stilinde dolandyrmak" diýip biziň at berip biljek modelimiz üçin ideal taýdan laýykdylar, onda kiçi we orta kärhanalaryň dinamiki sektorynyň ösmeginiň zyýanyna kuwwatly senagat konglameratlaryny ösdürmek has öňe sürülýärdi.

Hemme dört gowy *çebollar* (Samsung, Hyundai, LG we Daewoo) özleriniň elektronikada geljekki ösüşi üçin iň möhüm prioritet hökmünde multimediany ykrar etdiler. Emma multimediada innowasion ýoluň çebollaryň öň üstünlik gazanan ösüş ýolundan güýçli tapawutlanýandygy aýdyňdyr. Göniçyzykly ýol bolman we taýýarlanyşyň takyklygyna esaslanmak bilen, multimedia kesgitsizlik bilen häsiýetlenýär, bu sifrleýin konwergensiýa prosesi bilen döredilýär, ol gymmaty döretmek zynjyryna dürli pudaklardan goşantlary çekýär, meselem: telekommunikasiýalardan, kompýuterlerden, tomaşa-dynç alyş we neşir işlerinden. Torlaýyn multimediany şu esasy elementlere bölüp bolar:

- Informasion doldurylmagy döretmek we ony gaplamak, şol sanda bar bolan formatlary sifrleýin görnüşe özgertmek;
- Transport, ýagny torlaýyn we kommutasion infrastruktura;
- Elýeterlilik, ýagny dekodirlemek, şifrlemek, ýazuwçylar bilen işi gurnamak, billing;

- Ulanyjynyň interfeýsi we amaly maksatnamalar (seretmek we nawigasiýa serişdelerini döretmek üçin PÜ);
- Üpjün etmegiň platformalary, şol sanda telewideniýe üçin goşmaça gurluşlar, sifrleýin telewideniýe, hususy kompýuterler we torlaýyn kompýuterler.

Torlaýyn multimedia apparat serişdeleriniň we dürli programma önümleriniň, şol sanda programmalar üçin materiallaryň hem-de operasion we kommutasion programma üpjünçiliginiň, hem-de interfeýs programmalarynyň we maglumatlar bazalarynyň netijeli integrasiýasyny talap edýärler. Önümleriň täze neslinde ýadyň mikroshemalaryna bolan islegiň azaljagynyň gümana bolmagyna seretmezden, anyk amaly meselelere gönükdirilen integral shemalary, meselem, multimedia signallaryny gaýtadan işleýän mikroshemalary işläp düzmäge uly ähmiýet berilmelidir, olarda innowasiýalar önümçilik prosesinde däl-de taslamalaşdyrmak tapgyrynda ýüze çykýarlar. Emma, DRAM-y öndürmekde ýygnalan tejribe displeýleri döretmek boýunça tehnologiýalarda ulanylyp bilner, hem-de biz ýuka plýonkly tranzistorlaryň esasynda döredilen displeýlere artýan islegi kanagatlandyrmakda koreý firmalarynyň görnükli roly oýnamagyna garaşyp bileris. Ondan başga-da, durmuşy elektrotehnikanyň – telewizorlaryň, wideomagnitofonlaryň we kompakt-diskleri oýnaýjylaryň, – standartlaşdyrylan önümleriniň bolmagyndan ybarat bolan koreý senagatynyň artykmaçlyklaryny telewideniýe üçin goşmaça gurluşlary, torlaýyn kompýuterleri we beýleki terminal enjamlaryny öndürmeklik üçin ýeňillik bilen uýgunlaşdyryp bileris. Emma, PÜ-ni we torlaýyn tehnologiýalary işläp düzmekdäki ýetmezçilikler, gymmaty döretmegiň ähli zynjyrynda öz hususy önümçiligine eýe bolmak baradaky koreý firmalarynyň islendik ambisiýalaryna päsgel berip bilerler, hem-de, üpjün etmegiň platformasynyň segmentinde galmak bilen, olar sebitiň beýleki ýurtlarynyň, aýratyn hem Hytaýyň, pes çykdajyly önümçiligi tarapyndan konkurensiýanyň öňünde gowşak goralýan ýagdaýda bolarlar.

Jemläp aýdanymyzda, uly sygymly ýarym geçiriji ýatlaýjy enjamlary öndürmekde liderlik üçin şowly iterginiň koreý kompaniýalary üçin peýda bolandygyny, hem-de bu liderlige tehnologiýanyň ösüşiniň öňünden aýdylyp bolunýan traýektoriýasy boýunça hökümet tarapyndan oňaýly gurşawy döretmegiň çäklerinde ýetilendigini belläp bolar. 1980-nji ýyllaryň ortalaryndan başlap, güýçli ösüş ýyllarynda görlen ep-esli girdejiler "uly pully" global oýunçylar hökmünde çebollary döretmäge kömek etdiler. Bu kompaniýalar, hat-da DRAM bazarynda ýaňy-ýakyndaky batyşlygyň gelmeginden ozal, öz ösüşleriniň strategiýalaryny harytlary we hyzmatlary öndürmegiň täze oblastlarynda konkurensiýa mümkinçiliklerini üpjün etmek üçin uýgunlaşdyrmagyň zerurdygyny öňünden

gördüler we pudagyň häsiýetiniň sifrleýin konwergensiýa prosesinde bolup geçen üýtgemegini ykrar etdiler. Häzirki wagtda kompaniýalaryň güýçli taraplary, esasan, üpjün etmegiň sifrleýin platformalary üçin enjamlardan we komponentlerden ybaratdyr, hem-de entek bu geljekde girdejiniň möhüm çeşmesi bolar, ýöne kompaniýalar PÜ-i we dizaýny döretmek oblastlarynda konkurensiýa başlamagyň gerekdigini ykrar edýärler.

Emma bu ýerde ýokary konsentrasiýaly we kiçi innowasion firmalaryň ýetmezçiligi bolan koreý senagatynyň strukturasy päsgelçilik bolýar, ABŞ-da bolsa bu bazaryň ähli esasy oýunçylary öz işleriniň masştabyny artdyrýarlar. Emma, yza galmaklygyň ýerini dolmak tapgyrynda olaryň iş tejribesinden örän tapawutlanýan innowasion işewürligiň çylşyrymly torlaryny dolandyrmakda bu firmalaryň nähili üstünlikli bolup biljekdikleri entek hem aýdyň däl.

Çeşme: Gysgaltmalar bilen ulanyldy, Alan Cawson we S. Ran Kim, «Koreý elektron önümçiligi — ýarymgeçirijilerden multimedia çenli», InfoWin Bulletin, 1997-nji ýyl, http://cordis.europa.eu/infowin/acts/ienm/bulletin/06-1997/korea.htm.

## Oýlanmak üçin soraglar

Koreýa Respublikasynyň praktiki mysalyna seretsek, ýarymgeçiriji senagatda üstünlige ýetmegiň multimediada üstünlige ýetmegiň şertlerinden nähili tapawutly bolýandygyny kesgitlemeli? Tapawut(lar) näme bilen düşündirilýärler?

## Mysal 4. IKT senagatyny ösdürmek boýunça Milli strategiýa

### Sifrleýin mazmuny öndürmek üçin Irlandiýada strategiýa

Irlandiýada sifrleýin mazmuny öndürmek sferasynda çalt ösýän pudaklaryň birnäçesi kesgitlenildi. Emma bu mümkinçilikleri mobilizlemekde üstünlik kritiki faktorlaryň birnäçesine baglydyr. Olara degişlidir:

- Ösüş agentliklerini we hökümeti ulanmagyň hasabyna işeňňir maksada gönükdirilen ösüş;
- Kär derejesini ýokarlandyrmagyň we bazaryň ösüşiniň katalizatory hökmünde çykyş edip biljek belli bir taslamalaryň/başlangyçlaryň döwlet tarapyndan subsidirlenmegi;
- Öňe gitmek üçin kesgitli bir başarnyklaryň ýetmezçiligi bar bolan ugurlarda bilim beriji we okuw edaralaryny döretmek;

- Irlandiýanyň telekommunikasion infrastrukturasynyň we YBTKI-niň mundan hem buýanky ösüşi;
- Sifrleýin mazmuny döretmek boýunça kärhana üçin maliýe/maliýeleşdirmeklige elýeterlilik;
- Sifrleýin mazmuny ösdürmäge gönükdirilen biznes-gurşawy üznüksiz goldamak.

## Anyk rekomendasiýalar

### *Maliýe we maliýeleşdirmek*

- Sifrleýin mazmuny işläp düzýän kompaniýalary goldamakda ýörite bilimlere we tejribä eýe wençur kapitally uly halkara kompaniýasyny Irlandiýa çekmek mümkinçiligi üçin goşmaça barlaglary geçirmeli (Enterprise Ireland, Irlandiýany Ösdürmegiň Halkara Assosiasiýasy).
- 2002-nji ýylda biotehnologiki sektor üçin döredilen fonda meňzeşlikde sifrleýin mazmun boýunça senagaty goldamak üçin wençur kapitalyň ýörite fonduny döretmeli (Enterprise Ireland, Irlandiýanyň Halkara Assosiasiýasy, DETE).

### *YBTKI*

- Sifrleýin mazmuny we dizaýny döretmek ugrunda YBTKI hünärmenlerini taýýarlamak üçin sungat we döredijlik kollejlerini goldamak boýunça maksatnamany teklip etmeli (Enterprise Ireland, DETE, Ylym, tehnologiýalar we innowasiýalar boýunça Irland Geňeşi).
- Sifrleýin mazmuny işläp düzmek oblastynda taslamalary goldamak üçin Ylmy barlaglar, Tehnologiýalar, Innowasiýalar ugurlarynda maliýeleşdirilmäge elýeterliligiň kriteriýlerine täzeden seretmeli (Enterprise Ireland, Ösüşiň Halkara Assosiasiýasy, (ÖHA) Irlandiýa).

### *Kadalaşdyryjy-hukuk binýat*

- Kiçi we orta kärhanalaryň sifrleýin mazmuny bilen bagly intellektual eýeçiligiň (IE) hasaba alynmagyny höweslendirmek üçin marketing/bilim beriji maksatnama işlenilip düzülmelidir KOK (Enterprise Ireland).
- Konfidensial maglumaty ogurlamak üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kanuny girizmek arkaly sifrleýin mazmun bilen bagly kanun tarapyndan bellenilen IE üçin göz öňünde tutulan goragy artdyrmaly (Ýustisiýa ministrligi).

## Maliýe gurşawy

- Beýleki ýewropa ýurtlaryna laýyklykda Irlandiýanyň GGS boýunça stawkalaryny kem-kemden azaltmaly (Maliýe ministrligi, Girdejiler boýunça Iş topary).

***Infrastruktura***

- Netijeli halkara alyş-çalşygyny döretmek üçin hyzmatdaşlykda esasy gatnaşyjylary çekmekde gaýra goýulmasyz zerurlyk bar (telekommunikasion operatorlar, hyzmatlary garaşsyz üpjün edijiler, MAP Irlandiýa).

**Bilimler we başarnyklar**

- Ösüşe gönükdirilen esasy oblastlarda hünärmenleri taýýarlamagyň isleginiň we teklibiniň doly jikme-jik auditini tamamlamaly (Täze hünärlere zerurlygy derňemek boýunça bilermen topary).
- Sifrleýin mazmuny işläp düzmek boýunça öňdebaryjy halkara ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw talyphaklaryny döretmeklige we kadrlary ýerleşdirmegiň halkara konkurs maksatnamalaryna hemaýat bermek (Üçünji derejäniň sektory, MAP Irlandiýa, Enterprise Ireland).

***Telekeçiligi ösdürmek***

- Forfás fondunyň goldawynda Telekeçilik, söwda we işlilik soraglary boýunça Müdiriýet sifrleýin mazmun boýunça ýolbaşçy topary döreder, ol senagaty ösdürmek boýunça agentlikden we degişli döwlet pudaklaryndan durar, ol anyk oblastlarda pudaklaýyn strategiýalary işläp düzmekde we hereketleriň amala aşyrylyşyny öz hasabatlarynda şöhlelendirmekde ýolbaşçylyk we utgaşdyrylmak bilen meşgullanar.
- Sifrleýin mazmuny döretmek oblastynda halkara derejede öňdebaryjy tejribäniň merkezleri bilen netijeli aragatnaşyklary diklemäge gönükdirilen strategiýalary işläp düzmeli we amala aşyrmaly.
- Sifrleýin merkezi (Hub) işläp düzmek gerek, ol Irlandiýanyň korporatiw sektory üçin halkara derejesinde sifrleýin media/mazmunyň mümkinçilikleriniň we ulanylmagynyň artykmaçlyklarynyň reklamasyny üpjün etmek maksatlary üçin sifrleýin mazmunyň özboluşly “witrinasy” bolup gulluk etmelidir (Sifrleýin mediany işläp düzmek boýunça Agentlik, Enterprise Ireland, MAP Irlandiýa).

**Döwlet sektory üçin taslamalar**

- Döwlet sektory Irlandiýada sifrleýin mazmuny döretmek boýunça tehnologiýalaryň we hyzmatlaryň bazaryny döretmekde demonstrasion taslamalar hökmünde sifrleýin kitaphana" taslamalaryny herekete girizmek, hem-de bolsa sifrleýin mazmunyň artykmaçlygy barada habardarlygy artdyrmak arkaly özüne öňdebaryjy roly almalydyr (Sungat, sport we syýahatçylyk işleri boýunça ministrlik).
- Mazmuny döretmek oblastynda we gepleşikler, media we neşirýat pudaklarynda bar bolan kompaniýalary, aýratyn hem döwlet kompaniýalaryny, öz mazmunlaryny sifrleýin gaýtadan işlemeklige, dolandyrmaklyga we ýaýratmaklyga geçmek üçin höweslendirmek (Aragatnaşyk Ministrligi).

Çeşme: Gysgaltmalar bilen Forfas-dan ulanyldy, Sifrleýin mazmun sferasynda Irlandiýanyň ösüş strategiýasy (2005-nji ýyl), http://www.forfas.ie/publications/digicontent02/021105_digital_content_report_s.pdf.

### Oýlanmak üçin soraglar

Sifrleýin mazmuny işläp düzmek sferasynda Irlandiýanyň üstünligini üpjün eden kritiki möhüm faktorlar şoňa meňzeş pudagy ösdürmek üçin Siziň ýurduňyzda ulanylyp bilnerlermi? Näme üçin hawa ýa-da näme üçin ýok? Bu faktorlaryň haýsysy Siziň ýurduňyz üçin aýratyn möhüm ähmiýete eýe?

### Amaly gönükmeler

*IKT pudaklaryny prioritetligi boýunça ýerleşdiriň*

Siziň hökümetiňiziň olary ösdürmek bilen meşgul boljak IKT-iň üç kiçi sektoryny prioritetligi boýunça ýerleşdiriň (meselem, önümçilik, offşoring/GRPO we sifrleýin mazmuny döretmek). Öz sanawyňyzy esaslandyryň.

Bir ýurduň wekilleri bu gönükmäni bir toparda ýerine ýetirip bilerler.

## 2.3. Elektron dolandyryş

Kesgitleme boýunça, elektron dolandyryş jemgyýeti dolandyryşyň esasy funksiýalary ýerine ýetirilende IKT-i ulanmak bolup durýar, ol öz içine utgaşdyrmagy, arbitražy, torlar bilen işi we düzgünleşdirmegi alýar.[55] Elektron dolandyryşyň has jikme-jik kesgitlemesi IKT-i administratiw dolandyryş oblastynda (şol sanda, döwlet hyzmatlaryny bermek, düzgünleşdirmek, hukugy goraýyşy we howpsuzlygy üpjün etmek, býurokratiki apparatyň işiniň we syýasy çözüwleri kabul etmegiň netijeliligini ýokarlandyrmak) we syýasat sferasynda (jemgyýetiň, onuň agzalary üçin hökmany bolan çözüwleri nähili kabul edýändigi we gymmatlyklary kesgitleýändigi bilen bagly çäreleriň diapazony) ýerli, milli, sebitleýin we global derejelerde ulanmak bolup durýar.

Dolandyryş perspektiwasyny ulanmak adatça diňe döwlet syýasaty bilen baglanyşykly guramaçylyk, özara bilelikdäki hereketleri däl-de, eýsem jemgyýetiň dolandyryşa bolan gatnaşygyny hem nygtaýar. Elektron dolandyryş döwlet hyzmatyny gowy üpjün etmek boýunça IKT-i ulanmagyň dar seredilişinden ünsi raýatlary çöwüwleri kabul etmek prosesine çekmek üçin IKT-ni ulanmagyň has giň meýdany tarapa süýşürýär.

Şonda-da, entek hem elektron hökümeti ýa-da "döwlet sektorynyň edaralarynyň işlerini kämilleşdirmek üçin IKT-i ulanmagyň ..." düşünjesini hasaba almak entek möhümdir.[56] IKTÖ üçin jogapkär syýasatçylary elektron hökümet gyzyklandyrýar, sebäbi hökümet tarapyndan IKT-ä çykdajylar ýerli IKT-senagatynyň umumy ösüşine täsir edip biler, hem-de elektron hökümet gowy dolandyryşy wada berýär.

Ýurtlaryň köpüsinde hökümet IKT harytlarynyň we hyzmatlarynyň iň uly sarp edijisi bolup durýar. Ösen ýurtlarda hökümetler döwlet sektorynyň IT-ulgamlaryna ÄIÖ-den adatça 1-den 1,5% göterime çenli sarp edýärler.[57] Global ylmy-barlag we maslahat beriji firma bolan Government Insights-yň maglumatlaryna görä "Günbatar Ýewropanyň hökümetleri üçin IT-e çykdajylaryň umumy jemi 2006-njy ýylda ABŞ-nyň 43 milliardyndan 2011-nji ýylda ABŞ-nyň 56 milliardyna çenli artar. IT-hyzmatlara çykdajylar hökümetiň çykdajylarynda iň uly paýy düzerler, şol bir wagtda bolsa gapyrjak PÜ-i satyn almak üçin çykdajylar 7% orta ösüş tizligi bilen iň çalt ösýän bolar".[58] Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde hökümetler geljekde

---

[55] Gianluca C. Misuraca, Afrikada elektron dolandyryş: Nazaryýetden tejribeçilige: Ýerli dolandyryş üçin IKT-i ulanmakda maglumat gollanmasy (Ottawa: IDRC, 2007-nji ýyl), http://www.idrc.ca/en/ev-113398-201-1-DO_TOPIC.html.

[56] Richard Heeks, «Ösüş maksatlary üçin elektron hökümet: elektron hökümet taslamalarynda üstünlikler we şowsuzlyklar – elektron hökümet näme?", Ösüş we dolandyryş syýasaty instituty, Mançester uniwersiteti, http://www.egov4dev.org/egovdefn.htm.

[57] Patrick Dunleavy, Helen Margetts, Simon Bastow we Jane Tinkler, *Sifrleýin dolandyryş zamany: IT-korporasiýalar, döwlet we elektron hökümet* (Oksford: Oxford University Press, 2006-njy ýyl), 1.

[58] Hökümet materiallary, "Press-goýberiliş: Hökümet Materiallary Günbatar Ýewropa Hökümet Sektorynda IT Çykdajylaryň 2006-njy ýylda 43 milliard dollardan 2011-nji ýylda 56 milliard dollara çenli artjakdygyny aýdýar

hem IT-hyzmatlara we harytlara çykdajylary 7,9% her ýylky hemişelik norma bilen 2007-nji ýyldan 2011-nji ýyla çenli artdyrmagy dowam ederler. [59] Çykdajylaryň esasy böleginiň enjamlara düşýändigine garamazdan, enjamlara sarp etmeleriň göwrüminiň 2007-nji ýylda 57,5%-den 2011-nji ýylda 54%-e çenli käbir peselmesi bolar. Beýleki tarapdan, hyzmatlara çykdajylar, PÜ-i hem hasaba almak bilen, garaşylyşy ýaly, bu wagtyň dowamynda kem-kemden artar.[60]

### Açyk kodly erkin programma üpjünçiligi

Köp hökümetler başda açyk kodly erkin programma üpjünçiligine (AKEPÜ) gyzyklanma bildirdiler, sebäbi ony ulanmak PÜ-i satyn almaga çykdajylary peseldip biler. Emma AKEPÜ diňe bir mugt (tölenilmeýän ýa-da paçsyz) PÜ bolup durmaýar. Bu başlangyç kod açyk, giňeldilip bilinýän we erkin ýaýradylýan programma üpjünçiligi hem bolup durýandyr. Onuň tarapdarlary onuň açyk häsiýetiniň serediş we testden geçiriş prosesiniň has çalt we netijeli bolmagy üçin ulanylýar diýip tassyklaýarlar, bu bolsa has durnukly we ygtybarly PÜ-ini işläp düzmäge alyp barýar. AKEPÜ barada goşmaça maglumaty almak üçin Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň 4-nji Modulyna serediň.

Ösýän ýurtlar üçin AKEPÜ-i kabul etmek üçin strategiki, ykdysady we sosial bähbitler bardyrlar.

### Strategiki artykmaçlyklar

- Ýerli potensialyň/senagatyň ösmegi
- Importuň kemelmegi/daşary ýurt walýutasyny tygşytlamak
- Milli howpsuzlygy berkitmek
- Awtorlyk hukuklaryny bozmalaryň peselmegi
- Ýerlilik prosesine hemaýat bermek

### Ykdysady artykmaçlyklary

- Konkurensiýanyň artmagy
- Eýeçiligiň jemi gymmatynyň peselmegi

(Government Insights, “Press Release: Government Insights Predicts IT Spending in the Western European Government Sector Will Grow from $43 B in 2006 to $56 B in 2011,”) http://www.government-insights.com/GI/getdoc.jsp?containerId=prIT20785507

[59] «Press-goýberiliş: Hökümet Materiallary APEK ýurtlary üçin IT oblastynda döwlet hyzmatlary bazarynda çykdajylaryň 7,9% CAGR derejesinde artmagyny öňünden aýdýar” Government Insights, http://www.government-insights.com/GI/getdoc.jsp?containerId=prSG20779307. Bu bahalandyrma Ýaponiýa goşulmady.

[60] Şol ýerde.

- Howpsuzlygyň artmagy
- Üpjün edijilerden garaşsyzlygy bermek.

**Sosial bähbitler**

- Maglumata elýeterliligiň giňelmegi [61]

Günorta-Gündogar Aziýada, Kambojada, Indoneziýada, Malaýziýada we Wetnamda AKEPÜ boýunça döwlet syýasaty bar.[62] Singapuryň ähli sektorlar üçin AKEPÜ boýunça döwlet syýasaty ýok. Tailand döwlet edaralarynda Linux-yň ulanylmagyny goldaýar. Spektriň beýleki soňunda Filippinler ýerleşýär, onda AKEPÜ boýunça syýasat ýok. Emma ASEAN-yň bu hemme ýurtlarynyň PÜ-i döretmek boýunça köpsanly okuw maksatnamalary we taslamalary bar, olar AKEPÜ-iň has köp ýaýramagyna hemaýat berýän oňaýly şertleri döretmek işinde möhüm ähmiýete eýedir.

Malaýziýanyň AKEPÜ boýunça syýasatynyň gyzykly modeli bar.

### Açyk kodly PÜ ulanmak boýunça Malaýziýanyň baş-meýilnamasy

Malaýziýanyň hökümeti açyk kodly programma üpjünçiligini (AKPÜ) işläp düzmäge we ornaşdyrmaga hemaýat bermek barada çözüwi kabul etdi, Malaýziýanyň Administratiw Döwrebaplaşdyrmak we Dolandyryş Meýilnamalaşdyrylyşy Bölümine döwlet sektory üçin bu başlangyja ýolbaşçy bolmak teklip edildi.

**Maksatlar**

- Eýeçiligiň jemi gymmatyny peseltmek.

---

[61] Kenneth Wong, AKEPÜ*: döwlet syýasaty* (Bangkok, PROON-APDIP e-Primers on Free/Open Source Software, 2004), http://www.iosn.net/publications/foss-primers/government/foss-government-primer.

[62] Joshua L Mindel, Lik Mui we Sameer Verma, «ASEAN agzasy ýurtlarda PSOK-y ulanmak”, *Ulgamlaýyn ylymlarda 40-njy Gawaý Halkara Konferensiýasynyň Materiallary* (in *Proceedings of the 40th Hawaii International Conference on System Sciences* (Waşington, Kolumbiýa okrugy, IEEE Computer Society, 2007), http://csdl2.computer.org/comp/proceedings/hicss/2007/2755/00/27550226b.pdf. ASEAN boýunça mugt we açyk programma üpjünçiligi boýunça mundan buýanky maglumatlar şu makaladan alyndylar.

- PÜ-ni ulanmak boýunça saýlaw azatlygyny artdyrmak.
- Ulgamlaryň arasyndaky bilelikdäki hereketi giňeltmek.
- IKT-senagatynyň ösüşini artdyrmak.
- AKPÜ-senagatynyň ösüşini artdyrmak.
- AKPÜ-ni ulanyjylaryň we ony işläp düzüjileriň sanynyň ösüşini artdyrmak.
- Sifrleýin deňsizligi azaltmak.

**Ýolbaşçylyk ediji ýörelgeler**

- Maksatlara ýetmek üçin gerekli potensialy artdyrýanlar.
- Häzirki operasiýalar üçin iň az zyýan berijiler.
- Öň satyn alnan we eýýäm ulanylýan ulgamlar bilen bilelikde işlemek.
- Bar bolan serişdeleri, enjamlary, programma üpjünçiligini we hünärmenleriň bilimlerini ulanmak.
- Apparat we programma üpjünçiligini satýanlar tarapyndan başlangyjyň ýa-da gözegçiligiň ýoklugy.

**Döwlet sektorynda AKPÜ-ni ösdürmegiň baş-meýilnamasy**

- Strategiki ugurlary kesgitlemek we mehanizmleri döretmek.
- Meýilnamany we “taslama kartasyny” işläp düzmek we amala aşyrmak.
- Döwlet sektorynda AKPÜ-ni ornaşdyrmagy goldamak üçin açyk PÜ-niň kompetensiýa Merkezini guramak.
- Strategiýalary, standartlary we ýolbaşçylyk ýörelgelerini işläp düzmek.

**Malaýziýanyň döwlet sektoryna AKPÜ-ni ornaşdyrmak ulgamynyň çarçuwalaýyn ulgamy**

AKPÜ-niň çarçuwalaýyn ulgamy döwlet sektoryna AKPÜ-ni ornaşdyrylmagyna ýetilmegine görüşi we onuň maksatlary üçin esas bolup hyzmat edýär.

***Döwlet sektory üçin IKT-i ulanmagyň görlüşi***

IKT-nyň kömegi bilen netijeli we hilli hyzmat berlişi üpjün etmeli.

***AKPÜ-ni ornaşdyrmagyň görlüşi.***

Netijeli, howpsuz we hilli hyzmatlary bermek maksatlary bilen döwlet sektory üçin IKT-i ulanmak boýunça AKPÜ-ni ulanmagyň kömegi bilen çarçuwalagýyn ulgamda gymmaty döretmek we artdyrmak.

**AKPÜ-niň maksatlary**

- Ulanylýan PÜ-ni saýlap almak mümkinçiligini giňeltmek.
- Bilelikdäki herekete ukyplary artdyrmak.
- PÜ-e hyzmat we oňa goldaw üçin mümkinçilikleri giňeltmak.
- Eýeçiligiň jemi gymmatyny peseltmek.
- Satyjylara baglylygy peseltmek.
- Howpsuzlygy ýokarlandyrmak we garaşsyzlygy saklamak.

**Çözüwleri kabul etmegiň oblastlary**

Döwlet sektorynda amala aşyrylyp bolunjak, IT-ni ulanmak boýunça ähli tehnologiki zynjyrda AKPÜ-i esasynda barlanan çözüwler.

***Ornaşdyrmagyň tapgyrlary***

Gyzga möhletleýin, orta möhletleýin we uzak möhletleýin perspektiwada döwlet sektory üçin AKPÜ-ni ornaşdyrmak boýunça “taslama kartasyny” işläp düzmeli.

***Bilimler banky***

Edaralaryň arasynda AKPÜ oblastynda bilimleriň we tejribäniň alyş-çalşygyny goldamak.

***Oňaýly şertler***

Döwlet sektorynda AKPÜ-ni ornaşdyrmagyň üstünligini üpjün etmek üçin AKPÜ-e degişli başlangyçlara täsir edip biljek komponentler.

Çeşme: Gysgaltmalar bilen Malaýziýanyň Administratiw Döwrebaplaşdyrmak we Dolandyryş Meýilnamalaşdyrylyşy Bölüminiň materiallary ulanyldy, “Malaýziýanyň döwlet sektory üçin AKPÜ boýunça portal”, http://www.oscc.org.my/content/view/33/38/http://www.oscc.org.my/content/view/34/40/.

## Oýlanmak üçin soraglar

1. Ýurduň erkin we açyk PÜ-ni ösdürmek boýunça syýasaty bolmalymy? Näme üçin hawa ýa-da näme üçin ýok?
2. Erkin we açyk PÜ-ni ulanmak boýunça Siziň ýurduňyzyň syýasaty nähili? Bu syýasatyň maksadalaýykdygyna we netijeliligine Siziň bahaňyz nähili?

Bilelikdäki hereket

*2008-nji ýyl üçin elektron hökümet oblastynda BMG-iň synynda* ikinji nesliň elektron hökümeti oblastynda başlangyçlaryň tapawutly häsiýeti hökmünde "baglanyşykly dolandyryş" barada aýdylýar. Baglanyşykly dolandyryş "jemgyýetyň ähli gatlaklarynyň döredijilikli tagallalaryny çekmek bilen halkyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen döwlet kollektiw hereketleri"[63] hökmünde kesgitlenilýär. Nutukda baglanyşykly dolandyryşyň diňe döwlet edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmeklige degişli bolman, eýsem "raýatlar bilen işeňňir we netijelei maslahatlaşmalary we bilelikdäki hereketleri, hem-de bolsa gyzyklanýan taraplaryň sebitleýin we halkara derejelerinde has işeňňir çekilmegini"[64] hem aňladýandygy nygtalýar.

"Iki ýa-da ondan hem köp ulgamlaryň ýa-da komponentleriň maglumatlary alşyp-çalyşmak we alyş-çalyşda alnan maglumaty ulanmak ukyby" ýa-da bilelikdäki hereketi – bu hut baglanyşykly dolandyryşy mümkin edýän zatdyr. Bilelikdäki hereketsiz döwlet edaralarynyň arasynda maglumatlary alşyp-çalyşmak çylşyrymly bolar, elektron hökümetiň diňe registrasiýaly, nädogry penjireli integrirlenen portaly daşdaky perspektiwa bolup galar.

Braziliýa bilelikdäki herekete ukyplylygyň baglanyşykly dolandyryşyň maksatlaryna ýetmegi üpjün etmeginiň gyzykly mysaly bolup durýar.

### Braziliýanyň bilelikdäki herekete ukyplylykda gurlan jemgyýetçilik howpsuzlygy ulgamy

Jemgyýetçilik howpsuzlygy sektory e-PING (Braziliýanyň döwletiniň bilelikdäki hereketini üpjün etmek boýunça strukturalaýyn esas) tarapyndan maslahat berlen ýörelgeleri we kesgitlemeleri praktikada ilkinji amala aşyrdy. Bu taslama Ýustisiýa ministrliginiň kazyýet maglumatyny we jemgyýetçilik howpsuzlygy maglumatyny integrirlemek üçin milli ulgam diýlip atlandyrylýar (Nosegay). Nosegay brazil ştatlarynyň jemgyýetçilik howpsuzlygy ulgamlaryny integrirledi. Bu ulgam raýat we harby polisiýanyň wekillerine we inspektorlaryna başga maglumatlara onlaýn elýeterlilikden başga, awtoulag serişdeleri boýunça

[63] Ykdyady we sosial soraglar boýunça Müdiriýet, Döwlet dolandyryşynyň we ony ösdürmegiň soraglary boýunça Bölüm, 2008-nji ýyl üçin elektron hökümeti oblastynda BMG-iň syny: elektron hökümetden baglanyşykly dolandyryşa (Nýu-Ýork: BMG, 2008-nji ýyl), xv, http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/UN/UNPAN028607.pdf.

[64] Şol ýerde

maglumatlar bazasyna we tussag edilmekligi üçin order ýazylan şahslaryň maglumatlaryna elýeterlik almaga mümkinçilik berýär.

Dürli ştatlaryň jemgyýetçilik howpsuzlyk ulgamlarynyň integrirlenilmegi ýoly bilen, meselem, indi Parana ştatyndan gaçyp gizlenen, emma Resife ştatynyň polisiýa bölüminde ýol wakasy barada sorag edilýän jenaýatçyny ýüze çykarmak mümkin boldy. Nosegay jemgyýetçilik howpsuzlygynyň bu ulgamlarynyň maglumatlarynyň awtomobilleriň milli ýeke-täk sanawyndaky (Renaýam), sürüjilik hukuklary boýunça milli ýeke-täk sanawdaky (Renach), ýaraglary hasaba almak ulgamyndaky (Sinarm), hem-de jenaýatçylar hökmünde tanalan adamlaryň sanawyndaky maglumatlar bilen köptaraplaýyn ýüztutmalaryň mümkinçiligini berdi. Jemgyýetçilik howpsuzlygynyň milli tory we jenaýat kazyýetiniň statistikasy hem Nosegay ulgamyna girizildiler. Integrirlemek tizlikli, howpsuz we ygtybarly esasda amala aşyryldy. XML, web-hyzmatlar, Internet-protokollar we brauzerleri ulanmak Nosegaye elýeterliligiň esasy serişdeleri bolup durýarlar.

Nosegayiň gymmaty, meselem, dürli brazil ştatlarynyň bar bolan jemgyýetçilik howpsuzlygy ulgamlaryny tor bilen birikdirmek 8,5 million brazil realyna durdy. Bu gymmaty 4 milliard real bolan bitewi unifisirlenen ulgamy döretmek boýunça alternatiw çemeleşmäniň smeta gymmatyndan bir göterimden hem azdyr. 2003-nji ýylyň ahyrynda Nosegay emele gelmänkä diňe dört ştat jemgyýetçilik howpsuzlyk ulgamy üçin öz maglumatynyň bölekleýin täzelenmegini üpjün edýärdiler. Bu gün Nosegayde 200-den hem köp federal we döwlet strukturalarynda 30 000 töweregi hasaba alnan ulanyjylar bar.

Çeşme: PROON-yň materiallaryndan gysgaltmalar bilen ulanyldy: Elektron hökümet oblastynda bilelikdäki hereket, Maglumat gollanmasy (Bankgok: PROON-yň Sebitleýin merkezi, 2007-nji ýyl), 2, http://www.apdip.net/projects/gif/GIF-Guide.pdf.

## Oýlanmak üçin soraglar

1. Bilelikdäki herekete ukyp haýsy görnüşde jemgyýetçilik howpsuzlygyny gowulandyrýar?
2. Bilelikdäki hereketi ulanmakdan haýsy beýleki bähbitleri alyp bolar?
3. Bilelikdäki hereketi üpjün etmek üçin Siziň ýurduňyzda Siziň pikiriňizçe haýsy iň uly mesele bar?

Bilelikdäki herekete standartlary ýa-da arhitekturany kabul etmegiň hasabyna ýetilip bilner.

Standartlary kabul etmek çemeleşmesinde bilelikdäki hereketlere ýetmek üçin döwlet tarapyndan bilelikdäki hereketi (Government Interoperability Framework, GIF) üpjün etmek boýunça çarçuwalaýyn ulgamy işläp düzmek we kabul etmek talap edilýär, ol döwlet edarasynyň, raýatlaryň we hyzmatdaşlaryň, onuň kömegi arkaly biri-biri bilen bilelikde hereket edip biljek, ileri tutulýan usulyny kesgitlemek üçin hökümet tarapyndan ulanylýan standartlarynyň toplumy we ýolbaşçylyk ýörelgeleri bolup durýar. GIF, adatça, öz içine alýar: (1) ýokary derejede syýasy beýannamalar; (2) tehniki mazmun; (3) tehnologiki mazmun; (4) amala aşyrmagyň meýilnamasy; hem-de (5) berjaý etmegiň režimleri.

Arhitektura esasynda bilelikdäki hereket kärhanany gurmagyň hökümet ýa-da döwlet arhitekturasynyň bolmagyny talap edýär. Kärhanany gurmagyň hökümet arhitekturasy "döwlet sektorynyň IT-ulgamlarynyň arasyndaky umumy ylalaşylmagyny üpjün etjek umumy esas" bolup durýar. Marijn Janssen we Kristian Hjort-Madsen kärhananyň milli arhitekturasyny (KMA) IKT oblastynda döwlet taslamalarynyň arasynda özara gatnaşyklary düşündirmek üçin we üýtgemeleri dolandyrmak üçin esas ýa-da "üçek" hökmünde kesgitleýärler.[65] KAM diňe bir bilelikdäki hereketi üpjün etmäge kömek etmeýär, emma býurokratiki süýrenjeňligi hem peseltmäge kömek edýär. Şeýlelikde, ol ykdysady ösüşe, işlilige we girdejililige uzak möhletleýin oňyn täsir edýär.

Standartlar ýa-da arhitektura esasynda bilelikdäki herekete ýetmegiň usulyny saýlamak elektron hökümetiň maksatlaryna, şeýle hem döwletiň tehniki işgärler düzüminiň mümkinçiliklerine baglydyr.

## Mümkin bolup biljek ýalňyşlar barada duýduryş

Elektron hökümetiň maksatnamalary işlenilip düzülende syýasatçylar ösýän ýurtlarda elektron hökümetiň şowsuz taslamalarynyň ýokary göterimi sebäpli uly seresaplylyk görkezmelidirler. Bir bahalandyrmalar boýunça ösýän ýurtlardaky ýa-da geçiş ykdysadyýetli ýurtlardaky elektron hökümet oblastynda taslamalaryň diňe 15 göterimi şowly hasap edilýärler. Olaryň agdyklyk ediji bölegi ýa-ha bölekleýin şowsuz (50 göterimi) ýa-da doly şowsuz (35 göterim) bolup çykdylar.[66]

---

[65] Marijn Janssen we Kristian Hjort-Madsen, "Milli Hökümetlerde Kärhananyň Arhitekturasynyň Derňewi: Daniýa we Niderlandlar ýagdaýlary", *Ulgamlaýyn Ylymlarda 40-njy Gawaý Halkara Konferensiýasynyň Materiallary* (Waşington, Kolumbiýa okrugy, IEE Kompýuter Jemgyýeti, 2007 ("Analyzing Enterprise Architecture in National Governments: The cases of Denmark and the Netherlands," in *Proceedings of the 40th Hawaii International Conference on System Sciences* (Washington, D.C.: IEEE Computer Society, 2007), http://csdl2.computer.org/comp/proceedings/hicss/2007/2755/00/27550218a.pdf.

[66] Richard Heeks, "eHökümet Ösüş üçin: eHökümet Taslamalarynda Üstünlik we Şowsuzlyk – Ösýän/Geçiş döwründäki Ýurtlarda eHökümet Taslamalarynyň Üstünlik we Şowsuzlyk Derejeleri: Syn", Ösüş Syýasaty we Menejment Instituty, Mançester Uniwersiteti ("eGovernment for Development: Success and Failure in eGovernment Projects - Success and Failure Rates of eGovernment in Developing/Transitional Countries: Overview," Institute for Development Policy and Management, University of Manchester), http://www.egov4dev.org/success/sfrates.shtml.

Syýasatçylara öz hususy başlangyçlarynyň şowlulygynyň ähtimallygyny ýokarlandyrmak üçin elektron hökümet oblastynda şowsuz taslamalaryň ýalňyşlaryndan gaça durmak gerek (seret, Ara goşma 5).

**Ara goşma 5.** Näme üçin elektron hökümet oblastynda taslamalar şowsuz bolýarlar.

1. Ösüşiň içerki mehanizmleriniň ýoklugy – başlangyç diňe IT-i üpjün edijiler tarapyndan gelip çykýar, içerki eýeçilik ýok (ýa-da elektron hökümetiň işine düşünmegiň).
2. Görüşiň we strategiýanyň ýoklugy – haýsy hem bolsa bir uzak wagtlaýyn nukdaýnazaryň ýoklugy, ýolbaşçylygyň ýoklugy hem-de maksatlaryň we serişdeleriň arasyndaky baglanyşygyň ýoklugy; ýolbaşçy işgärleriň hemişe üýtgäp durmagy we/ýa-da hemişe üýtgäp durýan syýasat we syýasy gurşaw arkaly emele gelip biler.
3. Taslamalaryň erbet dolandyrylmagy – taslamanyň eýeleriniň köplügi sebäpli dürli borçnamalar; gözegçiligiň ýoklugy ýa-da gowşaklygy; satyn almalaryň netijesizdigi.
4. Üýtgemeleri erbet dolandyrmak – ýokary wezipeli adamlar tarapyndan goldawyň ýoklugy (ol bölünip berilýän resurslaryň ýetmezçiliginde we beýleki toparlara negatiw maglumaty ýaýratmakda aňladylyp bilner); gyzyklanýan taraplaryň ýoklugy (eýeçiligiň hukuklarynyň ýetmezçiliginde aňladylýar).
5. Syýasatyň we şahsy gyzyklanmanyň agdyklyk etmegi – esasy oýunçylaryň şahsy zerurlyklara we köplenç "syýasat oýny" bilen baglanyşykly maksatlara jemlenilmegi, häkimiýeti ýitirmek gorkusy bolan göreş, garşylyk simptomlary bilen bagly bolmak, imiji ýokarlandyrmak maksatlary bilen eletron hökümetiň çözüwlerini "biz hem" görnüşinde nusga almak, saýlaw täsiriniň bolmagy, gysga wagtlaýyn şöhrat, hem-de bolsa parahorluk.
6. Erbet/ýerine ýetirip bolunmaýan taslamalaşdyrylyş – hususan-da, esasy ýerli gyzyklanýan taraplardan maglumatyň bolmazlygy bilen ýüze çykýar, bu bolsa tehnologiki taýdan aşa köp ýüklenen, çendenaşa ambisioz ýa-da ýerli şertlere (medeniýet, gymmatlyklar) we zerurlyklara laýyk bolmadyk meýilnamalaryň işlenilip düzülmegine eltýärler; bu aýratyn hem taslama daşary ýurt donorlary, firmalary we maslahat berijiler çekilende bolup geçýär. Taslamalaşdyrmagyň beýleki meseleleri: pilot çemeleşmäniň ýoklugy, guramaçylyk strukturasyna laýyk dällik.
7. Zerur başarnyklaryň bolmazlygy – işläp düzüjileriň, wezipeli adamlaryň we ulanyjylaryň/operatorlaryň arasynda informasion tehnologiýalar oblastynda

zerur bilimleriň we başarnyklaryň bolmazlygy; işläp düzüjileriň arasynda ýerli bilimleriň bolmazlygy.
8. Adekwat däl tehnologiki infrastruktura – kompýuterleriň ýa-da torlaryň ýeterlik möçberiniň bolmazlygy.
9. Tehnologiki ylalaşyksyzlyk – kompýuterleşdirilen ulgamlaryň maglumatlaryň alyş-çalşygyny üpjün etmeginiň mümkin bolmazlygy.

Çeşme: Gysgaltmalar bilen materiallar ulanyldy, Richard Heeks, "Elektron hökümet özüş maksatlary üçin: elektron hökümet taslamalarynyň üstünlikleri we şowsuzlyklary – bahalandyrma", Syýasaty we dolandyryşy ösdürmek Instituty, Mançester uniwersiteti, http://www.egov4dev.org/success/evaluation/factormodel.shtml.

## Oýlanmak üçin soraglar

1. Elektron hökümetiň taslamalarynyň şowsuzlygy üçin jogap berýän ýokarda sanalan faktorlaryň haýsylary içerki, haýsylary daşarky bolup durýarlar?
2. Elektron hökümetiň taslamalarynyň Hiksiň (Ara goşma 5) işinde sanalan şowsuzlyklarynyň sebäplerini öz ýurduňyz üçin iň aktuallaryndan başlap, az aktuallaryna tarap, tertip boýunça goýuň.

## Amaly gönükme

*Elektron hökümetiň taslamalarynyň şowsuzlyklarynyň sebäplerini derňemek*

Siziň ýurduňyzda elektron hökümeti döretmegiň şowsuz taslamasyny saýlap alyň we onuň şowsuzlygynyň sebäplerini ara alyp maslahatlaşyň.

Bir ýurtdan gelen, okadylmaga gatnaşýanlar bu tabşyrygy toparda ýerine ýetirip bilerler.

## Özüňizi barlaň

1. Adam kapitalyny ösdürmek oblastyndaky haýsy iki esasy problemalar IKTÖ bilen baglanyşykly?
2. IKT-i bilimde ulanmak boýunça Bütindünýä Bankynyň synynda haýsy esasy soraglara seredilipdir?
3. IKT boýunça hünärmenler üçin zähmet bazarynda islegiň we teklibiň arasynda üzülmeleri gysgaltmak üçin hökümet haýsy çäreleri kabul etmeli?
4. Ýurdy IKT-i öndürmek boýunça global ýere öwürmeklige gönükdirilen haýsy syýasy çözüwler HHR-de kabul edildiler?
5. Haýsy çäreler Hindistana PÜ-ni işläp düzmek boýunça global lider bolmaga kömek etdiler?
6. Irlandiýanyň strategiýasynyň sifrleýin mazmuny işläp düzmäge gönükdirilen esasy komponentlerini sanaň?
7. Elektron dolandyryş bilen elektron hökümetiň arasynda tapawut nämeden ybarat? Bu tapawutlar syýasatda we strategiýada nähili şöhlelenýärler?
8. Näme üçin hökümetler erkin we açyk PÜ ulanmak baradaky soraga seretmeli?
9. Näme üçin elektron hökümet üçin bilelikdäki herekedi üpjün etmek şeýle möhüm?
10. Näme üçin elektron hökümet oblastyndaky taslamalar şowsuzlyga uçraýarlar?

## Goşmaça edebiýat


Konklin, U. Artur. 2007. e-Hökümeti kabul etmeklige päsgelçilikler. *Ulgamlaýyn bilimlerde 40-njy Gawaý Halkara Konferensiýasynyň materiallary*, Waşington, Kolumbiýa okrugy.: IEEE Kompýuter Jemgyýeti (Conklin, Wm. Arthur. 2007. Barriers to Adoption of e-Government. In *Proceedings of the 40th Hawaii International Conference on System Sciences.* Washington, D.C.: IEEE Computer Society). http://csdl2.computer.org/comp/proceedings/hicss/2007/2755/00/27550098a.pdf.

Ykdysady we Sosial Işler Müdiriýeti, Jemgyýetçilik Dolandyrylyşy we Ösüşiň Menejmenti Bölümi, 2008. *BMG e-Hökümet sorag syny 2008: e-Hökümetden Birleşdirilen Dolandyrylyşa.* Nýu-Ýork: Birleşen Milletler Guramasy (Department of Economic and Social Affairs, Division for Public Administration and Development Management. 2008. *UN e-Government Survey 2008: From e-Government to Connected Governance.* New York: United Nations). http://unpan1.un.org/intradoc/groups/public/documents/UN/UNPAN028607.pdf.

Ýewropa Komissiýasy. eHökümet üstünlikleriniň görkezme ýagdaýlary. Ýewropanyň Maglumat Jemgyýetiniň tematik portaly (European Commission. Showcasing eGovernment Success. Europe's Information Society Thematic Portal). http://ec.europa.eu/information_society/activities/egovernment/implementation/index_en.htm.

Heeks, Riçard. 2006. *eHökümetiň deňeşdiriji derňewi: Milli we Halkara ölçegleri gowulandyrmak, eHökümeti Bahalandyrmak we deňeşdirmek.* iHökümetiň Iş kagyzlary tapgyry, 18, (Heeks, Richard. 2006. *Benchmarking eGovernment: Improving the National and International Measurement, Evaluation and Comparison of eGovernment.* iGovernment Working Paper Series no 18.) http://www.sed.manchester.ac.uk/idpm/research/publications/wp/igovernment/igov_wp18.htm.

InfoDev we Demokratiýa we Tehnologiýa üçin Merkez. 2002. *Ösýän ýurtlar üçin eHökümet Gollanmasy* (InfoDev and Center for Democracy and Technology. 2002. *The eGovernment Handbook for Developing Countries).* http://www.infodev.org/en/Publication.16.html.

Lafond, Renald we Çaitali Sinha, redaktorlar. 2005. *e-Telekeçilik Aziýa Mazmunynda: Saýlanan Ýagdaýlary Öwrenmek.* Singapur: Günorta-Gündogar Aziýany Öwrenmek Instituty we Ottawanyň Halkara Ösüşi Öwrenmek Merkezi (Lafond, Renald and Chaitali Sinha, eds. 2005. *e-Commerce in the Asian Context: Selected Case Studies.* Singapore: Institute for Southeast Asian Studies and Ottawa: International Development Research Centre). http://www.idrc.org/en/ev-72689-201-1-DO_TOPIC.html.

Naraýana, M.R. "IKT sektory we sebitleýin ykdysady ösüş: Kamataka Ştatyndan Şaýatlyklar" (Täzeden seredilen wersiýa). Ösüşiň Derwezesi Fondy (Narayana, M.R. "ICT sector and regional economic development: Evidence from Karnataka State" (Revised version). Development Gateway Foundation). http://ict.developmentgateway.org/Content-item-view.10976+M57819bce2bb.0.html?&L=0.

OECD. 2006. *Potensialy Ösdürmegiň Kynçylyklary: Gowy tejribeliklere tarap işlemek.* Pariž: OECD (OECD. 2006. *The Challenge of Capacity Development: Working towards good practice.* Paris: OECD). http://www.oecd.org/dataoecd/4/36/36326495.pdf.

Trukano Mihael. 2005. *Bilim Kartalary: Öwrenmeklige we Üstünliklere IKT-iň täsiri*. Waşington, Kolumbiýa okrugy: infoDev/Bütindünýä Banky (Trucano, Michael. 2005. *Knowledge Maps: Impact of ICTs on Learning and Achievement.* Washington, D.C.: infoDev / World Bank). http://www.infodev.org/en/Publication.154.html.

UNCTAD *2006. Iň az ösen ýurtlaryň Hasabaty 2006: Önümçilik Potensialyny Ösdürmek.* Nýu Ýork we Ženewa: Birleşen Milletler (UNCTAD. 2006. *The Least Developed Countries Report 2006: Developing Productive Capacities.* New York and Geneva: United Nations). http://www.unctad.org/Templates/webflyer.asp?docid=7011&intItemID=3881&lang=1&mode=downloads.

UNESCO. IKT bilimde: Syýasaty emele getirijiler, Meýilnamalaşdyryjylar we Praktiki işgärler üçin gurallar toplumy (UNESCO. ICT-in-Education Toolkit for Policy Makers, Planners and Practitioners). http://www.ictinedtoolkit.org/usere/login.php.

Bütindünýä Banky. 2005. *e-Strategiýalar: Monitoring we Bahalandyrma üçin Gurallar Toplumy* (World Bank. 2005. *e-Strategies: Monitoring and Evaluation Toolkit).* http://siteresources.worldbank.org/INTEDEVELOPMENT/Resources/estrategiesToolkit_Jan2005.pdf.

# 3. IKT-i DOLANDYRYŞ

Bu bölümiň meseleleri:

- IKT-i dolandyrmagyň kesgitlemesini bermek;
- IKT-i dolandyrmak üçin çarçuwalaýyn ulgamy beýan etmek;
- IKT-e maýa goýumlaryny dolandyrmagyň ýörelgelerini ara alyp maslahatlaşmak.

IKT-i dolandyryş "IKT-i ulanmak oblastynda isleg edilýän özüni alyp barşy höweslendirmek üçin çözüwleri kabul etmäge we jogapkärçiligiň çarçuwalaýyn ulgamyny kesgitlemäge hukuklardan"[67] ybaratdyr. Ol korporatiw dolandyryşyň düzüm bölegi bolup durýar, ol "haýsy hem bolsa bir guramanyň ýa-da guramanyň bölüminiň öz bellenen wezipelerini ýerine ýetirmekde degerliklidigini we netijelidigini"[68] üpjün etmekden ybaratdyr. IKT-i dolandyrmak guramada IKT-i ulanmak soraglary boýunça kimiň ahyrky çözüwi kabul edýändigini, bu berlen ýagdaýda bolsa hökümeti kesgitleýär. Ol IKT-iň "menejmentinden" tapawutlanýar, menejment IKT oblastynda ahyrky çözüwleri kabul etmek we amala aşyrmak bolup durýar.

IKT-i dolandyrmagyň üç esasy meseleleri bolup durýarlar: 1) guramanyň, onuň zerurlyklarynyň we mätäçlikleriniň kontekstinde IKT-i bahalandyrmak; 2) IKT oblastynda teklip edilýän meýilnamalary we syýasaty gönükdirmek; 3) meýilnamalaryň ýerine ýetirilmegine we olaryň kabul edilen syýasata laýykdygyna gözegçilik.[69] Hususy sektorda IKT-i dolandyrmagyň umumylaşdyrylan meselesi hökmünde, IT dolandyrmagyň Institutynyň maglumatlary boýunça aşakdakylar goýulýar:

> ... IT-iň meselelerini we strategiki ähmiýetini şeýle düşünmek, şonda kärhana öz işini ýerine ýetirmäge we öz işlerini geljekde giňeltmek üçin zerur strategiýalary amala aşyrmaga ukyply bolmaly. IKT-i dolandyrmak IT babatynda garaşylýanlaryň doly ýerine ýetirilmegini üpjün etmeklige, IT-i

---

[67] Peter Weill we Jeanne W. Ross, IKT-i dolandyrmak: effektiw netijeleri almak maksatlary bilen ýokary ýolbaşçylar IT oblastynda dolandyryşy we çözüwleri kabul etmegi nähili üpjün edýärler (Boston: Pressa Garward Biznes Mekdebi, 2005), 8.

[68] Riçard Siolkowskiý we Ýewgeniý Klark, "IKT-i dolandyrmagyň standartlary: çägeler süýşende gnoseologiki esaslary berkitmegiň gerekdigi", *The Asia Pacific Journal of Public Administration* Vol. 26, No. 1 (2005 – nji ýylyň iýuny), 77, http://sunzi1.lib.hku.hk/hkjo/view/51/5000806.pdf.

[69] Şol ýerde, 79.

ulanmak oblastynda töwekgellikleriň bolsa azaldylan bolmagyna gönükdirilen bolmaly. [70]

IT-i dolandyrmak soraglary boýunça jemgyýet, döwlet sektorynyň IKT oblastynda ýolbaşçylarynyň britan assosiasiýasy döwlet sektorynda IKT-i dolandyrmagyň öz içine aşakdakylary alýandygyna şaýatlyk edýärler:

- Gyzyklanýan taraplar bilen bilelikde hereket etmek
- Maýa goýumlaryny, satyn almalary we IT-i ýerleşdirmegi strategiki meýilnamalaşdyrmak
- Syýasaty işläp düzmek we ony yalalaşmak
- Programmalary ornaşdyrmagyň ýokary derejeli monitoringini üpjün etmek
- “Tipiki biznes” derejesinde netijeliligiň monitoringi
- Standartlary saýlap almak we herekete girizmek
- Töwekgellikleri dolandyrmak
- Syýasata, standartlara, kanunçylyga laýyklyga, hem-de degişli ulanylmaga gözegçilik [71]

## 3.1. ITI-i dolandyrmagyň çarçuwalaýyn ulgamy

Ösüş oblastynda  maksatlara ýetmek üçin IKT-i maksimal netijeli ulanmaga ymtylýan hökümetler IKT-i dolandyrmagyň çarçuwalaýyn ulgamyny işläp düzmelidirler. Bu çarçuwalaýyn ulgam, adatça, şulardan durýar:  1) ýörelgeleriň toplumy;  2) çözüwleri kabul etmegiň iýerarhiýasy;  3) hasabatlylygyň we gözegçiligiň prosesleriniň sargyt edilen toplumy. [72]

### Ýörelgeler

IKT-iň ýörelgeleri IKT-i ulanmak boýunça ýokary derejede beýan edilen tassyklamalaryň degişli toplumy bolup durýar. IKT-i dolandyrmagyň

---

[70] IT dolandyryş Instituty,  IT dolandyryş soraglary boýunça gysgaça umumylaşdyrmak, 2-nji düzediş, (Illinoýs: IT dolandyryş Instituty, 2003), 7, http://www.isaca.org/Content/ContentGroups/ITGI3/Resources1/Board_Briefing_on_IT_Governance/26904_Board_Briefing_final.pdf.

[71] “IKT dolandyryş”, IT dolandyryş soraglary boýunça jemgyýet, http://www.socitm.gov.uk/socitm/Events/ICT++governance.htm.

[72] “IT-i dolandyryş», Milli hasaplaýyş merkezi. http://www.nccmembership.co.uk/pooled/articles/BF_WEBART/view.asp?Q=BF_WEBART_298897.

çarçuwalaýyn ulgamy üçin beýle ýörelgeleriň toplumynyň mysaly bolup Awstraliýanyň IKT-i dolandyrmagyň ýörelgeleri bolup bilerler, has takygy:

1. **IKT üçin jogapkärçilige anyk düşünmek** – Guramanyň içinde aýratyn adamlaryň we toparlaryň IKT oblastynda öz jogapkärçiliklerine düşünýändiklerine we ony ykrar edýändiklerini göz ýetiriň.
2. **IKT-i guramanyň zerurlyklaryny iň gowy kanagatlandyrmagy üçin meýilnamalaşdyrmak** – IKT oblastynda meýilnamalaryň guramanyň häzirki zerurlyklaryna laýyk gelýändigine we IKT oblastynda meýilnamalaryň korporatiw meýilnamalary ýerine ýetirmekligi goldaýandygyna göz ýetiriň.
3. **IKT-ni esaslandyrylan we kanuny görnüşde satyn almak** – IKT-e eýe bolunmagynyň esaslandyrylan sebäpler we dogry ýol boýunça amala aşyrylandygyna laýyk we hemişelik derňew esasynda göz ýetiriň. Çykdajylar, töwekgellikler, uzak möhletleýin we gysga möhletleýin bähbitleriň arasynda laýyk balansyň bardygyna göz ýetiriň.
4. **IKT-iň gowy funksionirlenmegini üpjün etmek** – guramanyň işlerini goldamak üçin goýlan meseleleri ýerine ýetirmek üçin IKT-iň ulanylyp bilinýändigine, biznesiň üýtgeýän talaplaryna reagirleýändigine, hem-de bolsa biznesiň ony talap edýän ähli ýagdaýlarynda biznese goldawy üpjün edýändigine göz ýetiriň.
5. **IKT laýykdygyny üpjün etmeli –** IKT-iň ähli daşarky düzgünlere laýyk gelýändigine, hem-de bolsa ähli içerki syýasatlara we usullara laýyk gelýändigine göz ýetiriň.
6. **IKT-iň ilkinji nobatda adam faktorlaryny hasaba alynýan ulanylmagyny üpjün etmeli –** Prosesde meşgul bolýan ähli adamlaryň häzirki we ýüze çykýan zerurlyklaryny IKT-iň kanagatlandyrýandygyna göz ýetiriň.[73]

## Amaly gönükmeler

*IKT-i dolandyrmagyň ýörelgeleri*

Awstraliýanyň IKT-i dolandyryş ýörelgelerini Siziň ýurduňyzda amala aşyrmak boýunça, iň kynyndan iň aňsadyna çenli nukdaýnazardan, tertip boýunça goýuň.

[73] «Awstraliýa standarty – IKT-i dolandyryş üçin dünýäde birinji”, http://www.standards.org.au/cat.asp?catid=66&ContentId=82&News=1.

## Çözüwleri kabul etmegiň iýerarhiýasy

IKT-i dolandyrmagyň çarçuwalaýyn ulgamynyň ikinji elementi çözüwleri kabul etmegiň iýerarhiýasy bolup durýar. Döwlet sektory üçin IT-i dolandyrmagyň Weýl we Ross boýunça arhetipleriniň adaptasiýasy[74] çözüwleri kabul etmegiň iýerarhiýasynyň mysallarynyň çeşmesi bolup durýar. IKT-i dolandyrmagyň arhetipleri bolup durýarlar:

- **Biznes-monarhiýa** – ministr/kätip ýa-da baş kätip (ýa-da biznes-strukturanyň ýolbaşçysynyň ýa-da aýratyn ýolbaşçysynyň hökümetinden degişli şahs) IKT oblastynda çözüwi kabul edýär.
- **IT-monarhiýa** – çözüwleri hökümetdäki IKT oblastyndaky hünärmenler kabul edýärler (meselem, hökümeti informatizirlemek boýunça dolandyryjy – Government CIO ýa-da gCIO).
- **Feodal gurluş** – IKT oblastynda çözüwleri işçi düzümleriň ýolbaşçylary (meselem, býuronyň, ofisleriň we/ýa-da müdiriýetleriň) kabul edýärler.
- **Federal gurluş** – çözüwi ministrlikde/müdiriýetde ýokary weziplei adamlar we bölümleriň ýolbaşçylary kabul edýärler; bu ýere goşmaça gatnaşyjy hökmünde IT pudagynyň ýolbaşçylygynyň wekillerini hem goşmak bolar.
- **IT-iki häkimiýetlilik** – IKT oblastynda çözüwleri IKT sferasynda ýolbaşçylar (gCIO) we haýsy hem bolsa bir topar (meselem, býuro, müdiriýet) kabul edýärler.
- **Anarhiýa** – çözüwi her aýratyn ulanyjy kabul edýär.

### Amaly gönükmeler

*IKT oblastynda çözüwleri kim kabul edýär?*

Weýliň we Rossyň işinden adaptirlenen dolandyryş arhetipleriň kömegi bilen öz guramaňyzda IKT oblastynda çözüwleri kabul etmegiň (bar bolan) strukturasyny bahalandyryň.

---

[74] Weýliň we Rossyň materialy esasynda, *IT-i dolandyrmak*, 58-63.

IKT oblastynda çözüwleri kabul etmegiň iýerarhiýasyny döretmek soragy hökümet üçin täze däldir. Köp hökümetler eýýäm IKT üçin jogap berýän milli agentliklere eýe. Bar bolan tejribeden ugur alyp, biz IKT oblastynda çözüwleri kabul ediji edaralaryň iň bolmanda dört görnüşini kesgitläp bileris: ministrlik/müdiriýet, iş topary, administrasiýa we geňeş. Aşakdaky 1-nji tablisada bu görnüşlere wekilçilik edýän, Aziýada bar bolan IKT edaralarynyň häsiýetnamalary sanalandyrlar:

Tablisa 1. Aziýada IKT oblastynda edaralaryň deňeşdiriji matrisasy

| IKT oblastyndaky edaranyň atlandyrylyşy | Mandat/Wezipeleri | Beýleki milli döwlet edaralary bilen gatnaşyklary |
|---|---|---|
| MINISTRLIK<br><br>IT soraglary boýunça Müdiriýet, Kommunikasiýalar we IT Ministrligi (Hindistan) | IT bilen baglanyşykly syýasy soraglar; elektronikanyň ösdürilmegi; Internet (ähli soraglar, Internet-hyzmatlary ygtyýarlandyrmakdan başga).<br><br>Internedi, IT-i we IT-iň kömegi bilen berilýän hyzmatlary öňe sürmek.<br><br>Beýleki pudaklara elektron dolandyrylyşy, elektron telekeçiligi, elektron lukmançylygy, elektron infrastrukturany we ş.m. öňe sürmekde kömek.<br><br>IT oblastynda bilimi we IT-i ulanmak esasynda okatmaklygy öňe sürmek.<br><br>Kiberjenaýatçylyk boýunça kanunlar bilen baglanyşykly soraglar, 2000-nji ýyldaky | Müdiriýetiň işleriniň bir ugry Merkezi hökümetde we ştatlaryň administrasiýalarynda elektron dolandyryş oblastynda paketleriň kabul edilmegini çaltlaşdyrmak we ýeňilleşdirmek bolup durýar, sebäbi ol elektron dolandyryş oblastynda hereketleriň Milli meýilnamasyny amala aşyrmak boýunça baş edara bolup durýar.<br><br>Gün tertibiniň çäklerinde 10 punktdan ybarat meýilnama ýerine ýetirilýär:<br>• Müdiriýet elektron dolandyryş oblastynda Milli meýilnamanyň tiz amala aşyrylmagyna aýratyn üns bermelidir, bu döwlet dolandyryşynyň aýdyňlygyny üpjün etmek we hökümetiň wezipelerini raýatlara gönükdirilen etmek |

| IKT oblastyndaky edaranyň atlandyrylyşy | Mandat/Wezipeleri | Beýleki milli döwlet edaralary bilen gatnaşyklary |
|---|---|---|
| | Informasion tehnologiýalar baradaky Kanuny (№ 21, 2000) we IT bilen bagly beýleki kanunlary berjaý etmek.<br><br>Ýurtda ýarymgeçiriji enjamlaryň bazarda öňe sürülmegi we öndürilmegi bilen baglanyşykly soraglar, Semiconducter Complex Limited Mohali kompaniýasy bilen bagly bolan soraglardan başgalary; 2000-nji ýyldaky (№ 37, 2000) ýarymgeçiriji integral shemalary taslamalaşdyrmak oblastynda taslamalaşdyrmak baradaky Kanun.<br><br>IT bilen baglanyşykly soraglar boýunça halkara guramalary we edaralary bilen bilelikdäki hereket, meselem, Internet for Business Limited, Informasion jemgyýetde bilim soraglary boýunça Institut, Halkara kodlanylmagy boýunça Geňeş.<br><br>“Sifrleýin üzülmäni” aradan aýyrmak boýunça | üçin zerur.<br>• Täze IPv6 Internet protokoly ulanmaga geçmek: torlaýyn üpjün edijileriň IPv6 geçmegine hemaýat bermek üçin syýasy binýady we propaganda çärelerini üpjün etmek.<br>• Howpsuzlyk soraglary we sifrleýin gol: kiberinfrastrukturany goramaga ünsi jemlemek, maliýe sektorynda, kazyýet ulgamynda we bilimde elektron gollary ulanmaga hemaýat bermek. |

| IKT oblastyndaky edaranyň atlandyrylyşy | Mandat/Wezipeleri | Beýleki milli döwlet edaralary bilen gatnaşyklary |
|---|---|---|
| | Başlangyç: Media Lab Asia bilen baglanyşykly soraglar<br><br>IT oblastynda standartlaşdyrmagy, testden geçirmegi we hili bahalandyrmagy ösdürmek, IT-amaly maksatnamalary we meseleleri üçin proseduralary standartlaşdyrmak.<br><br>Elektronikanyň we programma üpjünçiliginiň eksportyna hemaýat boýunça Geňeşiň işini guramak.<br><br>Informatikanyň milli Merkezi.<br><br>Apparat/programma üpjünçiliginiň önümçiligini ösdürmek boýunça, şol sanda, innowasion kärhanalaryň, IT-iň eksportyny höweslendirmek boýunça çäreleri kabul etmek, pudagyň konkurensiýa ukyplylygyny ýokarlandyrmak boýunça başlangyçlar.<br><br>Müdiriýetiň gözegçiligi astynda bolan işgärler | |

| IKT oblastyndaky edaranyň atlandyrylyşy | Mandat/Wezipeleri | Beýleki milli döwlet edaralary bilen gatnaşyklary |
|---|---|---|
| | düzümi bilen baglanyşykly soraglar | |
| IŞ TOPARY<br><br>IKT oblastynda ýokary derejeli Iş topary (Nepal) | IT oblastynda milli syýasatyň we strategiýanyň amala aşyrylmagyna gözegçilik hem-de syýasatyň strategiki ugruny we hökümete goldawy üpjün etmek.<br><br>IKT-i ösüş, ykdysady ösüş we garyplygy azaltmak üçin ulanmak boýunça IKT sektory üçin degişli syýasy gurallary işläp düzmekde esasy roly oýnamak | Hususy sektor, ylmy toparlar we donorlar jemgyýetçiligi bilen ýakyn aragatnaşyklary saklamak arkaly syýasat we goldaw soraglary babatynda regulýar esasda ters aragatnaşygy Nepalyň hökümeti üçin üpjün etmek.<br><br>Hökümete hili gözegçilikde saklamakda goldawy üpjün edýär, bu iş hususy, döwlet-hususy hyzmatdaşlyk we daşary ýurt maýadarlary bilen ylalaşyklar esasynda IKT oblastynda döredilen bilim beriş guramalary üçin hil standartlaryny işläp düzmekde we olary berjaý etmekde kömek bermek ýoly arkaly amala aşyrylýar.<br><br>Ýurtda bar bolan, şeýle hem geljekki fiziki we wirtual IT-parklary döredýär, işläp düzýär, kömek berýär we dolandyrýar.<br><br>Meýilleşdirmek boýunça Milli Iş topary, aýratyn ministrlikler, hususy sektor, donorlaryň jemgyýetçilikleri, hünärmen guramalary, ylmy toparlar we ylmy-barlag |

| IKT oblastyndaky edaranyň atlandyrylyşy | Mandat/Wezipeleri | Beýleki milli döwlet edaralary bilen gatnaşyklary |
|---|---|---|
| | | institutlary bilen hyzmatdaşlykda IT oblastynda milli meýilnamalary/maksatnamalary taýýarlaýar we olaryň durmuşa geçirilmegini üpjün edýär.<br><br>Ýurtda IKT sektorynyň ösmegi we artmagy oblastynda has giň ygtyýarlyklaryň çäklerinde gerekli hukuk, kadalaşdyryjy we operatiw resminamalary kanunlar, kararlar we ýolbaşçylyk ýörelgeleri hökmünde taýýarlamakda kömek berýär. |
| ADMINISTRASIÝA<br><br>Informasion we kommunikasion tehnologiýalary ösdürmek boýunça Milli Agentlik (IKTÖBMA) (Kamboja) | IT-i ösdürmek we işläp düzmek syýasatyny gysga möhletleýin, orta möhletleýin we uzak möhletleýin geljekde formulirlemek.<br><br>Maksimal ykdysady ösüşi üpjün etmek üçin IT oblastynda syýasaty durmuşa geçirmek.<br><br>Kamboja Korollygynda IT oblastynda taslamalara gözegçilik we olaryň auditi.<br><br>IKTÖBMA regulýator we IT-i öňe sürmek üçin | Wirtual baglanyşdyrylan merkezi hökümet bar; indiki tapgyr ýerli öz-özüni dolandyryşy goşmagy göz öňünde tutýar – resminamalar elektron gaýtadan işlenişi geçmelidirler we real wagt režiminde şu hyzmatlary bermelidirler: awtoulagy, gozgalmaýan emlägi, hasaba almak, hemişelik ýaşaýjylary hasaba almak.<br><br>Döwlet gullukçylary üçin IT oblastynda treningleri, informasion maslahatlary geçirýär. |

| **IKT oblastyndaky edaranyň atlandyrylyşy** | **Mandat/Wezipeleri** | **Beýleki milli döwlet edaralary bilen gatnaşyklary** |
|---|---|---|
| | jogapkär gurama hökmünde çykyş edýär. Bu rollar biri-birini aradan aýyrmaýarlar, tersine regulirleýji roluň ösüş oblastynda maksatlar bilen ylalaşykly bolmagyny üpjün etmek üçin toplumlaýyn çemeleşmäni özünde saklaýar (olaryň saýtynda berlen maglumat esasynda). | |
| GEŇEŞ Information tehnologiýalar boiýunça Geňeş (Bruneý-Darussalam (Bruneý) | IKT-iň öňdebaryjy roluny guramak we üpjün etmek hem-de milli derejede ýolbaşçylygy amala aşyrmak.<br><br>Döwlet we hususy sektorlar üçin IKT-i ösdürmek oblastynda arabaglanyşyklary we bilelikdäki hereketi üpjün etmek.<br><br>Häzirki wagtda dürli döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýan IKT oblastyndaky dürli uly başlangyçlaryň, maksatnamalaryň we taslamalaryň integrasiýasy, hem-de hususy sektoryň gatnaşmagyny talap edýän ýagdaýlarda oňa eleýeterliligi üpjün etmek. | Strategiki möhüm we öňdebaryjy IT-leri barlaýar, olaryň Bruneý-Darussalamda netijeli ornaşdyrylmagyna barlaglary, işläp düzmeleri geçirmek we ýaýratmak arkaly hemaýat berýär.<br><br>Döwlet edaralaryna elektron hökümet maksatnamasyny ornaşdyrmak boýunça çäreleri kabul etmek boýunça teklipleriň bahalandyrylmagy, öwrenilmegi we ondan soňraky seredilmäge berilmegi.<br><br>Degişli edaralaryň üsti bilen zerur syýasaty formulirleýär, IT-i ösdürmäge we ulanmaga hemaýat boýunça çarçuwalaýyn ulgamy, çäreleri işläp düzýär. |

Eýýäm IKT oblastynda agentlikleri bar bolan ýurtlar üçin sorag bar bolan mehanizmiň olaryň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin netijeliligini bahalandyrmakdan ybaratdyr. IKT oblastynda agentligi ýok bolan ýurtlar üçin sorag IKT-i dolandyrmagyň netijeliligi üçin laýyk mehanizmi gözlemekden ybaratdyr.

Hasabatlylyk we monitoring prosesleri

IKT-i dolandyrmagyň çarçuwalaýyn ulgamynyň üçünji elementi hasabatlylyk we gözegçilik prosesleriniň sargyt edilen toplumy bolup durýar. Awstraliýanyň hökümetiniň informasiýa gözegçilik Müdiriýetiniň işläp düzen IKT aktiwlerini dolandyrmak boýunça öňdebaryjy tejribäniň gözegçilik sanawy IKT-dolandyrmagyň çarçuwalaýyn ulgamynyň üçünji komponentiniň mysaly bolup durýar. Bu gözegçilik sanawy aşakda getirilendir.

Öňdebaryjy tejribäniň gözegçilik sanawy – IKT aktiwlerini dolandyrmak [75]

***Tutuşlygyna alanyňda***

- Siz aktiwleri dolandyrmak prosesiniň durmuşy sikline nähili düşünýärsiňiz?
- Siz aktiwleri dolandyrmagyň ýörelgeleri bilen tanyşmy?

***IKT-i dolandyrmagyň çarçuwalaýyn ulgamyny işläp düzmek***

- Siz IKT aktiwlerini dolandyrmak oblastynda syýasy çözüwleri işläp düzmeklige gatnaşypmydyňyz?
- Siz aktiwleriň ýeke-täk sanawlarynyň hem-de satyn almak we ýerlemek prosesleriniň arasynda arabaglanyşygy amala aşyrypmydyňyz?
- Siz ekologiki howpsuz satyn almak we ýerlemek wariantlaryny seretmeklige gatnaşypmydyňyz?
- Siz noutbuklary we beýleki portatiw enjamlary ulanmagyň düzgünlerini işläp düzmeklige gatnaşypmydyňyz?
- Siz ulgamlaryň howpsuzlygy soraglaryna seretmeklige gatnaşypmydyňyz?

[75] Awstraliýanyň hökümetiniň informasiýa gözegçilik Müdiriýeti, öňdebaryjy tejribäniň gözegçilik sanawy – 24. IKT aktiwlerini dolandyrmak (Awstraliýa Birleşigi, 2007), http://www.finance.gov.au/e-government/better-practice-andcollaboration/better-practice-checklists/asset-management.html.

- Siz IKT aktiwlerini dolandyrmagyň hilini gowulandyrmak üçin öňdebaryjy ulgamlary ulanmaklyga seretmeklige gatnaşypmydyňyz?
- Siz IKT aktiwlerini dolandyrmagyň tertipleşdirilmegine täzeçillikli çemeleşmelere seretmeklige gatnaşypmydyňyz?
- Siz gözegçiligiň ygtybarly binýat ulgamyny döredipmidiňiz?

***Aktiwleriň ýeke-täk sanawlaryny döretmek we dolandyrmak***

- Siz aktiwleriň ýeke-täk sanawyny dolandyrmak üçin kimdir-biriniň jogapkärçiligini kesgitlediňizmi?
- Siz ähli material we material däl IKT aktiwleri girizilen aktiwleriň ýeke-täk sanawyny döretdiňizmi?
- Siz IKT-iň ähli aktiwlerini, informasion aktiwlerden we aktiwleriň ýeke-täk sanawyna intellektual eýeçilikden başgalaryny, hasaba aldyňyzmy?
- Siz PÜ-iň aktiwleriniň ýeke-täk sanawyny döretdiňizmi?
- Siz hususy häsiýetli soraglaryň ýeke-täk sanawyny döretdiňizmi?
- Siz göçme serişdeleri ulanmak üçin syýasaty işläp düzdüňizmi?
- Siz aktiwleriň ýeke-täk sanawyny goldamak we ylalaşmak üçin inwentarizasiýa proseduralaryny işläp düzdüňizmi?

***IKT aktiwleriniň auditi***

- Siz syýasatyň kanunçylygyny berjaý etmek boýunça çärelere gatnaşdyňyzmy?
- Siz PÜ-iň ylalaşyklydygyny berjäý etmek boýunça çärelere gatnaşdyňyzmy?

IKT aktiwlerini dolandyrmak boýunça bu gözegçilik sanawy hökümetleriň IKT-i dolandyrmagyň çarçuwalaýyn ulgamynyň işiniň netijeliligi üçin işläp düzmeli we ornaşdyrmaly gözegçilik we hasabatlylyk gurallarynyň köplüginden diňe bir mysal bolup durýar.

## 3.2 IKT oblastynda maýa goýumlaryny dolandyrmak

IKT-i dolandyrmagyň möhüm soragy IKT-e maýa goýumlaryň prioritetligini kesgitlemek bolup durýar. IKT oblastynda maliýeleşdirmegi talap edýän peýdaly we gerekli taslamalaryň köpsanlysy bar, emma maliýe serişdeleri elmydama çäklidir. Her ýagdaýyň özboluşlydygy aýdyň hem bolsa, bu soraglary çözmek üçin ýaraglanmaga alnyp bolunjak umumy düzgünler bardyrlar.

IKT-e maýa goýumlaryň prioritetligini kesgitlemegiň usullarynyň biri NAP-y maliýeleşdirmek üçin kesgitleýji faktor hökmünde ulanmakdan ybaratdyr. Öň düşündirilişi ýaly, NAP IKT oblastynda hökümetiň taslamalarynyň we üýtgemeleri dolandyrmagyň arasynda bilelikdäki hereketleri düşündirmek üçin esas bolup durýar.[76] Daniýa hökümeti öz NAP-yny "döwlet sektorynyň informasion ulgamlarynyň arasynda ylalaşyklylygy üpjün edýän umumy esas, şol bir wagtda bolsa ýerli zerurlyklar nukdaýnazaryndan optimizirlemek" hökmünde beýan edýärler.[77] Bu çemeleşmede maliýeleşdirmek IKT oblastyndaky diňe NAP bilen ylalaşykly taslamalar üçin bölünip berilýärler.

IKT oblastynda çykdajylar üçin prioritetligi kesgitlemegiň beýleki usuly "IKT maýa goýumlarynyň ýörelgelerini" ulanmak bolup durýar, olar taslamalary maliýeleşdirmegiň kriteriýlerini we üpjün etmek prosesini kesgitleýärler. Awstraliýanyň IKT-ä döwlet maýa goýumlarynyň ýörelgeleri (seret, Ara goşma 6) IKT oblastynda çykdajylaryň prioritetligini kesgitlemegiň iň gowy usulyny tapmaga ymtylýan syýasatçylar üçin peýdaly gollanma bolup durýar.

**Ara goşma 6.** Awstraliýanyň IKT döwlet maýa goýumlarynyň ýörelgeleri

***Ýörelge 1:*** Hökümet edaralardan ýeterlik maglumaty almalydyr we umumydöwlet perspektiwasyny hödürlemelidir, bu IKT-iň kömegi bilen biznes-prosesleri üýtgetmek boýunça maksatnamalar we taslamalar üçin serişdeleriň paýlanylyşynyň degişli bahalandyrmasyny geçirmeklige hemaýat berýär.

***Ýörelge 2:*** Edaralar hökümetiň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin resurslaryň netijeli, täsir ediji we ahlakly ulanmagy üçin jogapkärçilik çekýärler. Agentlikler goýlan maksatlara ýetmek üçin dolandyryşyň we monitoringiň adekwat prosesleriniň bolmagynyň şertlerini üpjün ederler.

***Ýörelge 3:*** IKT bilen baglanyşykly täze biznes-mümkinçiliklere maýa goýumlaryň anyk esaslandyrmasy hem-de deňeşdirilen çykdajylarynyň we bähbitleriniň hasaplanylmagy bolmalydyr.

***Ýörelge 4:*** Edaralar IKT oblastynda ýetilen netijeleriň bahalandyrylmagy, IKT-e goýlan maýa goýumlaryndan netije, hem-de bolsa taslamanyň durmuş sikliniň ähli esasy tapgyrlarynda hökümetiň çäginde bilimler we tejribäni alyş-çalyş etmek üçin jogapkärçilik çekýärler.

***Ýörelge 5:*** Edaralar bilen göni maslahat berilmelerde maliýe müdiriýeti edaralara Awstraliýanyň hökümeti tarapyndan IKT-ni netijeli we täsirli ulanmagyny üpjün etmäge kömek berýän çarçuwalaýyn ulgamyň işlenilip

[76] PROON, Elektron hökümetde bilelikdäki hereketi üpjün etmek: Maglumat gollanmasy (Bangkok: PROON-yň sebitleýin merkezi, 2007), 23, http://www.apdip.net/projects/gif/GIF-Guide.pdf.
[77] Şol ýerde

düzülmegi üçin jogap berýär. Maliýe müdiriýeti ony şu ýollar bilen amala aşyrar: gaýtadan ulanmaga, bilelikdäki herekete, alyş-çalyşa we hyzmatdaşlyga hemaýat; standartlary ulanmagy höweslendirmek; edaralara strategiki ýolbaşçylygy üpjün etmek we hökümete IKT maýa goýumlar soraglary boýunça maslahat bermek.

***Ýörelge 6:*** Merkezi agentlikler IKT-de maýa goýumlary dolandyrmak oblastynda kär derejesini ýokarlandyrmakda edaralara maglumatlary, serişdeleri we okatmagy bermegi utgaşdyrmak ýoly bilen hemaýat berer.

Çeşme: Gysgaltmalar bilen Awstraliýanyň hökümetiniň informasiýa gözegçilik Müdiriýetiniň materiallary ulanyldy, IKT-e maýa goýumlaryň çarçuwalaýyn ulgamy (Awstraliýanyň Birleşmesi, 2006), http://www.finance.gov.au/budget/ictinvestment-framework/docs/ICT_Investment_Framework_.pdf.

## Oýlanmak üçin soraglar

1. IKT-e maýa goýumlary soraglary boýunça tutuşlygyna alanyňda hökümete çemeleşmäniň artykmaçlyklary nähili?
2. Siziň ýurduňyzyň hökümetiniň IKT oblastyna maýa goýumlar babatynda syýasaty nähili?

Gynansak-da, IKT-ni dolandyrmagyň nöhümligine garamazdan, örän az sanly hökümetler tutuşlygyna hökümet derejesinde ýa-da her hökümet edarasynda IKT-i dolandyrmagyň çarçuwalaýyn ulgamyny (ýagny ýörelgeleri, çözüwleri kabul etmegiň iýerarhiýasyny we monitoringiň we bahalandyrmagyň işlenen proseslerini) işläp düzdüler. Bu IKT-e maýa goýumlaryň ýörelgeleri babatynda hem dogrudyr.

Bir soňky bellik: IKT oblastynda gowy dolandyryş iň ýokarky derejede netijeli ýolbaşçylygyň netijesi bolup durýar.

Öz ýurtlarynda IKT-i dolandyrmagyň çarçuwalaýyn ulgamyny döretmekde öňdebaryjy roly oýnamaga ymtylýan syýasatçylaryň Weýliň we Rossyň “IKT-i dolandyrmak oblastynda liderligiň 10 ýörelgeleri” atly işe seretmekden başlamagy gerek.[78] Bu, seredilýän döwlet sektory üçin uýgunlaşdyrylan ýörelgeler aşakda getirilýärler.

### IKT-i dolandyrmak oblastynda liderligiň 10 ýörelgesi

[78] Weýl we Rossdan täzeden işlenilip alyndy, *IT oblastynda Dolandyryş, 222-230.*

***1. Dolandyrmagy taslamalaşdyrmak bilen işeňňir meşgul bolmak***

Ýolbaşçylyk kärhananyň meseleleri we önümçilik maksatlaryna laýykda IKT-i dolandyrmak ulgamynyň işlenilip düzülmegi bilen işeňňir meşgul bolmalydyrlar.

Dolandyrmagy işeňňir taslamalaşdyrmak ýokary ýolbaşçylaryň alyp baryjy roluny, resurslaryň bölünip berilmegini, berlen prosese ünsi we goldawy göz öňünde tutýar.

***2. Haçan täzeden guramalydygyny bilmek***

Dolandyryşda üýtgemeleri islenilýän özüni alyp baryş tarapyna üýgemeler bilen baglanyşdyrmak zerur.

Emma, dolandyryşyň ähli strukturasyny üýtgetmegiň adamlardan täze rollary we özara gatnaşyklary öwrenmegi talap edýändigi sebäpli dolandyryşyň täzeden guralmagy ýygy-ýygydan bolmaly däldir.

***3. Uly wezipeli şahslary çekmeli***

Strategiki çözüwleri kabul etmek prosesine ýokary ýolbaşçylyk hökmany suratda gatnaşýar.

Üstünlige ýetmek üçin informatizasiýa boýunça dolandyryjylar (CIO) IT-i dolandyrmak prosesine netijeli gatnaşmalydyrlar. Beýleki ýokary ýolbaşçylar komitetleriň işine, tassyklamak proseslerine we ýerine ýetirilişiň synyna gatnaşmalydyrlar.

***4. Saýlawy amala aşyrmak***

IKT-i dolandyrmakda islendik maksada ýetmegi üpjün etmek mümkin däl, emma dolandyryş ähli gapma-garşylykly maksatlary soňraky ara alyp maslahatlaşmak üçin ýüze çykaryp biler we olary ýüze çykarmalydyr. Kompromissleriň sanynyň artýandygy sebäpli dolandyryş has çylşyrymlaşýar.

***5. Kadadan çykmalary gaýtadan işlemegiň prosesini düşündirmek***

Kadadan çykmalar kärhanalaryň onuň üsti bilen öwrenmegi alýan zatlary bolup durýarlar. IT meýilnamasynda kadadan çykmalar status-kwo ýagdaýyna, hususan-da Kärhanananyň Arhitekturasy üçin garşylyk bolýarlar. Kadadan çykmany bermek baradaky käbir haýyşlar esassyzdyrlar, emma olaryň aglabasy biznes-zerurlyklaryny kanagatlandyrmagyň hakyky isleginden gelip çykýar. Eger-de biznes-bölüm tarapyndan teklip edilen kadadan çykma esaslandyrylan bolsa, onda Kärhananyň Arhitekturasyna üýtgeme girizilmegi ähli kärhana peýda getirip biler.

***6. Höweslendirmegiň laýyk ulgamyny üpjün etmek***

IKT-dolandyrmakda umumy problema höweslendirme we sylaglama ulgamlarynyň höweslendirmäni üpjün etmek üçin IKT-ni dolandyrmak mehanizmlerinde taslamalaşdyrylan özüni alyp baryşlar bilen laýyk däldigi bolup durýar. Dolandyrmagyň we höweslendirmegiň ylalaşylmagynyň esasy soragy biznes-bölümiň bilelikdäki hereketi bolup durýar. Eger-de IT-i dolandyrmak bilelikdäki hereketi, awtonom işi ýa-da biznes-düzümiň haýsy hem bolsa bir kombinasiýasyny ... höweslendirmäge gönükdirilen bolsa, onda höweslendirme ulgamy hem ýolbaşçylar tarapyndan laýyklyga getirilmelidir.

Islenilýän özüni alyp barşa maliýe antistimullaryndan gaça durmak başarnygy hem maliýe stimullaryny bermek ýaly möhümdir.

### *7. IKT-i dolandyrmakda eýeçilik hukugyny we jogapkärçiligi diklemek*

IKT-i dolandyrmagyň eýesi we hasabatlylyk ulgamy bolmalydyr. Ahyrky netijede, hökümetiň başlygy ähli dolandyryş üçin jogapkärçilik çekýär, emma hökümetiň başlygy IKT-i dolandyrmagyň işlenilip düzülmegi, durmuşa geçirilmegi we netijeliligi üçin jogap berýän şahsy (IKT ministrini) ýa-da topary (IKT Ministrligi ýa-da IKT boýunça utgaşdyryjy geňeş) ygtyýarly eder. Hususy sektorda uly kompaniýalaryň köpüsinde IKT-i dolandyrmak üçin jogapkärçiligi informatizirlemek üçin dolandyryjy (CIO) çekýär.

Üç esasy sorag:

- IKT-i dolandyryş beýleki esasy döwlet aktiwlerinden (maliýe, adam we ş.m.) üzňelikde döredilip bilinmez.
- Aýratyn şahs ýa-da topar IKT-i dolandyrmagy özbaşdak amala aşyryp bilmez. Hökümetiň başlygy ähli ministrleriň, garaşylyşy ýaly, IKT-i dolandyrmaga öz goşandyny goşmalydyklaryna aýdyň düşünmelidir, sebäbi olar maliýe ýa-da islendik beýleki esasy aktiwleriň dolandyrylmagyna hemaýat bererler.
- IKT aktiwleri hökümetleriň köpüsiniň işinde has uly we möhüm roly oýnaýarlar.

### *8. Dürli guramaçylyk derejelerinde dolandyryşy işläp düzmek.*

Ugradyş nokady bolup IKT-i umumydöwlet dolandyryşy çykyş edýär, ol döwlet strategiýalarynyň we maksatlarynyň köp bolmadyk sany bilen şertlendirilendir. Ministrliklerde IKT-i dolandyrmagyň aýratyn, emma baglanyşykly gatlagy zerurdyr.

Dolandyryşyň has pes derejeleri has ýokary derejeler üçin gönükdirilen mehanizmlere garaşlydyrlar . . . Umumydöwlet IKT-i dolandyrmakdan başlaň, sebäbi bu dolandyryşyň beýleki derejeleri üçin netijä eýe bolar.

### *9. Aýdyňlygy we bilimi üpjün etmek*

IKT-i dolandyrmak babatynda gaty köp aýdyňlyga we bilime eýe bolmak praktiki taýdan mümkin däldir. Aýdyňlyk we bilim köplenç biri-biri bilen bilelikde gidýärler – bilim näçe köp bolsa, şonça-da aýdyňlyk köp, hem-de tersine. Dolandyrmak prosesinde aýdyňlyk näçe köp boldugy-ça, dolandyrmakda şonça-da ynamlylyk köp.

***10. Alty esasy aktiwler boýunça bitewi mehanizmi döretmek (meselem, adam kapitaly, maliýe serişdeleri, material aktiwler, intellektual eýeçilik, informasiýa we IT, özara gatnaşyklar).*** IKT-i dolandyrmak işlenilip düzülende beýleki esasy aktiwleri dolandyrmak üçin ulanylýan mehanizme gaýtadan seretmek gerek, emma IKT-iň täze, garaşsyz mehanizmini döretmäge däl-de, olaryň IKT oblastynda ygtyýarlyklaryny giňeltmek baradaky soraga seretmeli (mümkin kiçi komiteti döretmek).

Alty esasy aktiwlerden birinden köpüsinde dolandyryşyň meňzeş mehanizmlerini ulanýan kärhanalar has netijeli dolandyryşa eýedirler.

## Özüňizi barlaň

1. IKT dolandyryşy näme we näme üçin ol möhüm roly oýnaýar?
2. IKT-i dolandyrmagyň çarçuwalaýyn ulgamynyň elementlerini sanaň?
3. Awstraliýanyň IKT-e maýa goýmagynyň ýörelgelerini sanaň.

## Goşmaça edebiýat


Awstraliýanyň Hökümetiniň Informasiýany Dolandyryş Ofisi. IKT Dolandyryş Komitetleri. Awstraliýa Bileleşigi (Australian Government Information Management Office. ICT Governance Committees. Commonwealth of Australia). http://www.finance.gov.au/e-government/strategy-andgovernance/ict-governance-committees.html.

Telekeçilik Müdiriýeti, Hökümetiň Baş Informasion Ofisi. *IKT Dolandyrmak. Täze Günorta Uels Hökümeti* (Awstraliýa) (Department of Commerce, Government Chief Information Office. *ICT Governance. New South Wales*

*Government* (Australia). http://www.gcio.nsw.gov.au/ict-key-strategies/ictgovernance/ict-governance.

Ross, Jenne W., Peter Weýl we Dawid Robertson. 2006. *Kärhananyň Arhitekturasy Strategiýa hökmünde: Biznes ýerine ýetirilişi üçin esasy döretmek*. Boston: Garward Bisnes Mekdebiniň Neşirleri (Ross, Jeanne W., Peter Weill and David Robertson. 2006. *Enterprise Architecture as Strategy: Creating a foundation for business execution.* Boston: Harvard Business School Press).

Şatten Allen. 2007. Şäherleri meýilleşdirmek IKT-i Dolandyrmaga Ýol. *Informasiýa Asyry* (17-nji awgust) (Shatten, Allen. 2007. Town Planning The Path To ICT Governance. *Information Age* (17 August). http://www.infoage.idg.com.au/index.php/id;1125477169;fp;4;fpid;119792017.

Weýl, Peter we Jenne W. Ross. 2004. *IT Dolandyryş: Ýokary Ýerine Ýetirijiler IT-i Nähili Dolandyrýarlar. Uly Netijeler üçin Çözüw Hukuklary.* Boston: Garward Bisnes Mekdebiniň Neşirleri (Weill, Peter and Jeanne W. Ross. 2004. *IT Governance: How Top Performers Manage IT Decision Rights for Superior Results*. Boston: Harvard Business School Press).

Siolkowskiý, Riçard we Ýewgene Klark. 2005. IKT-i Dolandyrmagyň standartlary: “Süýşýän Çägelerde” Güýçli Epistemologiki Esaslar üçin Zerurlyk. *Jemgyýetçilik Dolandyryşyň Aziýa-Ýuwaş okean Žurnaly* 26, № 1 (Iýun): 77-90 (Ziolkowski, Richard and Eugene Clark. 2005. Standards of ICT Governance: The Need for Stronger Epistemological Foundations in Shifting Sands. *The Asia Pacific Journal of Public Administration* 26, No. 1 (June): 77-90. http://sunzi1.lib.hku.hk/hkjo/view/51/5000806.pdf).

## JEMLEME

Bu modul üç bölümden ybarat. Birinji bölümde IKTÖ oblastynda syýasaty işläp düzmek prosesi beýan edilýär, ikinjisi IKTÖ oblastynda milli syýasatyň esasy elementlerini we durmuşa geçirmegiň strategiýalaryny şöhlelendirýär, üçünjisi bolsa IKTÖ-ni dolandyrmaklyga seredýär.

Birinji bölümde IKTÖ syýasaty we strategiýasy emele getirilendäki ädimler kesgitlenilendirler, hem-de bolsa syýasaty emele getirmek prosesinde döwletiň, bazaryň we raýat jemgyýetiniň roly beýan edilýär. Bu bölümde täze IKT, hususan-da Internet-tehnologiýalar we tehnologiýalaryň konwergensiýasy babatynda kadalaşdyryjy-hukuk reformasynyň gerekdigi baradaky sorag hem ara alnyp maslahatlaşylýar. Birinji bölümden käbir esasy pursatlar:

- Syýasaty işläp düzüjiler islenilmeýän netijeleri minimuma eltmek üçin IKTÖ-i ornaşdyrmak prosesiniň şertlerini we potensial netijelerini bahalandyrmalydyrlar.
- IKT syýasatyny işläp düzüjilere IKTÖ oblastynda syýasaty emele getirmekde we ony ornaşdyrmakda döwletiň, bazaryň we raýat jemgyýetiniň gatnaşmaklarynyň dogry balansyny tapmak gerekdir.
- Syýasaty işläp düzüjiler tehniki progress şertlerinde haýal-ýagallyk edip bilmezler, sebäbi meseleler haçan-da köne tertip täze tehnologiýalary we onuň netijelerini düzgünleşdirende ýüze çykýarlar.
- Syýasaty işläp düzüjilere (we düzgünleşdiriji edaralara) hereket edýän kanunlaryň we kesgitlenilen düzgünleriň haýsy derejede täze tehnologiýalary ýaýratmaga we täze kärhanalary ösdürmäge päsgel berýändiklerini bahalandyrmak gerekdir.

Ikinji bölümde ählumumy milli IKTÖ syýsatyndaky üç elementler bilen baglanyşykly soraglar şöhlelendirilýärler, has dogrusy: potensialy güýçlendirmek, ykdysadyýetde IKT sektoryny döretmek, hem-de bolsa elektron dolandyryş. IKT potensialyny ösdürmek oblastyndaky iki giň sorag ara alnyp maslahatlaşylýar: ýurduň IKT sektory we tutuşlugynda alanyňda ykdysadyýet hemişelik esasda öser ýaly, ähli raýatlara informasion zamanda üstünlige ýeter ýaly esasy başarnyklara eýe bolmak boýunça mümkinçilikleri bermek, hem-de IKT oblastynda hünärmenleriň kär derejesini ýokarlandyrmak. IKT pudagynyň potensialy babatynda IKT önümçiliginde, offşoringde we programma üpjünçiligini global işläp düzmekde, hem-de bolsa sifrleýin mazmuny işläp düzmek senagatynda dürli milli hökümetler tarapyndan kabul edilen syýasatlara we strategiýalara seredilýär. Bu bölümde erkin we açyk PÜ-ini ösdürmek we ylalaşyklyga ýetmek syýasatyny

işläp düzmekde hökümetiň roly hem ara alnyp maslahatlaşylýar. Bu bölümde deglip geçilen käbir esasy pursatlar:

- IKT potensialyny ösdürmek ösüş üçin IKT-iň mümkinçiliklerini ulanmaga ymtylýan islendik ýurt üçin möhüm syýasy mesele bolup durýar.
- Diňe tehnologiýalara gönükdirilen, degişli pedagogiki esas bilen berkidilmedik bilim beriş maksatnamalaryndaky IKT, has dogrusy şowsuzlyga duçar bolarlar.
- Bu günki global ykdysadyýetde hökümetler gülläp ösmegi üpjün etmek hem-de milli ykdysady we sosial ösüşde hereketlendiriji güýç hökmünde öz roluny oýnamak üçin IKT sektoryna degişli şertleri döretmekde çalt we aýgytly hereket etmelidirler.
- Baglanyşykly dolandyryş diňe bir döwlet edaralarynyň arasynda hyzmatdaşlygy giňeltmäge däl, eýsem raýatlar bilen işeňňir we netijeli maslahatlaşmalara we bilelikdäki herekete, hem-de gyzyklanýan taraplar bilen sebitleýin we halkara derejelerde has işeňňir gatnaşyga hem degişlidir.

Üçünji bölümde IKT dolandyryşyna seredilýär hem-de IKT-i ulanmak oblastynda çözüwleri kabul etmek üçin hukuklary we borçnamalary görkezmek bilen esaslar beýan edilýärler. Çarçuwalaýyn ulgam ýörelgeleriň birnäçesinden, çözüwleri kabul etmegiň iýerarhiýasyndan, hasabatlylygyň we gözegçiligiň prosesleriniň sargyt edilen toplumyndan ybaratdyr. IKT-e maýa goýumlaryň prioritetligini kesgitlemegiň gerekdigi hem ara alnyp maslahatlaşylýar. IKT oblastyndaky peýdaly dolandyryşyň iň ýokary derejede effektiw liderligiň netijesi bolup durýandygy bu bölümde esasy pursatdyr.

## GOŞUNDY

| | |
|---|---|
| Potensial | Adamlaryň, guramalaryň we tutuşlygyna alanyňda jemgyýetiň öz işlerini üstünlikli ýerine ýetirmek ukyplary |
| Potensialy ösdürmek | Adamlaryň, guramalaryň we tutuşlygyna alanyňda jemgyýetiň onuň kömegi bilen potensialy kesgitli bir wagt dowamynda boşadýan, berkjidýän, döredýän, uýgunlaşdyrýan we goldaýan prosesi |
| Raýat jemgyýetçilik guramalary | Meýletin telekeçilikli bolmadyk topar ýa-da assosiasiýa, ol anyk sosial maksatlara ýetmek üçin ýa-da ilatyň anyk toparyna hyzmat etmek üçin döredilýär; hökümete degişli däl guramalar ady bilen has bellidir. |
| Malaýziýanyň telekommunikasiýalar we multimedia baradaky Kanuny (MTK) | (1999-njy ýylda kabul edilen) Konwergensiýa prosesini göni hasaba almaga we şöhlelendirmäge gönükdirilen kadalaşdyryjy-hukuk binýat döredildi. Hususan-da, telekommunikasiýa we gepleşikler pudagy üçin MTK anyk tehnologiýalardan we hyzmatlardan garaşsyz bolan ygtyýarnamalaşdyrmak ulgamyny berdi, bu bolsa dar gönükdirilen ygtyýarnamalaryň sanyny 31-den 4 umumy kategoriýaly ygtyýarnama çenli peseltdi. Konwergensiýa hem serediň. |
| Baglanyşykly dolandyryş | Diňe bir IKT-i ulanmak ýoly bilen döwlet edaralarynyň arasynda bilelikdäki herekedi giňeltmäge däl, eýsem "raýatlar bilen işeňňir we netijeli maslahatlaşmalara we bilelikdäki hereketlere hem-de gyzyklanýan taraplaryň sebitleýin we halkara derejelerde has işeňňir gatnaşygyna" hem degişlidir. |
| Konwergensiýa | Iki ýa-da köp predmetleriň ýakynlaşmagynyň ýüze çykmagy. Adatça sifrleýin tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynyň hasabyna döredilen çözüwleriň, mazmunyň görnüşleriniň we/ýa-da senagatyň pudaklarynyň birleşmegine degişli. |

| | |
|---|---|
| Awtorlyk hukuklary | Hökümetleriň köplügi tarapyndan kabul edilen hukuk baş ýörelgesi, ol asyl nusgadaky işi döredene bu işe adatça, çäklenen wagtyň dowamynda ýalňyz hukuk berýär. |
| Sifrleýin mazmuny döretmek boýunça senagat | Sifrleýin harytlary, hyzmatlary we olaryň esasynda ýatan tehnologiýalary döretmek, dizaýn etmek, dolandyrmak we ýaýratmak proseslerini öz içine alýar. Käbir sektorlar wizual effektleri we animasiýany (şol sanda wirtual barlyk we üç ölçegli programmalar), interaktiw multimediany (meselem, websaýtlar, CD-ROM-lar), kompýuter we onlaýn oýunlaryny, bilim beriş multimediasyny (elektron okadyş), filmleri we telegörüş programmalaryny sifrleýin öndürmegi, hem-de bolsa telewideniýe programmalarynyň we filmleriň gaýtadan işlenilmegini öz içine alýar. |
| Sifrleýin ykdysadyýet | Harytlary öndürmekden ideýalary döretmeklige geçmek bilen häsiýetlenýär; “bilimler ykdysadyýeti”, “torlaýyn ykdysadyýet” ýa-da “täze ykdysadyýet” atlary bilen hem belli. |
| Sifrleýin gol | “Ýazuw üsti görnüşindäki gola” funksional taýdan ekwiwalent. Asimmetriki kriptografiýanyň görnüşi bolup durýar, ol adatça ýurtlaryň köpsanlysynyň kanunçylygyna laýyklykda şertnamalary kämilleşdirmek üçin serişde hökmünde kabul edilenok. |
| Elektron dolandyryş | Jemgyýeti gerekli dolandyrmak işinde IKT-i ulanmak, ol öz içine utgaşdyrmagy, araçylygy (arbitražy), torlaýyn tehnologiýalary we düzgünleşdirmegi alýar. Anyk aýdanyňda, bu IKT-i dolandyryş oblastynda (jemgyýetçilik hyzmatlaryny bermegi, dolandyrmagy, kanunçylygy ulanmagy, howpsuzlygy üpjün etmegi, býurokratiki apparatyň işiniň we syýasy çözüwleri kabul etmegiň netijeliligini ýokarlandyrmagy öz içine almak bilen) |

| | |
|---|---|
| | we syýasat oblastynda (jemgyýetde çözüwleri kabul etmek prosesleri bilen baglanyşykly işewürlik oblasty we jemgyýetiň ähli agzalary üçin hökmany bolan gymmatlyklary kabul etmek) ýerli, milli, sebitleýin we global derejelerde ulanmakdyr.. |
| Elektron hökümet | Döwlet sektorynyň edaralarynyň işiniň hilini gowulandyrmak üçin IKT-i ulanmak |
| PÜ-i işläp düzmegiň global ulgamy | “Milli serhetleriň daşynda geografiki taýdan biri-birinden üzňe ýerleşýän ýerlerde, prosesiň utgaşdyrylan gurmaçylygynda PÜ-i işläp düzmek; ol real wagt režiminde hyzmatdaşlygy (sinhronlyk) we asinhron bilelikdäki hereketi göz öňünde tutýar. |
| Bilelikdäki hereket mümkinçiligini üpjün etmegiň Döwlet ulgamy | Agentlikleriň, raýatlaryň we hyzmatdaşlaryň onuň kömegi arkaly biri-biri bilen bilelikdäki hereket edýän prioritet usulyny kesgitlemek üçin hökümetiň ulanýan standartlarynyň we gollanmalarynyň toplumy. Ol öz içine ýokary derejeli syýasaty tassyklamagy, tehniki mazmuny, prosesleriň resminamalaşdyrylmagy, durmuşa geçirilmek we ylalaşmak režimlerini alýar. |
| IKT-i dolandyrmak | “IKT-i ulanmakda islenilýän özüni alyp barşy höweslendirmek üçin çözüji düzgünleriň we jogapkärçiligiň düzüminiň kesgitlenilmegi”. Bu guramada IKT barada ahyrky çözüwi kabul edýän gatnaşyjylary kesgitleýär. |
| Dolandyryşyň IKT ulgamy | Ösüş maksatlaryna ýetmäge ymtylmakda IKT-i maksimal ulanmak isleýän hökümetler üçin maglumat gollanmasy. Bu ulgam adatça özüne şulary alýar: 1) ýörelgeleriň toplumyny; 2) çözüwleri kabul etmegiň iýerarhiýasyny; hem-de 3) hasabatlylygyň we gözegçiligiň prosesleriniň aýratyn toplumyny. |
| IKT maýa goýumlarynyň ýörelgesi | IKT taslamalary üçin maliýe serişdelerini almagyň kriterisini we prosesini kesgitleýär. Bu IKT oblastynda çykdajyylar üçin prioritetligi |

| | |
|---|---|
| | kesgitlemegiň alternatiw usulydyr. |
| IKT ýörelgeleri | IKT-i ulanmak babatynda ýokary derejedäki kesgitlemeleriň degişli toplumy. Ýene-de serediň *Dolandyryşyň IKT ulgamy.* |
| Bilelikdäki hereket mümkinçiligi | Iki ýa-da ondan köp ulgamlaryň ýa-da olaryň komponentleriniň maglumatlary alşyp-çalyşmak hem-de alyş-çalşygy öň amala aşyrylan maglumaty ulanmak mümkinçiligi. |
| Liberallaşdyrmak | Ykdysady işewürligiň az çäklendirilmegini üpjün edýän döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň prosesi. Halkara söwdasynda bu adalga adatça tarifleri azaltmagy we/ýa-da tarif görnüşli däl päsgelçilikleri aradan aýyrmagy aňladýar. Telekommunikasiýalar sektorynda bu telekommunikasion hyzmatlar berlende monopoliýalaryň ýatyrylmagy bilen bagly. |
| Bazar reformalary | Adatça bazar güýçlerine bahalary, möçberi we hili bellemäge mümkinçilik berýän strategiýalary aňladýar, hem-de käbir ýagdaýlarda berilýän hyzmatlaryň sanawyny kesgitleýär. Hökümetler reformany adatça üç usul bilen başlaýarlar: hususylaşdyrmak (priwatizasiýa), liberallaşdyrmak ýa-da bu usullary utgaşdyrmak. |
| Milli kärhanany gurmak | Üýtgemelere gözegçiligi üpjün etmek üçin IKT oblastynda döwlet taslamalarynyň arasynda özara gatnaşyklary düşündirýän ulgam ýa-da leňňerler (ryçaglar). |
| Milli informasion infrastruktura | Sesi, maglumatlary, teksti, şekilleri we wideomaglumaty (multimedia) interaktiw režimde geçirmäge ukyply, ýurduň maglumat zerurlyklaryna hyzmat edýän giň zolakly tor |
| Hökümete degişli däl guramalar | Seret, *raýat jemgyýetçilik guramalary* |

| | |
|---|---|
| Sermaýalary (kapitallary) we önümçiligi daşary ýurda çykarmak (offşoring) | Çykdajylary azaltmak üçin işçi wezipeleriň daşary ýurda geçirilmek tendensiýasy |
| Açyk çeşme | PÜ, onda programmalaryň deslapky kody açyk, çeýe, ol mugt ýaýradylýar. Bu adalga has giň manyda “dürli çyzgytlary, çemeleşmeleri we prioritetleri bilelikde ulanmagy üpjün etmäge mümkinçilik berýän hem-de ösüşiň has ýapyk, merkezleşdirilen modellerinden tapawutlanýan iş we çözüwleri kabul etmek modeli” hökmünde hem ulanylýar. |
| Autsorsing | Garşylykly ýagdaýda gurama tarapyndan özbaşdak ýerine ýetirilmeli meseleleri ýerine ýetirmek üçin daşarky kompaniýalary hakyna tutmak. Bu adatça material-tehniki üpjünçiliginde, hyzmatlary gözlemekde we paýlamakda, IT hyzmatlarynda, şol sanda PÜ-ni döretmekde we kompýuter merkezlerini dolandyrmakda; maglumat merkezleri, maliýe geleşiklerini gaýtadan işlemek we zähmet resurslaryny dolandyrmak ýaly işewür prosesleriň autsorsinginde ulanylýar. |
| Syýasat | Hereketleriň meýilnamasy, ol resmi taýdan “syýasy şahs ýa-da şahslaryň topary tarapyndan maksatlary we olara ýetmegiň serişdelerini anyk ýagdaýyň çäklerinde, haçan-da bu çözüwler, umuman, bu syýasatçylaryň ygtyýarlygynyň çäklerinde galýan bolanlarynda saýlamak babatynda kabul edilen, özara baglanyşykly çözüwleriň toplumy” hökmünde kesgitlenilýär. |
| Hususylaşdyrmak (priwatizasiýa) | Döwlet eýeçiliginiň ýa-da döwlet tarapyndan gözegçilikde saklanylýan kärhanalaryň hususy eýeçilige geçirilmek prosesini kesgitleýär.. |

| | |
|---|---|
| Döwlet syýasaty | Hökümetiň umumy maddy hal-ýagdaý ýa-da jemgyýetçilik bähbidi bilen baglanyşykly aspektlere reaksiýasy. Ol ýurduň kanunlaryna (kanunçylygyna), hökümetiň buýruklaryna, çözüwlerine we hereketlerine girizilýär. Ol hökümet tarapyndan açyk we aýdyň formulirlenilmelidir hem-de amala aşyrylmalydyr. *Seret, syýasata* hem. |
| Oba hojalyk maglumatlar ulgamynyň çalt bahalandyrylmasy | Gyzyklanýan şahslary we olaryň torlaryny ulgamlaýyn we bilelikdäki esasda bahalandyrmak üçin işlenilip düzülen, gyzyklanýan taraplara gönükdirilen usul. |
| Karar | “Häkimiýetiň ýerine ýetiriji şahasynyň döwlet edarasy tarapyndan çykarylan we kanunyň güýjüne eýe bolan düzgün ýa-da buýruk. Oňa häkimiýet, kanun berilmelidir we adatça ol anyk predmet boýunça degişli kanuna garanyňda has köp jikme-jiklikleri saklaýar”. |
| Berilýän hyzmatlaryň görnüşine bagly bolmadyk ygtyýarnamalaşdyrmak | Haçan-da berilýän hyzmatlar iň köp talap edilýän ýa-da bähbitli bolanlarynda ygtyýarnamalaryň eýelerine bazarda artykmaçlyga eýe bolmaga mümkinçilik berýär. |
| Gyzyklanýan taraplar | Syýasaty işläp düzmäge gyzyklanýan şahslar, şahslar topary we guramalar. Olaryň dürli gyzyklanmalary bar we olar işleriň dürli maksatnamalaryny düzýärler. |
| Gyzyklanýan taraplaryň derňewi | Anyk aspekt ýa-da resurs bilen baglanyşykda olaryň atributlary, özara gatnaşyklary we gyzyklanmalary esasynda gyzyklanýan taraplary kesgitlemek we beýan etmek üçin instrumental serişdeleriň toplumyny üpjün edýär. |
| Tenhologiki bitarap kanunçylyk ýa-da karar | Kanunlaryň we/ýa-da hökümet hereketleriniň kesgitli bir tehnologiýalara artykmaçlyk bermeli däldigini aňladýar. Olar diňe bir anyk tehnologiýa bazarda artykmaçlyk berilmeginiň öňüni almak üçin däl-de, eýsem könelişmegiň öňüni almak üçin hem |

| | |
|---|---|
| | ulanylýarlar, sebäbi anyk tehnologiýa gönükdirilen anyk buýruk ýa-da kanun, tehnologiýa kämilleşdirilenden soňra peýdasyz bolup biler. |
| Waşington ylalaşygy | Ösüş strategiýasy, ol Bütindünýä Bankynyň we HWF-yň ştab-kwartirasy ýerleşen şäheriň ady boýunça atlandyrylandyr, onuň çäginde döwlet düzgünleşdirilmegini ýatyrmak, liberallaşdyrmak we hususylaşdyrmak ýoly bilen ykdysadyýetde hökümetiň roluny azaltmaklyga aýratyn ähmiýet berilýär. |
| Waşingtondan soňky ylalaşyk | Waşington ylalaşygynyň mirasdüşeri, ol netijeli, emma irizmeýän döwlet gözegçiliginiň we raýat jemgyýetçiliginiň gatnaşmagynyň möhümdigini nygtaýar.. |
| 21-nji asyryň başarnyklary | Informasion jemgyýetde eýe bolunýan başarnyklar. Olar öz içine döredijilikli çemeleşmäni, meseleleri çözmäge ukyplary, informasion sowatlylygy, kommunikasion başarnyklary we oýlanmagyň ýokary tertipli beýleki başarnyklaryny alýar. |

## Instruktor üçin bellikler

“Okuw modullarynyň tapgyry baradaky” diýlip atlandyrylan bölümde bellenilişi ýaly, tapgyryň bu we beýleki modullary dürly diňleýjiler üçin dürli we üýtgeýän milli şertlerde gymmatly bolmak üçin niýetlenilendirler. Bu modullar doly ýa-da bölekler boýunça, dürli režimlerde – real wagt režiminde hem, awtonom hem hödürlenilip bilner ýaly işlenilip düzüldiler. Modul aýratyn okuwçylar tarapyndan, okuwçylaryň topary tarapyndan okuw mekdeplerinde, hem-de döwlet edaralarynyň çäklerinde öwrenilip bilner. Gatnaşyjylaryň derejesi we okuw sapaklarynyň dowamlylygy informasiýany hödürlemegiň jikme-jikleşdirilmeginiň göwrümini kesgitleýär.

Bu bellikler instruktorlaryň ünsüne modulyň informasiýasyny has netijeli hödürlemek boýunça käbir ideýalary we teklipleri hödürleýär. Okuw çemeleşmeleri we strategiýalar boýunça mundan buýanky görkezmeler döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasyna ugurdaş material hökmünde

işlenilip düzülen okuw maksatnamalaryny işläp düzmek boýunça gollanmada berlendirler. Ol gollanma http://www.unapcict.org/academy salgy boýunça elýeterlidir.

## Okuw modulyny ulanmak

Bu modulyň her bölümi okatmagyň maksatlaryny kesgitlemekden we "Özüňi barlamak üçin soraglar" atly soraglaryň toplumy bilen tamamlanýar. Okyjylar maksatlary we soraglary modulyň dowamyndaky öz progresini bahalandyrmak üçin esas hökmünde ulanyp bilerler. Her bölüm ara alyp maslahatlaşmak üçin soraglaryň birnäçesini we amaly gönükmeleri hem özünde saklaýar, olar okyjylar tarapyndan ýerine ýetirilip ýa-da lektorlar tarapyndan ulanylyp bilnerler. Bu soraglar we gönükmeler okyjylara alnan tejribäni we bilimleri amalyýetde ulanmak we ara alyp maslahatlaşmak üçin teklip edilýän temalar barada oýlanyşmak mümkinçiligini üpjün etmek üçin niýetlenilendirler.

Modulyň mazmunynyň ep-esli bölegini anyk mysallary derňemek düzýär. Olar ara alyp maslahatlaşmagy we derňewi, aýratyn hem, modulda hödürlenen esasy konsepsiýalaryň we ýörelgeleriň haýsy çäklerde real taslamalarda we maksatnamalarda ulanylýandygyny barada derňewi geçirmek üçin niýetlenilendirler. Okyjylar üçin IKT-e esaslanan we IKT-iň goldawyny ýerli aýratynlyklary hasaba almak bilen ulanýan çemeleşmeleriň we modelleriň uýgunlaşdyrylmagyny (adaptasiýasyny) bahalandyrmak möhümdir. Lektorlar modulyň mazmunyny amala aşyrmak üçin okyjylara beýleki amaly mysallary ýa-da öz hususy tejribesinden ýagdaýlary seretmegi teklip edip bilerler.

## Okuw sapaklarynyň strukturirlenmegi

Okyjylara, bar bolan wagta hem-de ýerli aýratynlyklara we şertlere baglylykda modulyň mazmuny wagt boýunça dürli böleklerde hödürlenilip bilner. Aşakda dürli wagt böleklerinde hödürlenilip bilinjek materiallaryň beýan edilişi getirilýär, Ýurdy we auditoriýany öz düşünişiniň esasynda okuw sapaklarynyň strukturasyna üýtgemeleri girizmek instruktorlara teklip edilýär.

### 90 minutlyk sapaklar üçin

Modul hakynda umumy maglumaty hödürlemeli. "Gysga mazmuna" we her bölümiň giriş böleklerine salgylanyp, söhbet sapagynyň mazmunyny kesgitlemeli we okyjylar üçin iň köp peýdaly aspektlere aýratyn üns bermeli. Kiçi bölümlerde

saklanýan aspektlere hem gatnaşyjylaryň gyzyklanmalaryna baglylykda ünsi jemläp bolar, meselem, 1-nji bölümde hödürlenen IKT-iň ösüşiniň modelini işläp düzmeklige, ýa-da IKT senagatyny döretmeklige (2-nji bölümden).

3 sagatlyk sapak üçin

Bu sapak 90 minutlyk sapagyň giňeldilen görnüşi bolup durýar, ol anyk temalaryň has jikme-jik seredilmegini üpjün etmek üçin bölünendir. Gatnaşyjylaryň derejesine baglylykda başda modulda bar bolan informasiýanyň umumy synyny berip bolar, soňra bolsa 1-nji bölümdäki birnäçe gyzyklanýan taraplaryň gatnaşmagy bilen syýasaty işläp düzmek, 2-nji bölümden IKT-i ulanmagyyň mümkinçiliklerini işläp düzmek, we/ýa-da 3-nji bölümden IKT-e ýolbaşçylyk ulgamy ýaly bir ýa-da iki kiçi bölümlerden bolan anyk kiçi bölümlere okyjylaryň ünsüni gönükdirip bolar.

Üç sagatlyk sapagy iki sany 90 minutlyk sapaklara bölüp bolar. Birinji sapak her bölümiň jemleýji maglumatyny gurşap alyp we amalyýetdäki mysallary ara alyp maslahatlaşmak bolup biler, indiki sapak bolsa toparlaýyn sapaga berlip bilner. Toparlaýyn sapaklaryň maksatnamasyny oýlanyşmak üçin “Amaly gönükmeleriň” shemalaryna serediň.

Doly iş güni üçin (sapaklaryň dowamlylygy 6 sagat).

Hemme üç bölümiň mazmunyny gurşap almak üçin üç 2 sagatlyk sapaklary ulanmak maslahat berilýär. Her bölüm boýunça syn maglumatyny bermek gerek, soňra bolsa bir ýa-da iki kiçi bölümiň anyk aspektlerine okyjylaryň ünsüni bermek gerek (sebäbi ähli kiçi bölümlere seretmek üçin wagt ýeterlik bolmaz). Her 2 sagatlyk sapaklaryň dowamynda okatmak usuly tapawutlanyp biler. Birinji sapagyň barşynda her okyjydan olaryň IKTÖ oblastynda syýasaty işläp düzmekde duçar bolan kynçylyklaryny kesgitlemegi sorap bolar. By faktlary her gatnaşyjynyň ýa-da lektoryň ýazmaça bellemegini sorap bolar. Ikinji sapakda 2-nji bölümden bolan amaly mysallary ähli klas boýunça, şeýle hem aýratyn toparçalarda ara alyp maslahatlaşyp bolar. Üçünji sapagyň barşynda toparlaýyn tabşyryklary belläp bolar, hem-de IKT dolandyryşyň okyjylar tarapyndan birinji sapagyň barşynda sanalyp geçilen käbir kynçylyklary ýeňip geçişine seredip bolar.

Alternatiwa hökmünde, bir günlik sapaklary modulyň haýsy hem bolsa bir anyk bölüminde jemläp bolar. 1-nji we 2-nji bölümleriň üç kiçi bölümlerini üç sany 2 sagatlyk sapaklaryň barşynda gurşap alyp bolar, emma 3-nji bölümiň iki kiçi bölümine iki sany 3 sagatlyk sapaklaryň barşynda seredip bolar. Toparlarda

ara alyp maslahatlaşmagy höweslendirmek gerek, PowerPoint-de prezentasiýalaryň arasyndaky wagtda amaly gönükmeleri bermeli.

Üç günlik sapaklar üçin

Her bölümi öwrenmek üçin bir günden bölüp bermeli, birinji gün 1-nji bölümden başlamaly, hem-de üçünji gün 3-nji bölüme seretmek bilen sapaklary tamamlamaly. Her günüň başynda bölümiň umumy synyny bermeli, günüň ahyrynda bolsa bölüm boýunça jemleýji maglumaty bermeli. Tamamlaýjy günde soňky 90 minutlyk sapak modulyň mazmuny babatynda açyk ara alyp maslahatlaşmak we tejribäni alyş-çalyş etmek üçin ulanylyp bilner. Sapaklaryň ikinji gününiň dowamynda 2 we/ýa-da 3 bölümler boýunça ara alyp maslahatlaşmalaryň üstüni doldurmak üçin real obýektlere baryp görmegi gurap bolar.

5 günlik sapaklar üçin

Bu berlen wagt çäkleri tutuş moduly gurşap almak üçin okuw materiallarynyň ähli toplumyny hödürlemegi üpjün etmäge mümkinçilik bermelidirler. Umumy sapagy modulyň mazmunynyň synyndan başlaň, soňra bolsa her bölümiň temasyna has jikme-jik serediň. Auditoriýanyň ähli 5 günüň dowamynda gyzyklanmasyny goldap saklamak üçin diňleýjileriň bilelikdäki hereketini üpjün etmek gerekdir, onuň üçin amaly gönükmeleri umumy sapaklardan ünsi bölmek üçin hem, şeýle-de, berilýän materiallara okyjylaryň gyzyklanmalaryny ýokarlandyrmak üçin hem ulanmaly. “Amaly gönükmeler” we “Oýlanmak üçin soraglar” bölümine täze ideýalary almak üçin serediň. Şeýle hem, sapaklaryň üçünji ýa-da ikinji gününiň dowamynda hereket edýän obýekte baryp görmegi gurnap bolar.

## Okuw materiallary

Lektorlar okuw prezentasiýalaryny slaýdlar görnüşinde ulanyp bilerler, olary IKTÖ AÝOM (APCIKT) Internet saýtyndan (http://www.unapcict.org/academy) alyp bolar.

Lektorlar goşmaça materiallary ulanmalydyrlar, hem-de bolsa resminamalaryň asyl nusgalaryna we modulda getirilen Internet-saýtlara seretmelidirler. Instruktorlar informasion materiallara degişli ýüztutmalar bilen beýleki amaly mysallary hem ulanyp bilerler.

## Awtor barada

**Emmanuel S. Lallana** – garaşsyz, telekeçilik däl ideacorp ýolbaşçysy. Ol Filippinlerde we tutuş Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde IKTÖ oblastynda birnäçe ylmy-barlag we okuw taslamalaryna ýolbaşçylyk edýär. 2004-nji ýyldan 2007-nji ýyllar boýunça doktor Lallana Informasion we telekommunikasion tehnologiýalar boýunça Filippin Iş toparynyň (KIKT) Ygtyýarlandyrylan wekili hökmünde işledi. IKT syýasatyny işläp düzmek, meýilleşdirmek, hereketleriň utgaşdyrylmagy, amalyýetde durmuşa geçirmek, düzgünleşdirmek üçin KIKT esasy mehanizm bolup durýar, ol Filippin hökümetiniň häkimiýetiniň ýerine ýetiriji şahasynyň administratiw obýekti hem bolup durýandyr.

## IKTÖ AÝOM

BMG-iň ýanyndaky Ösüş üçin informasion we kommunikasion tehnologiýalaryň Aziýa-Ýuwaş okean okuw merkezi BMG-iň Aziýa we Ýuwaş okean üçin Ykdysady we sosial Iş toparynyň (AÝOYSIT) kömekçi edarasy bolup durýar. IKTÖ AÝOM edarasynyň maksady AÝOYSIT agza ýurtlaryň adam we institusional potensialy döretmegiň esasynda olaryň sosial-ykdysady ösüşinde IKT-i ulanmak boýunça tagallalaryny işeňňirleşdirmek bolup durýar. IKTÖ AÝOM edarasynyň işi üç sany esasy komponentlere jemlenen:

1. Okatmak. Ol IKT oblastynda syýasaty işläp düzüjileriň we IKT hünärmenleriniň bilimlerini we başarnyklaryny ýokarlandyrmak üçin, hem-de bolsa IKT oblastynda instruktorlaryň we okuw mekdepleriniň potensialyny berkitmek üçin niýetlenilendir.
2. Ylmy-derňewler. IKT oblastynda adam resurslarynyň ösüşi bilen baglanyşykly analitiki ylmy derňewleri geçirmek üçin niýetlenilen.
3. Maslahat bermeler. AÝOYSIT agzalaryň we assosiirlenen agzalaryň adam resurslaryny ösdürmek boýunça maksatnamalarda maslahat beriş hyzmatlaryny bermek üçin niýetlenilen.

IKTÖ AÝOM Koreýa Respublikasynda Inçon şäherinde ýerleşýär.
http://www.unapcict.org

## AÝOYSIT

AÝOYSIT Birleşen Milletler Guramasynyň sebitleýin kiçi düzüm bölegi bolup durýar we ol Aziýa-Ýuwaş okean sebitinde ykdysady we sosial ösüş boýunça BMG-iň esasy merkezi hökmünde çykyş edýär. Onuň meselesi öz 53 agza we 9 assosiirlenen agzalarynyň arasynda hyzmatdaşlygy berkitmekden ybaratdyr. AÝOYSIT global hem-de milli derejelerde maksatnamalar we problemalar barasynda strategiki arabaglanyşygy üpjün edýär. Ol sebitiň ýurtlarynyň hökümetlerine sebitleýin pozisiýalary berkitmek işinde goldawy berýär we dünýäde globalizasiýa şetlerinde unikal sosial-ykdysady problemalary çözmekde sebitleýin çemeleşmeleri goraýar. AÝOYSIT Tailandyň Bangkok şäherinde ýerleşýär.

http://www.unescap.org

Döwlet dolandyryşynyň liderleri üçin IKT Akademiýasynyň modullarynyň tapgyry
http://www.unapcict.org/academy

*Akademiýa* IKTÖ oblastynda ählitaraplaýyn gurşap alyjy okuw maksatnamasy bolup durýandyr, ol sekiz moduldan ybaratdyr, olaryň esasy maksady syýasaty işläp düzüjileri milli ösüşiň maksatlaryna ýetmek we "sifrleýin üzülmäni" ýeňip geçmek üçin IKT mümkinçiliklerini doly ölçegde ulanmak boýunça zerur bilimler we başarnyklar bilen üpjün etmek bolup durýar.

Modul 1 – IKT we doly bahaly ösüşiň arasyndaky özara baglanyşyk
Müňýyllygyň ösüş Maksatlaryna ýetmek üçin IKT-i ulanmak oblastynda esasy çözüwler we soraglar syýasaty döretmekden durmuşa geçirmeklige çenli şöhlelendirilýärler.
Modul 2 – Ösüş maksatlary üçin IKT syýasaty, prosesleri we dolandyryş
Esasy üns IKTÖ syýasatyny döretmek we dolandyrmak soraglaryna berilýär, hem-de bolsa milli syýasatyň, strategiýalaryň we çarçuwalaýyn strukturalaryň IKTÖ hemaýat berýän aspektleri boýunça möhüm maglumat teklip edilýär.
Modul 3 – Elektron hökümeti ulanmak
Elektron hökümetiň ýörelgeleri, amalyýetde ulanyşynyň ýörelgeleri we görnüşleri öwrenilýär. Bu ýerde elektron hökümetiň ulgamlaryny gurmak we taslamalaşdyrmak prosesiniň düşünjelerini kesgitlemegiň soraglaryna hem seredilýär.
Modul 4 – IKT-i ösdürmegiň tendensiýalary
IKT oblastynda häzirkizaman tendensiýalarynyň we ösüşiň geljekki ugurlarynyň derňewini saklaýar. Bu ýerde IKTÖ oblastynda çözüwleri kabul etmekde esasy tehniki we syýasy pikir ýöretmelere hem seredilýär.
Modul 5 – Internedi ulanmagy dolandyrmak
Internet toruny ulanmagy we peýdalanmagy düzgünleşdirýän halkara syýasatynyň we proseduralarynyň mundan buýanky ösüşine seredilýär.
Modul 6 – Informasion-torlaýyn howpsuzlygy we şahsy durmuşyň eldegirmesizligini üpjün etmek
Informasion howpsuzlyk oblastynda soraglara we tendensiýalara, hem-de bolsa informasion howpsuzlygy üpjün etmek boýunça strategiýany işläp düzmek prosesine seredilýär.
Modul 7 – IKT oblastyndaky taslamalary nazaryýetde we tejribeçilikde dolandyrmak
IKTÖ oblastyndaky taslamalara gatnaşygy bolan taslamalary dolandyrmak konsepsiýalary, şol sanda taslamalary dolandyrmak oblastynda giňden ulanylýan usullar, prosesler we düzgünler hödürlenilýärler.

## Modul 8 – Ösüş maksatlary üçin IKT-i maliýeleşdirmegiň wariantlary

IKTÖ we elektron hökümeti oblastynda taslamalary maliýeleşdirmegiň wariantlary öwrenilýärler. Ösýän ýurtlarda maliýeleşdirmegiň has peýdaly warianty hökmünde döwlet-hususy hyzmatdaşlygy şöhlelendirlýär,

Häzirki wagtda modullaryň ähmiýetliligini üpjün etmek we dürli ýurtlarda syýasaty işläp düzüjileriň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin Akademiýanyň milli hyzmatdaşlary tarapyndan ýerli tematiki ylmy barlaglar bilen bu modullaryň üstleri dolduryldy. Bu modullar dürli dillere hem terjime edildi. Ondan başga-da, syýasaty düzüjiler üçin olaryň aktuallygyny üpjün etmek, hem-de bolsa 21-nji asyryň IKTÖ-ne gönükdirilen täze modullary işläp düzmek maksatlary bilen, modullar regulýar esasda täzelenilip durlar.

IKTÖ AÝOM wirtual Akademiýasy (AVA – http://ava.unapcict.org)

- Akademiýada distansion okatmagyň Internet-platformasy
- Akademiýanyň ähli modullarynyň, şol sanda, wirtual umumy sapaklar, prezentasiýalar we tematiki ylmy barlaglar üçin onlaýn režimde elýeterliligi üpjün etmek işlenilip düzüldi.
- Okaýan şahslara öz seretmegi boýunça materiallary öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Bilelikdäki iş üçin IKTÖ-iň elektron merkezi
(e-Co Hub – http://www.unapcict.org/ecohub)

- IKTÖ oblastynda bilimleri alyş-çalyş etmek üçin resurs we torlaýyn portal.
- Modullaryň mazmunyna oňaýly elýeterliligi berýär.
- Ulanyjylar onlaýn režimde diskussiýalara gatnaşyp we e-Co Hub praktikleriniň Internet jemgyýetçiliginiň bölegi bolup bilerler, ol tejribäni alyş-çalyş etmek we IKTÖ oblastynda bilimleriň esasyny giňeltmek üçin gulluk edýär.

AVA we e-Co Hub tarapyndan berilýän hyzmatlardan doly ölçegde peýdalanmak üçin şu salgy boýunça hasaba alnyň: http://www.unapcict.org/join_form